**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**A.Magtymow, G.Nepesowa, D.Serdarowa**

# GEOGRAFIK ATLAR WE ADALGALAR

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin synag okuw kitaby**

**Aşgabat-2010**

**OUT 01.08/00-09**

A.Magtymow, G.Nepesowa, D.Serdarowa

Geografiki atlar we adalgalar. Synag okuw kitaby.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

2010-njy ýyl. – 176 sah.

*Syn ýazanlar:* geografiýa ylymlarynyň kandidaty, B.Çaryýew
geografiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent M.Hudaýýarow

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi.

Ýlmy redaktor: geografiýa ylymlarynyň kandidaty,dosent
T.Babaýewa

## Giriş.Geografik atlary we adalgalary öwrenmek.

Geografiki atlary we adalgalary öwrenmek dersiniñ esasy maksady geografik atlar, adalgalar baradaky maglumatlaryñ gelip çykyşyny, olaryñ haýsydyr tebigy şertlere hadysalara, şahsy adam atlaryna, ýerli agdyklyk edýän tebigy agzalara we beýleki birnäçe sebäplere mahsuslyk derejesini kesgitläp öwrenmekden ybaratdyr.Geografik atlara niýetlenen ylyma toponimika diýärler. Toponimika sözüniñ manysyny, onuñ haýsy ylmy ugura degişlidigine kesgitläp, şol ylymdaky tutýan ornuny, bölümine kesgitläp, şol bölüme degişli bolan geografik atlaryñ wagt, hadysa (tebigy we jemgyýetçilik) hem-de durmuş talaplaryna laýyklykda özgerişleri, şu günki geografiýa ylmynda tutýan orny, durmuş ykdysady pudaklaryñ ýerleşdirilmeginde, ösdürilmeginde ýetirýän täsiri barada maglumatlary toplamakdan we düşündirişli seljeriş bermekden ybaratdyr.

Bu dersiñ okadylmagynyñ maksadyndaky orun eýeleýän ýene-de bir mesele kartografik toponimika ugrydyr. Bu ugurda üns berilýän mesele ozaly bilen gadymy geçmiş taryhy döwürlerden tä şu güne çenli düzülen kartalardaky geografik atlaryñ asyl nusga gelip çykyşlary, olaryñ wagt birliginde özgerişleri, ýa-da şol bir sebitde ýaşaýan

halkyñ,milletiñ üýtgemegi, ilatyñ durmuş ýagdaýynyñ özgermegi we beýleki sebäplere görä geografik atlaryñ üýtgeýşini, ýoýulyşyny kartalar düzülende, düzüjileriñ ýa-da olaryñ ýolbeletleriniñ sebäpkärliginde karta geçirilişiniñ ýagdaýlaryny öwrenmekden ybaratdyr. Bu meselede ozaly bilen kartografiýa ylmyndaky, ýagny karta düzmekdäki esasy maglumat çeşmesi topografik kartalary taýýarlanylanda ylmy barlag işlerini alyp barýanlara baglylykda toponimleriñ nähili ýagdaýa düşýändiklerini öwrenmek esasy maksadalaýyk bolmagynyñ meseleleri öwrenilýändir.

Geografiki atlary we adalgalary öwrenmek dersiniñ esasy wezipesi ozaly bilen geograflara, kartograflara, taryhçylara, etnograflara, köpçüligine ýerli geografik atlaryñ haçan, nähili tebigy şertleriñ ýa-da taryhy hadysalaryñ, şahsyýetleriñ nirelerde bolanlygyny, galdyran yzlaryny, özgeren bolsa ol özgermäniñ sebäbini öwrenip, düşündirmekden ybartatdyr. Geografik atlaryň, ýagny toponimleriñ emele gelişleri boýunça içki böleklere: tebigy şertlere, agdyklyk edýän tebigy hadysalara, daşky şekiline, tebigy emele geliş ýagdaýyna, hojalyk ähmiýetliligine, taryhy geçmişimiz, şahsyýetleriñ atlary bilen baglanyşykly we beýleki sebäplere görä geografik at ýa-da adalgalar taryhlaryna bölünmekleriniñ sebäplerini mysallar arkaly düşündirmekden, subut etmekden ybaratdyr.

Geografik atlaryñ dürli dillerdäki döreýişlerine, taryhy döwürdäki antropogen hadysalaryñ, taryhy hadysalaryñ özgerişlerine görä atlandyryşynyñ, dürli milletler dilindäki atlandyrylyşynyñ ýerli tebigy ýagdaýa kybapdaşlygyny (ýoýulyşyny–"Sapyngora"), lingwistik özgerdilendigini ýa saklanyp galandygyny öwrenip subut edip, düşündirmekden ybaratdyr. Bu dersiñ esasy wezipesiniñ ýene bir tarapy, taryhy döwürlerde düzülen kartalarda şol bir ýer-ýurduñ, landşaftyñ atlandyrylyşynyñ kartalara geçirilendäki ýagdaýlaryny deñeşdirip, seljermek usullarynyñ kömegi bilen asyl nusga mazmunyny ýüze çykarmaga ymtylmakdyr.Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllarynda kartalardaky atlaryň ýoýulyp ýazylanlaryny düzetmegiň – olaryň asyl nusga şekiline, manysyna gaýtaryp getirilmegi ugrunda köp işler amala aşyryldy we entegem dowam edýär.

## § 1.Geografik atlaryñ ylmy ulgamda tutýan orny.

Geografik atlar dünýa ylymy geografik dilinde 'toponimler" diýp atlandyrýar. 'Toponimika' - grekçe "topos" – ýer, ýurt, belli bir çäk, geografik ýerleşişi boýunça we daşky şekili boýunça tapawutlanýan yer we "onima" – ady at atlandyrylyşy" diýilýän sözleriñ goşulmagyndan emele gelen goşma söz, adalga.

1. Ýer togalagynyñ haýsydyr bir sebitindäki geografik atlaryñ jemini añladýan, olar baradaky düşünjäniñ çözgüdini añladýan, olar baradaky düşünjäniñ çözgüdini añladýan mazmundaky beýan ediji ýazgynyñ dilden aýdylýan maglumatlaryñ bir bütewilikdäki atlandyrylyşy.
2. Onomastika ylmynda bir bölüm, ýagny hususy we geografik atlar baradaky maglumatlary beýan edýän we düşündirýän ylmy bölüm.

1. hususy atlar bölümi – Antroponimika, toponimika

2. leksikologiýa bölümi hususy atlary öwrenýän bölüm.

3. Antroponimika – antropo we grekçe – onyma – at diýen sözlerden emele gelen – getirilen ylmy düşünjedäki adalga.

   Onomastikanyñ bir bölümi bolup adamlaryñ atlarynyñ döreýşi (gelip çykyşy) mazmuny üýtgeýşi, geografik taýdan ýaýraýşy, durmuş ýagdaýlaryna baglylygy we beýleki birnäçe aýratynlyklary boýunça tapawutlanyşlaryny öwrenýän ylym.

Şu ýokarda getirilen maglumatlardan görnüşi ýaly geografik atlary öwrenmek okuw dersi – toponimika ylmynyň esasynda döredilendigi sebäpli ozaly bilen lingwistikanyñ,

ýagny söz hakyndaky ylymyñ aýrylmaz bölegidir. Bu ylym lingwistikanyň aýyrlmaz bölegi hasaplansa-da, dil biliminiñ özüniñ tebigy – ýagny adamzadyñ döräli bäri özüni gurşap alýan tebigata düşünişinden emele gelenligi üçin, geografik düýp esaslydyr. Şoña görä-de bu ylmy ugurda geografiýanyñ – ähli tebigat ylymlarynyñ, jemgyýetçilik we gumanitar ylymlarynyñ usullary ulanylýanlygy üçin ortalyk mazmundaky ylym hasaplasa bolar.

## §2.Tebigat ylmynda ilkinji çeşmeler. arheologlara, we bilesigeliji halk

Adamzada mälim bolan ylymlaryň hemmesiniň özboluşly başlangyjy bar. Ähli ylymlaryň gözbbaşynda bolsa adamynyň Ýeriň tebigatyndaky hadysalary synlap, oňa düşünişiniň, ony gorap, öz aňynyň ýetdigiçe kabul edip bilişi ýatyr. Şonuň üçin hem adamynyň Ýeriň tebigatyny, Ýeriň töweregindäki asman jisimlerini, olaryň aralyk hem wagt birligindäki özgerişini, şekilleriniň üýtgeýşini synlap, dürli hadysalaryň özarabaglanşyklaryny, özara täsirlerini, özara gatnaşyklaryny seljerip bilmäge ymtylyşyndan ilkinji ylmy düşünjeler başlanypdyrlar.

Adamlaryň Ýeriň tebigatyna düşünişleri ilki bada örän ýönekeý, sada kä halatlarda hakykatdan daşda bolsalarda ol

düşünjeler, garaýyşlar ýüzlerçe, müňlerçe ýyllaryň dowamynda özgerdilip ösdürilip, nesilden-nesile timarlanyp geçirilipdir. Olaryň kä birleri irki geçmişde adamlaryň aňynda şeýle ýokary derejede tebigy döreýşine, häsiýetine, dolanşygyna, mahsus çözgüt tapypdyr. Hatda şu günki ylmyň ösen derejesinde-de ol halk düşünjesinden dörän netijäni başgaça düşündirip ýa-da ösdürip bolmaýar.

Adamzadyň ýiti aňynyň Ýeriň tebigatyna göz ýetirişinden, ony synlap,seljerip netije çykaryp bilişinden ähli ylmy ugurlaryň başlangyjy Ýeriň tebigaty baradaky ylym-geografiýa başlanypdyr. Beýleki ylymlar ýagny tebigat, jemgiýetçilik we gumanitar diýilýänleriň hemmesi şol başlangyçdan bölünip çykandyrlar, soňra özbaşdak ylmy ugurlar bolup ösendirler. Mysal üçin: matematika Ýeriň ýüzündäki we Ýere golaý asmandaky jisimleriň, hadysalaryň aralyk ýa-da wagtbirlikleriniň ölçeginden, mukdar birlikleriň hasaplamalaryndan başlanan bolsa, fizika ylmy şol öwrenilýän jisimleriň tebigy fiziki gurluşyna şekillerini, häsiýetlerini öwrenmekden başlanypdyr. Himiýa bolsa Ýeriň tebigatyndaky bar bolan jisimleriň içki syrlaryny-himiýasyny, ol jisimleriň durkundaky, düzümindäki bölekleriň birleşenindäki ýa-da bölünendäki bolýan hadysalary, ýagny şu günki ylmy garaýyş bilen aýdanyňda himiki durkuny öwrenip, özbaşdaklyga

ýetipdir. Beýleki tebigy ylmy ugurlar geologiýa, geomorfologiýa, klimatologiýa, meteorologiýa, gidrogeologiýa, gidrologiýa, biologiýa, medesina we beýlekiler, sol sanda olaryň çäklerinden çykan pudaklaýyn ylymlaryň barysy hem ilkinji başlangyç gözbaşyny geografiýadan alyp gaýdýandyr.

Adamzadyň tebigata düşünişini beýan etmek bir-birleri bilen gatnaşygyny ýola goýmak üçin dil sözleşik gerek bolupdyr. Sözleşikde ulanylýan ses, owaz birleşmeleriniň iň gadymylary bir bogunly bolupdyr diýsek hakykata ýakyn bolar. Sebäbi hut häzir hem dil bitmedik çagalar ilkinji sesleri diňe bir bogundan başlaýarlar. Şeýle-de Ýer ýüzünde iň gadymy dilleriň biri bolan türki-türkmen dilinde-de köplenç düýp sözler bir bogunlydyrlar. Adamynyň aňly ýaşaýşa başlan döwründe ilkinji aň ýetirişinde özara meňzeş häsiýetli zada bir at dakanlygyny görýäris.

Meselem: “Ot” ýerden çykyp ýokary ymtylýan köp şahalanýan – ýapraklanýan ösümlikleriň umumy ady. Olar tiz ösýärler we ýeriň üstündäki beýleki zatlaryň (hemişelik bir görnüşdäki zatlaryň üstüni örtýärler (duşundan geçýärler). Şol söz bilen bir meňzeş emma ö sesini uzaldyp aýtmak bilen aňladylýan “oot” sözi eýýäm ýanýan ody aňladýar. “oot” hem “ot” ýaly çalt ýokary hereket edýän, köp şahalanýar, ýapraklanýar. Olaryň ikiside ýeliň ugryna egilip-gyşaryp

ýene-de dikelip hereket edýärler. Şol meňzeşlikleriň bolmagy bulary aňlatmak üçin bir meňzeş seslerden ýasalan bir bogunly sözüň ulanylmagyna sebäp bolandyr. Emma ikinjisiniň ýiti ýandyryjy häsiýetini aňlatmak, ondan seresap bolmagy duýdurmak üçin ondaky çekimli sesi süýkdirip-uzaldyp aýdandyrlar. Şu mysaldan görnüşi ýaly, ilkinji sözler hem Ýeriň tebigatynda bar bolan zatlara at dakmak, olary sypatlandyrmak ýa-da häsiýetleriniň seljerilmeginden döräpdir. Beýleki "Gumanitar" diýilýän ylmy ugurlara, gönüden-göni adamynyň tebigata akyl ýetirişiniň subutnamasy bolup, adam aňynyň önümliligi jedelsizdir.

Jemgyýetçilik ylymlary, adyndan belli boluşy ýaly adamzadyň arkaba-arka umumy şärikli durmuşy emele getirip ösdürmegine bagyşlanandyr. "Taryh" diýileninde her ylmy ugryň öz taryhy, adamzat jemgiýetiniň aralyk we wagt birligindäki geçen ýoly, şeýle-de Ýer togalagynyň döräli bäri başdan geçiren ähli hadysalaryny öz içine alýan manydaky sözdir. Şoňa görä-de "taryh" ylmy haýsy zadyň geçmişini öwrenýänligine garamazdan öz gözbaşyny ýeriň tebigatyndan ýagny Ýeri öwrenmekden "Geografiýadan" başlanýandyr.

"Geografiýa" näme? Türkmen diline ilki başda gadymy grek dilinden, soňra rus dilinden gelen bu sözüň manysy geo-ýer, grafiýa-ýazýaryn diýilip terjime edilýär, we ýeriň

tebigatyny öwrenip ýazmagy aňladýar manyny berýär. Häzirki wagtda “Geografiýa” ylmyna: tebigy we önümçilik çäkleriň toplumyny, olaryň agzalaryny öwrenýän hem tebigy hem-de jemgiýetçilik bölümleri bolan köptaraplaýyn şahalanan ylymlaryň utgaşykly ulgamy hökmünde garalýar. Bu ylymyň tebigy ugryna fiziki geografiýa; jemgiýetçilik bolsa ykdysady geografiýa diýilýär. Olaryň her haýsysy-da öz gezeginde birnäçe böleklere bölünýärler.

Şeýle çylşyrymly ylym ilki başda nähili we nämeden başlandyka? Adamlar entek diňe ýaşaýyşyň aladasy bilen özlerine iýmit gözläp, sowukdan, ýyrtyjy haýwanlardan ýa-da islendik beýleki howp-howatyrlardan goranyp ýaşamaga mejbur bolup ýörkäler, olar hiç hili ylym barada aladalanmalydyr hem öýtmändirler.

Emma görýän zatlaryna seljeriş berip at dakmagy ýa-da sypatlandyrmagy welin başarypdyrlar. Bu hili başarnyklar barada maglumatlary iri sebirlere gadymy geçmişden bäri dakylan atlaryň ýitmän şu günki güne çenli gelip ýetenleri mysal bolup bilýär. Olar biziň günlerimizde geografiýa ylymynda-da şol ilkinji döreýşi ýaly ýa-da wagt geçmegi bilen özgeren görnüşinde ulanylýar.

Eger-de şu babatda mysal gerek bolsa, Ýewraziýada gury ýer böleginiň iň iri tebigy sebitleriň biri Sibirdir.

“Sibir” diýilip atlandyrylýan umumy geografiki sebite Günbatar Sibir pesligi, Orta Sibir tekiz belentligi, Gündogar Sibir daglyklary, Baýkal töwerekleri, Uzak Gündogar, Amur boýy we beýleki ýerleriň bary degişli bolupdyr. Bu söz türkçe-türkmençe aýdylanynda “Sibr” diýilip “b” harpy bilen “r” harpynyň arasynda çekimli ýok edilip aýdylýar. Şu görnüşde beýleki türki dillerde-de (gazak, tatar, başgyrt, özbek we beýlekilerde-de) ulanylýar. “Sibr” sözi şol görnüşinde tatar, gazak dillerinde süpürmegi aňladýar. Olar bir ýeri süpürmeli bolsa “Sibrip jiler” diýip ýüzlenýärler.

Eger “Sibr” sözüniň manysy “süpürmek” bolsa onda biziň ata-babalarymyz nämäni göz öňünde tutyp bu ýere beýle at dakdylarka? Ýokarda sanalan ýer-ýurtlaryň hiç biri hem geologik emele gelşi ýer üstiniň gurluşy ýa-da başga göze görnüp duran tebigy alamatlary boýunça bir-birlerine meňzemeýärler. Şonda-da Ural daglaryndan Ýuwaş okeana çenli aralygy tutup üç-guraksyz giňişlige we uzaklyga bir at “Sibr” diýip dakypdyrlar. Ata-babalarymyz ýalnyşaýana däldirlerdä herna?

Ata-babalarymyz bu dürli geologik emele gelişli, bir-birine meňzemeýän ýer üsti gurluşly, toprak, ösümligi hem haýwanat dünýäsi bir-birine meňzemeýän ýerleriň hemmesine bir sydyrgyn mahsus bolan tebigy hadysanyň

barlygyny görüp, ony arkaba -arka synlap, seljerip şol ady dakypdyrlar.

Eger “Sibr” sözi gadymy türki dilde süpürmegi aňladýan bolsa ol sözi şu gün hem türki dillerde janly-ulanylýan bolsa, onda gadym döwürde ýaşap geçenlerimiz, göz öňünde tutulýan çäklerdäki gyşyna gar sowuryp öwüsýän güýçli ýeli göz öňünde tutandyrlar. Bu ýerleriň tebigatynda hemmesine deň derejede mahsus bolan gyşyna has güýçlenýän demirgazyk ,demirgazykdan- günorta,günorta-günbatara öwsýän, ýere düşen garlary süpürip duran ýeli göz öňünde tutandyrlar. Hakykatdan hem ýylyň köp böleginde dowam edýän gyş paslynda sowurgynly günleriňň agdyklyk edýänini gören islendik adam bu çäklere “Sibr” diýip at dakar. Şu ýerde Sibiriň ýerli halklary, galyberse-de gazaklarda-da ýany-ýakynlarda hem bu çäklere “ibir-zibir” hem diýipdirler. Ibir-zibiriň hem manysy syryp-süpürmegi, dargatmak, dürli tarapa çalt hereketlenip pytramagy aňladýar ahyryn. Şeýlelik-de “Sibr” diýilen adyň şeýle giň hem dürli şekilli ýere dakylmagynyň düýp sebäbi bu ýerlerde bir tebigy agzanyň howa-klimat şertleriniň meňzeşliginden gelip çykypdyr. Ähli çäklere deň derejede mahsus bolan agdyklyk edýän tebigy şerte görä-de biziň ata-babalarymyz bir bitewi at dakypdyrlar.

Ýokardaky mysalda dürli geografiki häsiýetli aýratynlyklary bolan ýerlere tebigy agzalaryň biriniň agdyklyk edýänligi üçin bir at dakylýanlygyny görýän bolsak, başga bir mysalda onuň tersine şol bir ýere dürli at dakylanlygyny hem bellemek gerek. Meselem häzirki Ural daglaryna gadymy geçmişde "Ref" ýa-da Rif diýilenligi hem mälimdir. Gadymy türki dilde Ref ýa-da Rif sözi ulanyldymyka? Eger ulanylan bolsa ol nämäni aňladýarka? Bu sowallara jogap bermek üçin ilki bilen biz öz halkymyzyň geçmiş döwründe döredilen eserlere göz aýlamaly bolýarys. Şol gözleg bizi Annagylyç Mätäjiniň Abadan atly obadaş aýalyň iki oglunyň bir günde, obasyny-ilini goramakda bolan söweşde gurban bolanlygyna ýürek ýangynyny beýan edip döreden elegiýasynda görýäris. Bu elegiýany Mätäji Abadan daýzanyň öz adyndan Galdym weýran dünýäde diýip ýazypdyr. Onda şeýle setirler bar:

"Goşa balamyň ady Gandym bilen Esendir,
Biwagt ajal tygy ýürek bagrym kesendir,
Misli hazanyň ýeli Ref-Ref kimin ösendir,
Taýly çyragym söndi, galdym weýran dünýäde."

Şu ýerde bu pajygaly wakany beýan etmek bilen, Mätäji ýyl paslynyň çalşygynda giçki güýz günlerinde hazan wagty demirgazyk-gündogardan ösýän bar gök ot-çöpleri doňdurýan,

mala-gara ýakymsyz, adamlaň uly alada goýan güýçli sowuk ýeliň jana kast edijiligini jaýdar deňeşdirme hökmünde ulanypdyr. Şol ýakymsyz sowuk şemalyň ata-babalarymyzdan galan adynyň bolsa Ref-Ref-ligini bize ýeter ýaly aýdyp goýupdyr.

Ynha şu edebi miras bize häzirki Ural dagyna gadymy geçmişde näme üçin “Ref” diýilenliginiň çözgüdini tapmaga kömek edýär. Ref sözini oglankak ýaşulylarymyz çagalary üýşirip aýdyp berýän ertekilerinde-de eşidýärdik. Emma eşidileni ylymda ulanyp bolmaýanlygy üçin ýazylyp doldyrylan mirasymyza ýuzlenmeli bolýar. Ol ertekilerde symrug guş iň arassa, päk göwünli batyr hem edermen ýigidi ganatlarynyň arasyna mündirip geçip-gelip bolmaýan Ref dagynyň üstinde uçup geçip ol pälwanyň uly il-halk ähmiýeti iş bitirmegine ýardam edýänligi barada gyzykly gürrüň bardy. Görüşimiz ýaly “Ref” sözi gadymy türki dilde sowuk ýelli, buzly ýurdy ,ýeri aňladypdyr.

Ata-babalarymyz bu daga näme üçin Ref diýdilerkä? Onuň sebäbini geografiýa, paleogeografiýa, geologiýa, arheologiýa ýaly ylymlardan gözlemeli bolýar. Geografiýadan her bir bölek çäkli ýeriň özüne mahsus emele gelişini, emele geleninden soňky başdan geçiren hadysalaryny, ösüş aýratynlyklaryny hasaba alyp öwrenýän “landşafty öwreniş”

ýagny “tebigy çak toplumlary” öwrenýän ylym bar. Şoňa görä-de geografiýanyň bir şahasy gyzyklanylýan ýeriň gadymy geologik geçmiş döwürlerde nä şekildeligini öwrenýän paleogeografiýa hem-de geologiýa ylymlary bir agyzdan häzirki Ural daglarynyň günorta çäkleriniň hem mundan 13-15 müň ýyl ozal buzuň aşagynda bolanlygyny tassyklaýarlar. Ol buzlar 13-10 müň ýyl mundan ozal günortadan demirgazyga ýuwaş-ýuwaşdan çekilip eräp gidipdir, 8-5 müň ýyl mundan öň bolsa ol ýerler, ýagny Günorta Ural diýilýän sebitler sähralyga öwrülipdirler. Şu hadysalaryň tebigatda bolup geçen wagtyny biziň ata-babalarymyzdan bolan skifleriň şol sebitlere ýetip, ýaşap başlan döwürlerini, arheologik gazuw işleriň netijelerine görä seljerip görseň gabat gelýärler. Häzirki Ural dagyna biri Ref diýip at dakan bolsa, ol ýerler buzdan boşanlaryndan soň ilkinji baranlar hem Skifler bolsa onda olar, türki halk eken we ýerli tebigy şertlere görä dogry at dakan ekenligini görýäris. “Ref” dagy ýagny sowuk buzly, doňdurýan dag diýmegi aňladypdyr.

Ural daglary tutuşlygyna buzlardann halas bolansoň onuň tebigy şertleri öňki adyna kypapdaş bolmandyr. Sebäbi indi onuň tutuş buz örtügi ýok. Şonuň üçin hem indi oňa başga at dakmak zerurlygy ýüze çykýar. Şol döwürlerde bu ýerlerde ýaşan türki dilli ilat dag dersiniň demirgazykdan günorta

uzalyp, giňäp gidýänligini görenlerinde oňa “Oral” ýagny şu günki dilde aýdylanynda “guşak” diýen manyny berýän gadymy türki sözüni ulanypdyrlar. Ural dagynyň şeýle uzakaralyga süýnip ýatanyny synlan gadymy adamlar ony dilden çözülip taşlanan guşaga meňzedipdirler we oňa “Oral” Guşak diýip at dakypdyrlar. Bu dag ulgamyna häzir hem Günorta-Günbatar Uralda ýaşaýan bize doganlyk halk bolan Başgyrtlar “Oral” diýýärler.

Emma şol daga häzir bütin Ýer ýüziniň halklary “Oral” dälde Ural diýýärler. Onuň sebäbi nämedenkä?

Öňki dakylan atlaryň ikisi hem adamzat taryhynyň has irki döwürlerinde Ural sebitlerine gelen türki dilli halklaryň döredip bize galdyran maglumatlarydyr. Ural dagynyň häzirki hemmeler tarapyndan ulanylýan ady megerem ýer-ýüzinde ilkinjileriň biri bolup metaldan gural ýasap başlan, daşlardan gymmat bahalysyny bezeg üçin ýaramlylaryny saýlap başlan bürünç, demir asyrlary diýilýänn taryhy döwürlerde şol sebitlerde ýaşan ata-babadaşlarymyzyň dakan ady bolsa gerek. Sebäbi bu dag dürli metal we metal däl gazma baýlyklara örän baý. Ol baýlyklar owranan dag jynslarynyň iinde ýeriň ýüzünde ýatanlyklary üçin, olary owradyp, gerekli bölegini alyp bolýalygy üçin oňa “Ural” diýip at dakandyrlar. Biziň bu pikirimiziň dogrylygyna şaýatlyk edýänn zat hem bar. Tatar

halk döredijiliginde, gadymy folklora degişli bir aýdym häzirki “Ural” diýip atlandyrylýann daga degişli. Şol aýdymda “Ural” sözi bir bitewi görnüşde aýdylman “Ur alym meniň” diýilip aýry sözler görnüşinde aýdylýar. Şol aýdymyň ady-da “Uralym meniň” diýilýär.

Ýewraziýanyň çäklerinde bulardan başga-da örän köp sanly irili ownukly sebitleriň ýa-da beýleki geografiki ýer-ýurt atlarynyň diňe türki dilde düşündirip bolýanlary örän köpdir. Bu iri sebitleriň atlary ýerli geografik şertleriniň tapawutly aýratynlyklaryna gabat gelýändikleri bilen örän gyzyklydyr we ylymda ilkinji çeşmeler hökmünde ulanmak maksady bilen öwrenilmegi zerurdyr.

Ýerleri tebigy şertlere görä geografik atlaryň dakylmagynyň häzirki zaman geografiýa ylmynyň talabyna regional tipler laýyklygy. Dag, daman, etek, ala, tüm, takyr, şor, barhan.

“Adamzatdyr ähli mahlyklar başy,
Zyýadadyr onuň akyly huşy,
Dünýä togalagy bir altyn ýüzük,
Adamzatdyr onuň zynaty gaşy.”

**Omar Haýýam**

Adam aňly düşünjeli bolansoň töwerekdäki bolýan hadysalara,umuman görýän zatlaryna akyl ýetirip netije çykarmaga ymtylypdyr. Şol ymtylyş hem belli bir garaýşyň, umumy ykrar edilen çözgüdiň döremegine getiripdir.

Biziň Oguz Han neslinden bolan türkmenlerimizde, umuman ähli türki dilli halklarda kert çykyndyly has belent, ötmesi-geçmegi kyn bolan ýer üstlerine "Dag", ("Tan", "Taý", "Tag") diýip at dakypdyrlar.

## §3.Taryhy geografiýada geografik atlaryň tutýan orny

Geografiýa- iň gadymy we iň täsin ylym.Adamzat Ýeriň tebigatynyň bir agzasy bolup, döräli bäri özüne berilen aňyň mümkinçiligine görä töwerekdäki hadysalara göz ýetirmäge ymtylyp gelipdir. Şol ymtylyşyň netijesinde-de her bir tebigy agzalaryň ownujak bölekleride, hadysalaryň üýtgeýişleri-de adamlarda özboluşly täsir galdyrypdyr, duýgy döredipdir.Şoňa görä-de adamlar öz ýaşaýan ýerlerindäki tebigy şertlere, agzalara, belli bir çäkdäki ýerli aýratynlyklara, olaryň tebigy özboluşlylyklaryny synlamagyň üsti bilen hut şol ýere mahsus at dakyp bilipdirler (çöl,sähra,takyr,tüm,tundra-tündirä,tokaý we ş.m.). At dakmak diňe bir Ýeriň tebigatynyň agzalarynyň häsiýetli aýratynlyklaryna görä däl, eýsem,halklar, taýpalar


TÜRKMENISTANYŇ GAZYLYP ALYNÝAN TEBIGY BAÝLYKLARY
GAZAGYSTAN
ÖZBEGİSTAN
GARAGALPAGYSTAN
ÖZBEGISTAN
GYZYLGUM
ÜSTÝURT PLATOSY
ÜÑÜZ ANYRSYNDAKY GARAGUM
MERKEZI GARAGUM
GÜNORTA-GÜNDOGAR GARAGUM
HAZAR DENZI
KÖPETDAG
EÝRAN
OWGANYSTAN
NUKUS
KÖNEÜRGENÇ
DAŞOGUZ
ÜRGENÇ
HYWA
TÜRKMENBAŞY
BALKANABAT
HAZAR
SERDAR
BEREKET
AŞGABAT
ÄNEW
BAHARLY
TEJEN
MARY
BAÝRAMALY
ÝOLÖTEN
SERHETABAT
SEÝDI
TÜRKMENABAT
BUHARA
SAMARKANT
GARŞY
ATAMYRAT
MAŞAT
ETREK
ESENGULY
ŞERTLI BELGILER
BEÝIKLIK GORIZONTLARY
DERÝALAR
DÖWLET ARAÇÄKLERI
WELAÝAT ARAÇÄKLERI
ETRAP ARAÇÄKLERI
DEMIR ÝOLLARY
AWTOMOBIL ÝOLLARY
ÇÄGELI ÇÖLLER
ŞORLUKLAR
SUW HOWDANLARY
GURULÝAN SUW HOWDANLARY
LABIK WULKANLARY
GORAGHANALAR
ILATLY ÝERLER
PEÝDALY GAZMA BAÝLYKLAR
GAZ
NEBIT
NEBIT WE GAZ
KÖMÜR
KÜKÜRT
ÝOD WE BROM
NAHAR DUZY
KALIY DUZY
GLAUBER DUZY ( MIRABILIT )
-28 0 100 200 300 500 1000 1500 2000 3000 M
50 0 50 100 km

hem bir-birlerine at dakypdyrlar. Belli bir topar adamlaryň,taýpalarynyň ýaşaýan ýerlerine olaryň ady bilen, hojalyk pudaklary bilen baglanşyklylykdaky atlary hem dakylypdyr.Käte tersine belli bir topar ilata olaryň ýaşaýan ýeriniň adynyň dakylyp pylan ýerliler (Änewli-Ab-e-now-täze suw) diýip taýpa-topar atlarynynyň döränligi hem mälimdir.

Müňlerçe ýyllaryň geçmegi bilen bir ýerde ýaşaýan halklar, taýpalar başga ýere göçüpdirler, ýerli taýpalar bilen garyşypdyrlar, bu hadysa bolsa öz gezeginde dürli-dürli däp-dessurly, dürli durmuş-ykdysady derejeli halklaryň her bir ýerlere özleriçe at dakmaklaryny , şol atlaryň bolsa soňky gelen halkyň dilinde düşündirip bolmaýan nusgada saklanyp galmagyna getiripdir. Meselem “Farab”,”Saýrab”-(suw bölen-kesen,aýry suw) we ş.m. arap ,pars dilindäki atlar bolup araplaryň bu ýerlerde bolanlygyna şaýatlyk edýär.Şol atlar bilen atlandyrylýan ýerler bolsa Türkmenistanda ýerleşýär.

Asyrlaryň dowamynda, ýeterlik derejede çylşyrymly gelip çykyşy bolan,syrly, kä halatlarda düşündirmesi kyn bolan köp sanly geografik atlar emele gelipdirler.Şoňa görä-de olary öwrenmegiň zerurlygy ýüze çykyp, täze bir ylmy ugryň döremegine getiripdir.

Şeýle bolansoň “Geografiýa” diýp atlandyrylýan,örän giň mazmunly, ähli ylmy ugurlaryň gözbaşynda duran ylymdan toponimika (geografik atlar baradaky) ylym bölünip çykypdyr.

“Toponimika” sözi grekçe (topos)- ýer, belli bir ýer, we opita(onuma)- at, ýagny haýsydyr bir çäkli ýeriň geografik ady diýen mazmundaky goşma sözden ybarat bolup, ol atlaryň diňe geografiýa dahyllylaryny öwrenýän (beýleki hilli atlary öwrenýän umumy atlar baradaky ylyma “Onomistika” diýýärler) ylmy ugurdyr.

Geografik atlar-toponimler gelip çykyşlary aňladýan zatlary, mazmuny, dörän döwri, ady dakan halkyň dil aýratynlygy, tebigy hadysalara, ýer üstindäki aýratynlanýan birliklere, tebigy şertleriň agzalaryna düşünip bilişleri, olary sypatlandyrmaga bolan ukyplary we başga-da ummasyz köp sebäplere görä, örän dürli –dürli bolup bilýärler.

Bu barada biziň belli toponimçi alymymyz Soltanşa Ataniýazow “Geografik atlar halk döredijiliginiň özboluşly nusgasy bolup, her bir toponim ony döreden halkyň tebigata bolan synçylygynyň, durmuşa gözýetiminiň, döredijilik talantynyň, ylmy düşünjesiniň, fantaziýasynyň önümidir”(Türkmenistanyň toponimik sözlügi. Aşgabat-1970) diýip örän takyk belläpdir.

Toponimleriň kä birlerini yzarlap başlasaň, ol, özboluşly bir taryhy wakalaryň, hadysalaryň, içine alyp gitse, beýleki birleri tutuş bir halkyň taryhy geçmişi barada maglumatlaryň üstünden alyp barýarda, taryhy öwrenijilere kömek edýär. Ýene birleri ýerli tebigy şertleriň görnetin tapawudyny ýa-da haýsydyr bir tebigy agzanyň belli bir çäkde agdyklyk edýän täsirini aňladýan ýa-da häzirki wagtda ol tebigy agza beýlekilerden tapawutlanmaýan bolsa-da, geçmişde bolan tebigy ýagdaýy suratlandyryp, tebigaty öwrenijilere örän gymmatly maglumatlary eçilýärler.

Şeýlelikde geografik atlar hem tebigaty öwrenijilere hem taryhçylara, etnograflara, dil bilimini öwrenijilere bahasyna ýetip bolmajak gymmatly ummasyz köp maglumatlaryň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bu ylmy uguryň ýene-de bir gymmatly tarapy onuň, gumanitar , jemgiýetçilik, we tebigy ylmy ugurlarynyň ortasynda durup olary baglanşdyryp duranlygyndadyr.

Birnäçe geografik atlar barada ulyly-kiçili rowaýatlary, kä birleriniň düýbinde örän gyzykly folklor (iňlisçe folklor-halk döredijiliginiň dilden-dile geçip gelen nusgasy) maglumatlaryny tapmak bolýar.

Şu gysga söhbedimizde, käbir toponimler baradaky edebi çeşmeleriň okalmagy, ýerli ýagdaýlary öwrenmegiň netijesinde alynan maglumatlary okyjylara ýetirsek diýen niýetimiz bar.

Bize öz atlarymyzy  ýa-da geografik atlarymyzy ýoýman asyl nusgasynda “Aşhabad”-a derek Aşgabat,”Karakala” derek Garrygala ýa-da “Mahtumkula” derek Magtymguly diýmäge,ýazmaga,umuman ýerli geografiki atlaryň gelip çykyşy dogry teswirläp düşündirmäge ýol açan syýasaty öňe süren Hormatly Prezidentimize diňe bir türkmen ilimiz däl,eýsem ähli türki dilli halklar,olar bilen taryhy döwürlerden bäri goňşylykda ýaşaýan halklar,bilelikde minnetdar bolmalydyrys.

Sebäbi geografik atlaryň dogry ýazylyp,dogry öwrenilmegi  tutuş Ýewraziýa materiginiň taryhy geografik çeşmelerini dogry öwrenmegiň başlangyjy bolar.Bu guryýer böleginde ýaşaýan halklaryň,halkyýetleriň taryhy gatnaşyklaryndan köp habarlary berip,şu wagtky dartgynly,çekeleşikli hadysalaryň dowam edý günleri,olaryň bir-birine ýakynlaşmagyna,geçmişdäki dogan garyndaşlyk,gadyrly goňşyçylyk gatnaşyklaryň mysalynda,birek-birege geçirimliligiň,parhlylygyň ähmiýetleriniň ulylygyna düşünmäge kömek eder.

Toponimler-geografik atlar öwrenileninde tutuş bir halkyň-türkmen halkymyzyň däl-de,türki dilli halklaryň köküniň baryp bir ýere birleşýändigini görkezýän maglumatlary hem tapmak bolýar.

Gadyrdan okyjy! Şol hili toponimleriň birine siziň bilen bile seredeliň. Şu niýet bilen biz,Ýer ýüzüne belli, hemme ýerde ady uly hormat we sylag bilen tutulýan, asyrlar geçdigiçe ýigdelýän, ähli özünden soňky ynsan nesline howandarlygy artýan bir şahsyýetiň şu ýagty jahana inderilen obasynyň,ýagny,Abu Ali Huseýin ibn Abdullah ibn Hasan ibn Alynyň-halk içinde Ibn Sinanyň,Ýewropada-Awisenanyň dogulan obasy Afşana ýa-da Afşinanyň adynyň gelip çykyşy baradaky maglumatlara seredeliň.

Diňe Merkezi (Orta) Aziýada däl,bütin dünýä ýüzünde gadymy merkezleriniň biri Mawrenhardaky (Syr we Amyderýa aralygyndaky) Buhara säheriniň eteginde ýerleşen Afşana obasynyň adynyň gelip çykyşy baradaky rowaýata öwrülip giden maglumatlara L.G.Saladzanyň dünýäniň beýik ynsanlarynyň biri Ibn Sina (türkmenler bu belent adamyň adyny Abyl Esen diýip hem tutupdyrlar) barada ýazan kitabynda getirýän delilleriniň we maglumatlaryň üsti bilen yzarlajak bolalyň.Oňa goşmaça tassyklaýjy delilleri bolsa

birnäçe beýleki edebi çeşmelerden, şol sanda W.W.Bartoldyň eserlerinden we E.Şeferiň işlerinden alyp ulanalyň.

Bu geografik at nähili syrlary asyrlaryň içinden geçirip,saklap,bize ýetirdikä ? Gadymy geçmişde muňa meňzeş söz,geografik at,ýa-da entonim halkyň,adamynyň ady boldymyka? Eger bolaýan bolsa ol nirede, haçan, nädip döredikä we nämäni aňladýarka? Şu soraglara jogaplary tapyp bilsek azabymyzyň ýerine düşdügi bolardy.

Afşana adynyň döremegine örän çuň we çylşyrymly taryhy wakalary öz içine alýan rowaýatlar bolup,olar biziň eramyzdan (sena başlangyjyndan-eýýamymyzdan) öňki 1764-nji ýyllardan başlanýar. B.e.ö.1764-nji ýylda hunlar güýçli daşky duşman bilen bolan söweşlerde ýeňilise sezewar bolýarlar. Olaryň gyrylman galan az sanly bölegi, kemeldilen halda, arkalaryny duşmana öwürip, Gobi çölünden geçip,Sibiriň günortalaryna gitmäge mejbur bolupdyrlar.Ençe ýüz ýyllar şol ýerlerde güzeran dolap b.e.ö.IV asyrda has güýçli topar bolup ýene-de öňki giden ýurtlaryna gaýdyp gelipdirler.Şondan soň ,ol ýerlerdäki beýleki halklaryň arasynda gysylyp girmek üçin ýene-de iki ýüz ýyl(200 ýyl) töweregi wagt gerek bolupdyr.Şondan soň iň oňat,akylly edermen,gahryman hunnuň dogulmagyna garaşmaly bolupdyrlar.

Şol wagtky hunnlaryň hany Tumyn goňşylary ýueçjelere(şu halkyň ady hytaý hronikasy-hytaý çeşmesinde berilişine görä berilýär.Tumyn hanyň halkynyň haýsy topara-taýpa (hunnlaryň haýsy bölegine degişliligi)belli däl.Olaryň öz atlary saklanyp galmandyr. Olaryň neslleri ýewropeid,ýagny,gök gözli, sary saçly bolupdyrlar diýen maglumat bar) üç ýyllyk öz ýurdyndan gideninde yzynda doglan ogly Modeni ýueçjelere girewine berýär.Onyň yzysüre-de olaryň üstüne gozýar.Bu hili hereket bolsa Modeni öldiren bilen barabar eken. .Emma Mode bir hili saý-sebäp bilen ölmän galypdyr.Şondan soň Mode goşunlaryna garap "Meniň ýaýymyň oky nirä uçsa siziň hem oklaryňyz şol tarapa uçmalydyr"diýip,özüniň iň oňat görýän atyny nyşanalap atypdyr.Duranlaryň köpüsi ýaýlaryny götermändirler. Mode olary jezalandyrypdyr. Soňra öz aýalyny ýaý çekýär,onda azyrak adamlar ýaýlaryny galdyrmaýarar,Mode bulary hem jezalandyrýar.Iň soňunda Mode öz atasy Tumine ýaý çekýär, şol wagtyň özünde-de galan topar esgerler hem ýaýlaryny çekýärler.Rowaýatdaky bu waka han bilen goşunuň bir bütewiligini suratlandyrmak üçin getirilen bolmaga çemeli. Tumini öldirjek bolsalar bir ýaýyň okyda ýeterlik bolardy, eger şeýle edilse, onda goşunyň içinde kimiň Mode wepalylygy kimleriň bolsa biwepalygy bilinmän galardy. Bu bolsa Modeniň

soňky hereketlerine päsgel bermegi mümkin bolan zatlaryň ýüze çykmagyna getirerdi.

Ynha şeýdip iň oňat hunn döräp,ol daşky duşmanynyň hem güýçlerini çym-pytrak edip,öz halkyna, öz watanyna Nýanşan daglaryny gaýtaryp berýar.Ol biziň eramyzdan oňki 202-nji ýylda öz goşuny bilen Beýik Hytaý diwaryndan geçip daşky duşmanlary uruşsyz boýun egdiripdir,we paç tölemäge mejbur edipdir.Beýle diýildigi ol duşmanlar Modeniň goşunynyň ýeňdirmejegine gözleri ýetip gyrgynçylygyň we ýumurulyşygyň önüni almak üçin boýun bolup,paç tolemäge razy bolupdyrlar.

Mode bolsa tölenen pajyny alyp yzyna tiz dolanypdyr.Onuň hem sebäbi,agyr leşger bilen baý ýurtda köp dursa,talaňçylyk boljagy iki uçsyz bolanlygy bolupdyr, ýagny öz goşunyna Hytaý halkyny talatman, ýönekeý halka azar-yza bermän basyp alan ýurdyndan çykyp gaýdypdyr.Ýerli halky talaňçylyga sezewar etmezlik üçin Mode öz goşunyny tiz yzyna dolapdyr. Bu boluşy diňe sähralylaryň aňrybaş adamkärçiliklililikleriniň, sahawatlylyklarynyň ýene-de bir şaýatnamasy diýip düşindirmek bolar. Şeýlelikde hunnlar Beýik Sähanyň galkany bolup, ol ýerlerdäki halklary daşarky talaňçylardan,ýyrtyjy ordalardan gorapdyrlar.

Emma b.e.ö.176-njy ýylda Beýik hunn Mode aradan çykanyndan soň daşary ýurtly basybalyjylar hunnlara 26-ýyllap tölän paçlarynyň aryny almaga başlaýarlar we100 ýylyň dowamynda gyrgynçylykly uruş alyp barýarlar.Hunnlaryň bu söweşlerde güýji asgyn bolupdyr we duşmanlar tarapyndan gyrylyp gutarylmagyna ýakyn gelipdir.Altaý daglarynyň jümmişinde gizlenip galan hunnlaryň ujypsyz bölegini-de duşmanlar yzarlap tapyp ýok edipdirler.Emma bir oglanyň elini -aýagyny çapyp,öldürmän taşlap gidipdirler.Ol oglany bir ene böri(gök böri-möjekleriň iň iri,akylly görnüşi) tapyp idedýär. Ol ene böri bilen oglanyň "nikalary"netijesinde,ol böriden on(10) ogul dogýar. (L.Saladze.Ibn sina,sah 38,A.Bekmyradow,Göroglynyň yzlary,sah.27).Şol gök böriden (möjekden) bolan on oglanlaryň biri has güýçli we edepli bolýar.Şolardan hem hunnlaryň täze Aşik atly halky başlanýar.

Hytaý dilinde "A"-adyň öňünden goşulýan goşulma bolup,ol sahawatlylygyň alamaty-aňladyjysy bolýar,"şino"-sözi bolsa türkmençä möjek- böri diýip terjime edilýar,şeýlelikde Aşino-Sahawatly möjek(böri)diýen manyny berýär.

Bu oglanlaryň nesilleri Aşinler 200 ýyl gowrak Altaý daglarynda önüp-ösüp köpelipdirler we b.e.316-njy ýylda gaýtadan dikeldilen hunnlar ýene-de daşky duşmanlar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar we Beýik Sährany goraýjylaryň wezipesini

öz üstlerine alypdyrlar.Olar daşky duşmanlaryň iki paýtagtyny basyp alyp olaryň imperatorlaryny-da ýesir alypdyrlar,olaryň goşunlaryny Huanhe derýasyndan Ýanszi derýasyna tarap kowýarlar.

Şol guwandyryjy hadysalardan 123 ýyl geçeninden soň 439-ýylda daşky duşmanlar has köp we güýçli goşun toplap iň soňky Hunn hany Muganyň goşunyny ýeňlişe sezewar edipdirler.Şondan soň Aşin han,hunlaryň serkerdesi Mugan Nanşan daglarynyň jümmişindäki bir derede-jülgede gizlenen bary-ýogy 500 maşgala baş bolup:"Ilimi nirä äkitsemkäm" diýip pikirlenmeli bolýar.Şol wagt ol gaçgak gullary,tozdyrylan beýleki halklardan bolan maldarlary daşyna toplap güýçli goşun döredip,daşky duşmanlaryň güýjini ýok edip hem biljek eken.Emma ol güýji döredäýse, olar töwerekdäki taýpalary talap wagşyýana hereketleri bilen sahawatly Hunn-Aşin halkynyň adyna,öz adyna-da ysnat getirjegini bilip,ol ädimi etmändir,saklanypdyr.Ýene-de bir çykalga,ol hem duşmandan aman diläp,onyň diýenini edip ýaşamak.Eger şeýle edäýse,daşky duşmana iň oňat ýigitlerini olaryň goşunçylygyna galan halkyny bolsa olaryň hyzmatyna bermeliligini bilip,ol ýoly hem kabul edip bilmeýar,ýagny, öz eli bilen öz halkyny gulçylyga,ýok bolup gitmäge sezewar etmäge bogny ysmaýar.

Şu hili pikirleri telim gezek kellesinde öwüren Aşin hany örän uly gahrymançylykly hereket edýär.Daşky duşmanlarynyň Nýanşan dagynyň weregini gabap duran gözegçileriniň gözlerinden ýaşyrynlykda öz halkyny daşky duşmanlaryň entek baryp bilmejek Altaý daglaryndaky hunnlaryň imperiýasynyň şugla saçýan iň soňky bölegine tarap alyp geçmäni başarypdyr.

Şu ýerde Altaýda mylaýymlygyň,çydamlylygyň, zähmetsöýerligiň, gahrymançylyk nusgasyny görkezip Aşin halky ikinji gezek gaýtadan döremeli bolýarlar.Ýuwaşlygyň,mylaýymlygyň nusgasyny görkezmekleriniň sebäbi sähranyň täze hojaýyny başbilmez Žužan Ordasynyň hereketlerine çydamlylygy, zähmetsöýerligiň nusgasyny görkezmek diýilende,ozalky adaty hünärleri çarwadarlygyň ýany bilen ekarançylygy hem metal eretmekligi öwrenip çörek gazanmaly bolupdyrlar.

Aşinler ilki 50 ýyl Žužanlaryň saýasynda olara gylyçdyr, ýaý okunyň uçlaryny guýup, ýasap berip ýaşapdyrlar.Soňra daşky duşmanlary öz çäginden çykarman saklap bilen hytaý ýüpegine öz mallaryny çalşyp parahat ýaşýan Tele halky talaňlara ymtylýan Žužanlary gysyp Huanhe darýasynyň goşantlaryndan Nýanşandan uly tigirli arabalara goşlaryny ýükläp göçüp Altaýa gelen Tele halkynyň saýasynda altmyş ýyl parahatçylykda ýaşapdyrlar.Tele halky parahatçylyk söýüji

türki halk bolupdyr.Aşinler bu halkyň türki dilini öňki sýanbiý dillerine derek, medeniýetini,kanunlaryny,etniki şekil aýratynlyklaryny özlerine siňdiripdirler we özleriniň täze atlary-týurkýutlar diýen ady hem alypdyrlar(L.Soladze,39 sah.).Şu ýerde bu halk örän uly güýç döredýär şoňa görä de"Güýçli"ady "Týurk"diýen ady alypdyrlar diýip ýazýarlar.Olaryň güýçli bolanlygynyň şaýady hökmünde şu hadysalary,ýagny şol döwrüň iň uly döwletleri bolan ýurtlar Hytaý we Eýran öz ilçilerini Aşinlere iberip aragatnaşyk saklamaga ymtylypdyrlar, 553-njiýylda týurkýut aşinler Žužanlaryň garşylygyny syndyryp(öňki Beýik Sährانyň eýesi we hemme halklardan öz resmi adynyň bolmagyny talap eden-tele-aşinlere-de týurk düýp sözüň yzyna sýanbiý diliniň"ýut"goşulmasyny goşduran Žužanlaryň)Hingana Amur derýasyna çykýarlar.558-nji ýylda bolsa Itil-Wolga derýasynyň çep kenaryna gelýärler.568-nji ýylda Buharanyň eteginde Sogdiana (Ibn Sinanyň geljekki watany)ugrundaky eftalitleriň garşysyna söweşi başlaýarlar.Uruş sekiz gün dowam edipdir,boýun egmezekler boýun egmezekleriň garşysyna çykýarlar. Eftalit halkynyň adynyň gelip çykyşy (eftalitler Sogdylaryň ata-babalary) barada alymlar (1959-nji ýyla çenli) ýüz elli ýyl iş edinipdirler. Ahyrda-da A.Semenowyň, Neldekäniň, Gutşmidtiň, L.Gumileriň we beýlekileriň irginsiz

zähmetleri, tagallalary bilen eftalitleriň hem týurkýutlaryň hem damarlarynda şol bir gan”tele” halkyna degişli boýun egmezlik “di” ”çidi” taýpalarynyň ganlary akýar eken.Ýöne eftalitler günortadan-demirgazyk Hytaýdan biziň eramyzdan öňki VII-asyrda gysylyp çykarylan Çidiler. Pamir töwereklerine biziň eramyzdan öňki XXV asyrlarda gelen ariýler (eýranyň asly halky) bilen garyşypdyrlar we Eftal derýasynyň jülgesi bilen Sogda (ýuegžeýleriň garşylygyny syndyryp) ýeňipdirler. Abu Ali Ibn Sina dogmazynda 400 ýyl ozal eftalitleriň patyşasy Kidarýa öz paýtagty edip Bolo(Balh) şäherini saýlapdyr.

Bu iki halkyň gelip çykyşylarynda bir tapawut,ol hem, týurkýut-aşinleriň damarynda gadymy hunnlaryň hem ganynyň barlygydyr (şol ýerde 41 sah).

Buharanyň eteginde 8 güne çeken uruşdan soň Týurkýut-Aşinler Sogdiananyň eýesi bolup Merkezi Aziýada hunn gany bolan aşinleriň-týurkýutlaryň döwleti ykrar bolýar.Şol aşinler öz şäherlerini “Aşin”diýip öz halklarynyň ady bilen atlandyrandyrlar diýilip çaklanylýar.Bu söz diňe şu teswirde düşünikli bolýarda horezmi ýa-da sogdi(terminlerinde) sözlerinde entek ony düşündirip bilýan,görnüşde ýa-da mazmunda söz duşmaýar.Buharanyň eteginde “Týurkan” ady bilen belli ýene-de bir oba bar. Belkem bu iki gadymy ýurtlaryň (ilat ýaşaýan ýer manysynda)bir bütewi taryhy bardyr?

Günbatar Týurk-Aşina halkynyň VII asyrdaky hany Helu baradaky maglumata E.Şeferiň işlerinde duşmak bolýar.Ynha şu rowaýatdan we taryhy çeşmelerden şaýatlyk etmeginden ugur alsak bir obanyň Aşin-Afşana obasynyň (häzirki wagtky)adynyň, ýagny bir geografik adynyň gelip çykyşynyň nähili taryhy-geografik gürriňi bar eken. Şonuň üçin hem geografik atlar öwrenilmeklerine mynasypdyrlar.

## §4.Orta asyr we giçki taryhy döwürlerde geografiki atlar.

Türkmenistanyň häzirki çäklerinde has gadymy döwürlerden bäri biziň ata-babalarymyzyň ýaşandyklarynyň subutnamalary näçe diýseň bar. Olaryň arasynda ýerli geografik atlar has ygtybarlylarynyň biridir. Munuň şeýledigini ozal hem telim ýola subut edip makalalar ýazylypdyr.

Şu gezekki söhbetimiz antik döwürlerden bäri biziň ata-babalarymyzyň ýurt tutup ýaşan sebitleriniň biri demirgazyk Türkmenistanda, ýagny Daşoguz welaýatynyň çäklerinde ýerleşýän Ödekgala barada bolar. Bu gala barada W.W.Bartoldyň saýlanan eserlerinde hem-de S.P.Tolstowyň "Gadymy Horezm siwilizasiýasynyň yzlary bilen" (По следам древне Хорезмской цивилизации) diýen işinde maglumatlar bar. Şol çeşmeleriň şeýle-de öz meýdan – barlag işlerimiziň,

türkmen geologlarynyň çap edilen edebiýat maglumatlarynyň esasynda Ödekgalanyň gurulan wagtynyň hem onuň ýerleşýän ýeriniň anyklanmagyna ýardam berjek pikirlerimizi beýan etjek köpler üçin gyzykly bolar tamamyz bar.

Ödekgala baradaky söhbede başlamankak “Ödek” sözüniň türkmen dilinde aňladýan many-mazmunlaryny seljereliň! Ozaly bilen bu sözi “ööt” uzyn çekilip aýdylýan “ö” harpy bilen aýytsak, at emele getiriji söz görnüşinde alsak, jandarlaryň (şol sanda adamlaryň hem) iýmiti bedene düşeninden soň, ony aşgazana eretmäge zerurçylyk bölüp çykarýan beden agzasy görnüşinde (at görnüşinde) kabul etmek bolýar. Öt haltasy diýilýän beden agzasynyň önümi. At görnüşinde bu söz ulanylanda “t” harpyndan soň goşulma goşulanynda köplenç halatda “d” harpyna – açyk çekimsize öwrülýär. Meselem “ödüni ýaraýma!”, ödi syzyldy “Gurt ödi” we ş.m.

Eger-de “ö” harpyny gysga çekip aýdanymyzda “öt” ýagny işlik emele getiriji – ötmegi aňladýan söz döreýär. Söz işlik görnüşinde ulanylanynda yzyna goşulma goşulanynda “t” harpy üýtgewsiz galýar, ýagny “d” harpyna açyk çekimsize öwrülmeýär. Meselem, ötmek bolmaz “Gyrat Arz çaýyndan ötdi”, “Tüni derýa senden garyp ötdimi?” we ş.m. ýa-da durmuş gatnaşyklarynda günä geçmekde-de, rugsat almakda-da

“ötmek” manysynda bu sözi ulanýarys. Meselem “günasini ötüpdir”, “hasyny ötäý”, “ötümini aldym” ýaly görnüşinde-de ulanylýar.

Mysallardan görnüşi ýaly – “öt” sözi türkmen dilinde şol bir görnüşde ýazylsa-da “ö” harpynyň aýdylyşy bilen baglylykda hem at hem-de işlik görnüşinde sözlemde ulanylýar eken. Şu ýerde başga-da bir pikire üns berilse öňat bolardy. “Öt” sözüniň yzyna goşulma goşulyp, at ýasalyşyny seljerjek bolmaly “Ötük” ötmek manysyndaky işlik sözi ada öwrülişini mysal almak bolar “Ötük” sözi köplenç daglardaky ýollarda, ýodalarda, gaýalaryň bir-birine golaý gelip emele getiren gysbysyna ýa-da dag jynslarynyň emele getiren gädik ýerine, gaýanyň içine oýulyp deşilen ýerine, ozal salynan haýatyň-gorag diwarynyň gädilen ýa-da deşilen ýerine ötük diýilýär. Ýa-da “Gyzylödek”-tagam iýileninde agyz boşlugyndan içe ýuwdylanda iýmitiň garyn boşlugyna- aşgazana çenli geçýän ýoluny üpjün edýän beden agzasy. Bu söz iki söziň goşulmagyndan emele gelip birinji bölegi şol beden agzasynyň içege şekilli inçe görnüşde bolmagyna garamazdan reňkiniň gyzyl bolýandygyny aňlatsa, ikinji bölegi “Ödek” sözi görnüşinde bolup umumy sözleýişde ýoýulyp “Ödek” şekiline geçirilip, ulanylyşa girizilipdir. Ýagny “Gyzyl ötük” däl-de “Gyzyl ödek”, diýilipdir diýse boljak. Sypat bilen işlik

birikdirilip at emele getirilipdir. Bu adyň ikinji bölegindäki “ödek” sözini işlik halynda alsak, ötük manysyny berse-de onuň agyz boşlugyndan aşgazana ugradylýan nygmatyň bedene siňdirilmegine ýardam edýän şireli suwuklyk emele getirip, ony nygmata garyp geçirilýänligi hem göz öňünde tutmaly. Şu jähtden alynanynda, owkady bedene siňdirmekde aşgazana, öde, dalaga ýardamçy bolýandygy üçin diňe iberilen zady geçirmek-ötürmek wezipesinden başga-da bişirmäge ýardamçylyk wezipesini hem göz öňünde tutyp oňa “ödek” diýlen bolmagy mümkin. Bu pikiri dowam etdirsek “Ödek” sözüň başga manylary hem açylýar. “Ödek” sözüniň durmuşda wajyp ornunyň bardygynyň ýene bir mysalyny aýtmak zerur. Bu sözi türkmen ilimiz has gadymdan bäri ynamdar, işbitir, ýiti akyllylygy bilen ynamy ödäp bilýän şahsyýetiň sypatyny aňlatmak manysynda-da ulanypdyr. Ýurdynyň, iliniň bähbidine uly işleri bitirmäge ukyply hemişe ynamy ödäp bilýän şahsyýetleriň ata-enesiniň dakan adynyň yzyna “Ödek” lakamynyň dakylýanlygyna öz taryhymyza ser salsak görýäris. Horezimiň iň soňky Soltany Jelaletdin Meň- burnyň daýysy Demir Mälik aradan çykanyndan soň iň ýakyn, wepadar begleriniň birine-de Ödek diýipdirler. Sebäbi ol beg öziniň ýiti paýhasy, giň gerimli dünýä düşünişi, tiz ugur tapmagy, dogry hem jaýdar sözläp bilişi, dogumlylygy, gerek ýerinde

haýbatlylygy, zerur bolanynda gürrüňdeşiniň pikirine goşulyp, onuň ynamyna girip bilýänligi, umuman her haldan ugur tapyp, çykgynsyzlyga ýol bermeýänligi bilen döwürdeşlerinden tapawutlanypdyr. Şol häsiýetleri üçin ony Jelaletdin gowy göripdir, özüne golaý durmagyna şertleri döredipdir. Oňa "Ödek" diýipdir.

"Ödek " söziniň "Adak" şekilinde alynyp onuň türki dilde "Aýak", toponimik mazmunynda derýanyň ýa-da ternawyň (kanalyň) aýak ujydygyny aňladýanlygynyň tarapyny tutýan alymlaryň barlygyny bellemek gerek. Meselem S.P. Tolstowyň 1948-nji ýylda çap edilen «По следам древне Хорезмской цивилизации» diýen kitabynda "Adak" diýilýän at- türki söz bolup hususan aýak diýen manyny berýär, topografiýada derýanyň ýa-da kanalyň aşak akymyny (aýak ujyny M.A.) aňladýar diýip belleýär [313.], soňra ol "Meniň pikirimçe Adak ("aýak-aýaguç") " we Terçe (Tursek M.A.)- "tirsek"-"çykgyt") ilki başda ýerli töwerekdäki meýdanlardan tapawutlanýan ýerleriň atlandyrylyşy bolmaly. (Tersek-semaha Ustýurdyň içine çuň aralaşýan "aýlagyň" ortasynda ýerleşýän) we Adak diýilip atlandyrylan hususy şäher ady Ýangişehr bolmaly. XV-asyryň wakalaryny beýan edýän çeşmelerde welaýat atlaryny şäher atlandyrmakda-da ulanylýar (diňe irki orta asyrlaryň ýazarmanlary däl, ibn-Batutyň hem Ürgenç

şäherini “Horezm şäheri” diýip atlandyranlygyny ýatladýaryn) diýip ýerli ýer-ýurt, şäher atlarynyň ýazgylarda getirilişinde tertip bozulýanlygyna ünsi çekýär. [314.]

Bizi gyzyklandyrýan “Ödek” (“Adak”) sözüniň şäher-gala ady bolanlygy S.P. Tolstowyň işinde görýäris. S.P.Tolstow ýokarda getirilen sözlerinde Adak galanyň hususy adynyň Ýangişehr bolmalydygyny nygtaýar. Şol sözlemden ýokarrakda “Ak Kala-Adak, gönüburçly, daşyndan garym çekilen we diwarlary örän oňat çaklanan 24*24x6 sm. çig kerpiçden, pahsa (fundamentiň) dyrnagyň üstinden örülen, bir-birine golaý ýerleşen diňleri bolan, iki derejede gurulan okatarly gala” diýip ýazýar. Bu ýerde S.P.Tolstow “Ak galany” “Adak gala” diýip ýazýar. Ak galanyň ýerleşýän ýerini “Ak gala ýa-da Akja-gala Guryja uzýakyň köne hanasynyň golaýynda Bütendagyň günorta-gündogar çüňkiniň eteginde Sarygamyş kölüniň gadymy kenarynda ýerleşýär” diýip (313-nji sah.). Emma ol Ak galanyň (Akja galanyň) ýerleşýän ýeri Bitendagyň golaýynda takmynan 60-65 m. gipsometrik derejede beýikräk ýerde ahyryn. Taryhy maglumatlarda Ödekgala kölüň kenarynda gurulan bolup, onuň galasynyň we beýleki ymaratlarynyň şekilleri kölüň suwunda düşüp, täsin görnüşindäki suraty döredipdir. Aý-aýdyň gijelerde kölüň ýüzünde galanyň ymaratlarynyň şekilleri asmandan inip ýere

ýetmän saklanan görnüşi döredip görenleri haýran galdyrypdyr. Ödek, Ödekgala barada W.W.Bartoldyň saýlanan eserleriniň III-nji tomunyň 67-69, 78, 87, 175, 176, 250, 251, 324-nji, VIII-nji tomunyň 127, 129, 130, 146-njy sahypalarynda maglumatlar getirilýär. Bularyň ikisinde-de Ödek sözi “Adak” görnüşinde getirilip geografik at, adalga hökmünde berilýär. Şol eseriň III-nji tomunda etniki at görnüşinde “Adakly (adak) 68, 75, 78, 251-nji” adakly hyryr görnüşinde 77, 80-nji sahypalarda maglumatlara duşmak bolýar. Meselem W.W.Bartoldyň saýlan eseriniň III-nji jiltiniň 67-nji sahypasynda 1460-njy ýylda Astrabadyň hany Hüseýniň, Soltan Abu Seýitden gaçyp, ilki Ogurçy ýurdyna soňra Ödek (Adak) ýerlerine baranlygy barada maglumatlar bar. Şonda onuň 7 (ýedi) günden soň Amyderýa ýetip, gämilerde derýadan geçenligi barada maglumatlar bar. 1461-nji ýylda onuň ýene-de Astrabatdan demirgazyga gaçandygy, deňiziň galanlygyndan we toýunly topragyň bolmagyndan kynçylyk çekendigi, Amyderýadan geçeninden 3-4 günden soň Ödege (Adaka) baradandygy baradaky maglumaty Hondemire salgylanmak bilen ýazýar.

Şol jiltiň 68-nji sahypasynda Bartold Ödek (Adak) diýen adyň gelip çykyşy, manysy we türki dildäki başga söz bolaýmagynyň mümkindigi barada ýazýar. “Adak ady bolup

bilse türki dildäki (köne görnüşinde) adak, ýa-da aýak – «нога» bolmaly, bu sözüň derýalara degişlilikde ulanylanynda derýa aýagy (“низовье” – “устье”) bolmagy ähtimal. Hondemir bu ady ilkinji nobatda tutuş Uzboýyň boýlaryny aňladýandygyny, ikinjiden Uzboýyň çep kenaryndaky ýerleri aňladýan manyda ulanýar. Abulgazynyň sözlerine görä (адакли) ödekli ady Uzboýyň ýokarky bölegniň ugrunda ýaşaýan türkmen taýpasynyň adyny aňladýar”. Şol ýerde Ödek (Adak) Wezir (häzirki Döwkesen) galadan günorta-da ýerleşýän berkidilen gala bolup, ony ilkinji gezek Şeýbany hanyň ýaragly hüjüm netijesinde alandygy barada maglumatlar hem bar. Ödek jülgesi ýa-da ýaýlasy hem-de ödekli ili barada şol jiltiň 78-nji sahypasynda agzalyp geçilýär. Şol kitabyň 75-nji sahypasynda Ödek (Adak) Wezirden (galadan) Astrabada gidilýän ýolda ýerleşýär diýen maglumat berilýär. 1486-njy ýylda Şeýbanynyň Ödek galany alanyndaky waspnamada (şygyr görnüşli) bu galanyň haýsydyr bir deňziň ýa-da uly kölüň Gara deňziň kenarynda ýerleşýändigi, gök deňziň asmana meňzeş bolup Ödegiň onuň içinde täze dogan aý ýalydygy, oňa barýan inçejik ýodanyň gür jeňňelligiň içinden geçýänligi wasp edilipdir. “Eger-de Ödek hakykatdan hem uly suw aýtymynyň golaýynda ýerleşýän bolsa, onda Uzboýyň Sarygamyş çöketliginden

çykýan ýerinden gözlemek mümkin däl”, diýip Bartold ýazypdyr.

S.P.Tolstow [1948 312 - 313 s] öz işinde bu galanyň ýerleşýän ýeriniň biten (Büten) dagyň günorta-gündogar çüňkiniň eteginde, Guruja-uzýak derýa golunyň kenarynda, gadymy Sarygamyş kölüniň kenaryna golaý ýerde bolaýmagy mümkin diýipdir. Ol Ödek galanyň häzirki wagtda harabalarylary saklanyp galan Ak-galanyň ýa-da Akja-galanyň bolmagynyň mümkindigini ýazýar. Şu ýerde biziň salgylanýan alymlarymyzyň Ödekgalany Şeýbany hanyň basyp alan ýylyny berişlerinde dürliligiň bardygyny W.W.Bartoldyň ol senäni 1486-njy S.P.Tolstowyň 1488-nji ýyl diýip getirýändiklerini hem aýtmak gerek. Ýöne ikisi-de Ödekgalanyň Gara deňiziň kenarynda ýerleşýändigi baradaky maglumaty salgylanmaklary, hakykatdan hem Sarygamyş kölüniň günorta-gündogar kenarynda galanyň bolandygynyň jedelsiz hakykatdygyna şaýatlyk edýär. S.P.Tolstowyň “Ödekgalany Bütendagyň günorta-gündogar çetinde Guruja uzyakyň (Kurudja uzýak) kenarynda göresi gelmegi” hakykatdan daşlaşýar. Alym şu görkezýän ýerini “Sarygamyşyň gadymy kenarynyň golaýynda” diýmegi hem ýerli gipsometrik derejelere seljeriş berileninde hakykatdan daşlaşýar. Sebäbi Sarygamyşdan başlanýan Uzboý umuman derejesinden 50 metr (beýiklikdäki)

ýokardaky gipsometrik derejeleriň arasyndan akypdyr. Bütew baýyryň etegindäki gipsometrik dereje + 60 metrden ýokary, ondan takmynan 30 km. Günbatarda 55-54 metr. Kenara çenli 30 km. (1 günlik diýeli kerwen menzili) aralyk bolsa gadymy kenaryň golaýynda bolup bilmeýär. Şonuň üçin hem Akja galanyň uly ýumrulan galyndylary Ödekgala degişli bolup bilmeýär. Akjagala Derýalyk akar hanasynyň ugrundaky iň soňky gala bolsa-da Wezirgaladan Horasana gidileninde iň soňky däldir. Sebäbi "Adak" diýip alynan söz eger-de "Aýak" bolan bolsa rus dilinde-de ýoýman "aýak" diýilmegine mümkinçilik bar. "Ädek" ýagny "ätmek" diýilen türki sözden "Adak" ýasamak aňsat bolsa-da "Ädek" diýilmegi üçin onuň derýanyň bir boýundan beýleki tarapyna geçýän bölegi bolmasa, ýagny iki tarapa-da ädip durmasa, oňa "ädik" diýmezdiler. Taryhy çeşmelerde arap elipbiýinde yazylan hatdaky söz "I" den (elifden) başlanyp ýazylýar. Sowady usulda (astyn-üstün, otur goýulman) ýazylan bolsa şol ady ýazylan ýerlere belet bolmadyk, ýerli dili bilmeýän ýa-da gowşak bilýän adam elbet-de ony "A" harpynyň berýan seslerine laýyk okar. Şonuň üçinem rus alymlary Bartoldyň hem-de Tolstowyň "Ödek" sözüniň deregine "Adak" sözüni ulanmaklaryndaky göýberilen ýalňyşlaryna düşünmek kyn däl.

Bu pikiriň dogrydygyny, şeýlelikde “Adak” – Ödekgalanyň Bütendag beýikliginiň günorta-gündogaryndaky, ýagny Sarygamyşdan gündogardaky Ak ýa-da Akja gala däl-de öz başyna, aýratyn gala bolmalydygy aýdyňlaşýar. Muňa biz Bartoldyň saýlanan eserleriniň III-nji tomunyň 250-nji sahypasynda berilýän maglumata üns bersek has hem anyk göz ýetirýäris.

Ýagny 1460-njy ýylda Astrabadyň hany Huseýin Baýkara Ahmet şanyň goşun çekip gelýändigini eşideninden soň Hazaryň günorta-gündogar kenarlaryny taşlap, demirgazyga gaçýar. Ol Uzboý derýasyndan 2 (iki) gezek geçip Ödekgala gelýändigi, soňra ondan demirgazyk-gündogarda ýerleşýän Wezir galasyna barandygy barada maglumatlar bar. Şol kitabyň 251-nji sahypasynda Wezir galadan günbatardaky ýerlere tä Balkan degresine Uzboýyň ýakasyna “Ödek” diýilendigi Uzboýyň sag kenaryndaky köplenç çarwadarçylyk bilen meşgullanýan ilata bolsa “Ödek ili” diýilýändigi barada maglumatlar bar. Ödek ili barada Bartoldyň saýlanan eserlerinden başga-da Tolstowyň işlerinde-de maglumatlary görmek bolýar.

Biziň pikirimizçe häzirki Sarygamyş kölüniň günortasyndaky Gorgangyr bilen Düşeklidaş belent ýörişleriniň arasyndan gadymy Uzboý özüne ýol ýasap Hazar deňzine tarap akypdyr.

Ödekgala şäheri bolsa Gorgangyr belentliginiň gündogar, günorta- gündogaryndaky seňrikde gurulypdyr. Şol seňrik bilen Gorgangyryň arasyndaky günorta tarapa inçelip gaýdýan çöketlik Sarygamyş kölüniň aýlagy görnüşinde bolup, onuň iň günorta çüňkinden takmynan 40-45 metrlik gipsometrik derejesinden suw akypdyr we Uzboýy emele getiripdir. Häzirki wagtda Gorgangyryň günorta-gündogar taraplary we onuň garşysyndaky (gündogaryndaky) tekiz belentlik ýerler gum syrgynynyň aşagynda galypdyrlar. Ödekgalanyň çäklerini daş töweregi bilen gum basan bolmagy ähtimal. Şu ýerlerde toýun-toýunsow örtükli ýerleriň üstüne syran çäge eol çökündileriniň galyňlygy 12-15 metrden 20-24 metre çenli ýetýär. Gorgangyryň hem köp bölegini gum basypdyr. Biziň bu pikirimize meňzeş netijäni Türkmenistanyň çetwertik döwüre degişli geologiýasyny öwrenen alym Geldi Berdiýewiň işlerinde-de görmek bolýar.

Hormatly Prezidentimiz Magtymguly adyndaky TDU-mizde arheologiýa hünäri boýunça talyplary okatmakda ýollary açanynda, elbetde biziň ýurdumyzda bu ugurdan öwrenilmeli zatlaryň örän köpdigini göz öňünde tutandyr. Ata Watanymyzyň geografiýasyny-tebigatyny, taryhyny öwrenmek, bilmek ählimiz üçin wajyp meseleleriň biridir.

## §5.Toponimika we geçmişdäki landşaftlaryñ häsiýetleri.

Türkmenistanyň baý medeni mirasy türkmen milli medeniýetiniň umumy dünýä medeniýetine gatylyp-garylmagynyň hakyky ýoluny kesgitlemäge kömek berýär.

Orta asyr Abiwerd şäher diýip atlandyryp, ol girişden, üç bölümden, jemleme we tekliplerden hem-de peýdalanylan edebiýatlaryň sanawyndan ybarat.

Abiwerd şäheri türkmen taryhynyň Gorkut ata eýýamynda diýilip atlandyrylýar. Bu bölümde esasan araplaryň gelmegi yslam diniň ýaýramagy bilen bolup geçen wakalar barada aýdylýar.

Abiwerd şäheri Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň möhüm şäherleriniň biridir diýip atlandyrylýar. Munda adyndan belli bolşy ýaly türkmen taryhynyň iň gülläp ösen döwri, beýik döwletleri guran döwründäki Abiwerdiň ýagdaýy barada gürrüň edilýär.

Uçinji bölümi Abiwerd şaheriniň binagärçilik ýadygärlikleri. Ýagny şol ýerdäki Peştag Sandykly baba mawzoleýi barada gürrüň açmaklygy göz öňüne tutdum.

Häzirki wagtda Kaka şäherçesine baranyňda, orta asyr Abiwerd hasaplanýan uly şäheriň, Peştagyň harabaçylygy göze ilýär. Onuň meýdany 42 gektardan gowrakdyr. Erk galasy

şäheriň demirgazyk-gündogar diwarynda ýerleşýär we 10,5 gektar meýdany tutýar. Toponomika nukdaýnazardan Abiwerd şäheriniň ady iki: ab (suw) we werd (gaçy) sözlerinden durupdyr.

Türkmenistanyň arheologik ýadygärliklerini we Abiwerdiň orta asyr ýadygärliklerini öwrenmeklik XIX asyryň II ýarymyndan başlanýar. Abiwerdiň gadymy ýadygärliklerine ilkinji üns beren N.G. Peturşewiç bolupdyr. XIX asyryň 70-nji ýylyň ahyrynda ol Ahalteke we Etek oazislerinde topografik barlaglar geçripdir.

N.G.Petruşewiç ýol ugruna ýene-de iki sany ýadygärligi aýlanypdyr. Abiwerd we Peştag 1881-nji Etek oazisinde inžener topograf P.M. Lessar bolupdyr. Ol oazisiniň ýol ýatlamalarynda Babadurmaz we Kakanyň arasynda ýerleşen birnäçe harabaçylyklary aýdyp geçýär. Şonda ol Peştaga aýlanmak bilen Abiwerd şäherini ilkinji bolup orta asyr şäherine degişli edipdir.

1902-nji ýylda arheologiýany söýüjileriň Zakaspi gurnagynyň teklip etmegi bilen hudožnik K.S. Mişin Abu Seýidiň mawzoleýini we Mänedäki derwüşleriň ýaşaýan jaýynyň suratlaryny çekipdir. 1925-nji ýylda TSSR-ň sebit öwreniş muzeýinde arheologiki gurnak döredilýär. Onuň agzalary sebiti we Abiwerdiň bir bölegini öwrenip başlaýarlar.

Etrabyň arheologiki öwrenilşinde wajyp wakalaryň biri gündogarşynas A.A. Semýonywyň ýolbaşçylygyndaky 1928-1929-nji ýyllarda türkmenkult we Sredazkowstaris tarapyndan döredilen Haweran ekspedisiýadyr. Birinji Haweran ekspedisiýasy 1928-nji ýylyň sentýabr we oktýabr aýynyň dowamynda Abiwerdiň günbatar etraplaryndaky ýadygärlikleri öwrenip, ýagny Kakadan Artyk stansiýasyna çenli ekspedisiýasy umumy aýdanyňda 12 sany ýadygärligi öwrenýär. Ekspedisiýanyň maglumatlary OADU-nyň işleriniň ýörite sanynda neşir edildi. Köne Abiwerd we Peştag şäherçesiniň harabaçylygyna aýratyn üns beripdir. Barlaglarda Peştagyň çäklerinde ýerleşen gadymky gurluşyklaryň galyndylaryny surata düşüripdir. 1929-nji ýylda ikinji Haweran ekspedisiýasy döredilýär. Ol esasan Abiwerdiň günorta-gündogar bölegini ýagny Duşak we Mäne-Çäçe ýerlerini öwrenýär.

1946-njy ýylda ekspedisiýanyň ýolbaşçysy A.S. Semýonow barlaglaryň netijesi barada makala neşir edýär. 1947-nji ýylda Abiwerdi GTAKE-niň otrýadynyň biri öwrenýär. Olar irki orta asyrlardan barlap tä XIX asyra çenli Abiwertde ýaşaýşyň bolandygyny anykladylar.

Abiwerdiň taryhy we geografik eserlerinde Bawerd, Abawerd, Part, Powart hökmünde ýatlanýar.

Arap basybaljylar döwründe Abiwerdi Bahmane atly hökümdar dolandyrypdyr, we onuň Abiwerdiň şasy tituly bolupdyr. Şol barada Al-Biruni şeýle ýazýar, araplaryň dikmesi Abdullah ibn Hazim şäheriň araplara 400müň dirhem pul tölemegini gazanypdyr. Orta asyr awtorlardan başga biri, ýagny at-Tabary Nişapur, Nusaý, Sarhs we Merw bilen Abiwerdiňde şol bir ýylda ýagny 651-nji ýylda araplar tarapyndan eýelelendigini belleýär.

Omeýadlaryň dolandyran döwründe Abiwerdiň ýaşaýjylary, Horasanyň başga ýaşaýjylary ýaly hökümdardan närazy bolupdyrlar. 727-nji ýylda Merwiň Sapidang dýen ýerinde Abu Müslim Horasanda gozgalaň turuzýar we Musa Ibn Kaaby Abiwerde iberýär. Abu Müslim ýazan hatynda Abiwerdiň ýaşaýjylaryny gara eşik geýmäge çagyrypdyr we şonda Abiwerdiň hemme ilaty gara eşik geýmäge başlapdyrlar.

755-nji ýylda Mansur Abasy aldow bilen Bagdatda Abu Müslümi öldüripdir. Abasidleriň tarapdarlaram omeýatlar ýaly ýaşaýjylaryny tapypdyrlar. Şonuň üçin absidleriň zulumyna garşy çykyşlar başlanypdyrlar. Adamlar Abu Müslimiň 12 egindeşleriniň biri bolup, Abiwerdiň ýanynda Nasr Saýýar bilen urşa taýarlanýardy. Ol gyşyň ahyryna çenli garaşyp, ýazda Nasryň üstüne ýörüş edip ony yzyna çekilmäge mejbur edipdir.

Abu Husaýb ibn Abdyllah Nusaýly 799-njy ýylda abbsidlere garşy hereket edipdir. Ol üç ýyllap Abiwerdi, Nusaýy, Nişapury dolandyryp, Merwi gabapdyr. Emma ol abbasidleriň güýjüne görüpdir we Sarhsa çekilipdir. Iň soňunda 802-nji ýylda Aly ibn Isa Horasandan halyfyň köşküne uly baýlyklar äkidipdir we Abu Husaýb bilen söweşipdir. Söweşwagtynda Abu Husaýb öldürilýär we Aly ibn Isa onuň aýalyny we çagalaryny ýesirlige alypdyr.

Fuzaýyl ibn Aýýar beýik adamlaryň biri 722-nji ýylda Samarkantda dogulyp, Abiwertde önüp-ösýär. Kämillik ýaşyna ýetenden soň ol Mekgä gidip, uzak wagtyň dowamynda Mekgedäki metjidiň şyhy we hadyslary aýdyjy adam bolýar. Ol 802-nji ýylda ölýär. 826-njy ýylda bolsa araplar Abiwerdiň ýaşaýjylaryndan 700 müň dirhem hyraj salgydyny talap edipdirler.

IX asyryň başlarynda Abiwerd tahiriler döwletiniň düzümine giripdir, we soňky ýyllarda dinastiýalaryň çalşmagy bilen Saffarileriň, Samanileriň soňra Gazniwileriň düzümine giripdir. Şol wagtlar Abiwerd orta osüşdäki etraplaynyň biri hasaplanypdyr. Al-Istahri şeýle ýazypdyr: Iri okruglar Nişapur, Merw, Hyrat we Balh, Horasanda -. Kuhistan, Tus, Nusaý, Abiwerd, Sarahs, Isfazar.

Ibn Hordadbegiň habar bermegine görä 926-927-nji ýyllarda Abiwerdiň Tahirileriň gaznasyna 700-mün dirhem töläpdir.

Abiwerde geçirilen arheologiki barlaglar hem taryhy çeşmelerdäki habarlary tassyklaýar. Şäheriň töwereginde suwaryş kanallaryň ulgamy saklanyp galypdyr, edil şäheriň özünde bolsa, suw geçirji desgalaryň, toýundan edilen turbalaryň yzy tapyldy. Bu bolsa şäheriň ýokary derejede hemme zadynyň ýerbe-ýer bolanlygyna şaýatlyk edýär. Şäheriň demirgazyk-günbatar böleginde berk diwarlar bilen 20 sany beýik minaraly şäher häkimýetiniň galasy ýerleşipdir.

"Beýik ýüpek ýolunyň" ugrunda ýerleşen Abiwerde uzak-ýakyn ülkelerden Horezimden, Margiýanadan, Dehistandan, Hindistandan ýükli kerwenler gelipdir, söwda-satyk, alyş-çalyş işleri ýola goýupdyrlar. Syýasy hem-de ykdysady taýdan galkynan Abiwertde ylmy, medeniýet we sungat kämilleşip, uly ösüşlere eýe bolupdyr. Bu ýerde ösüp ýetişen ylymdar adamlar, atly ussalar, harby ýolbaşçylar, sazandalar,şahyrlar öçmejek yz galdyrypdyrlar.

Abiwerdiň Gorkut ata eýýamyna degişli maglumatlar arap taryhçylary al-Belazuriň we at-Tabariň işlerinde berilýär. Al-Belazuri (-892ý) taryhçy hökmünde ygtybarly we dogruçyl awtorlaryň biri hasaplanýar. Onuň "Kitab futuh al-buldan"

diýen işinde araplar tarapyndan Abiwerdiň basylyp alynmagy barada ýazylýar, we bu şäher söweşsiz araplara boýun bolandygyny we 4 mün dirhem salgyt salandygyny barada maglumat bar.

At-Tabiriň (830-923ýý) “Taryh az Rasulwa-mülk”diýen işinde Abiwerdiň ýaşaýjylarynyň Merwdäki Nizak Tahanyň gozgalaň basyp ýatylmaklyga gatnaşanlyklary barada maglumat bar. Ýene-de Abiwerd barada maglumat Abu Müslimiň gozgalaňy bilen baglanşylykly ýatlanylýar, sebäbi soňabaka Abiwerd onuň direg ýerleriniň birine öwrülýär.

Abiwerdiň taryhy we ykdysady geografiýasy barada maglumatlar IX asryň II ýarymy we X asyryň başlaryna çenli bolan döwürde Al-Ýakubyň, Ibn Hordadbegiň we al-Istahriň işlerinde aýdylýar. Al-Ýakuby arap taryhçysy we geografiýa, ol öz “Kitab al-buldan” diýen işini köp ýyllaryň dowamyndaky syýahatynda ýazypdyr. Ol Abiwerd barada geografik we taryhy etnologik maglumatlar berýär. Arap geografy Ibn Hordadbegiň (820-912ýý) “Kitab al-masalyk wamalalyk” diýen işi esasan döwlet resminamalary we ýerli emeldarlaryň ýazan hatlaryndan düzülen häsiýeti boýunça onuň işi geografik taýdan düzülişi barada ýazylypdyr. Onda Abiwerdiň Tahirilere (926-927ýý.) tölän salgydyň möçberi barada aýdylýar.Al-Istahri “Kitab al-masalyk bal-mamalyk” atly işinde özünden öňki awtorlaryň

işinden peýdalanylypdyr. Ol obalaryň şäherleriň arasyny dogry beýan edýär. Abiwerd barada X asryň II ýarymyna degişli arap taryhçysy we geografçysy al-Makdisi “Ahsah at-takasim fi marifat al-akalim” atly işinde Abiwerdi doly suratlandyrýar. Aýratyn taryhy geografik maglumatlar Abiwerd barada awtory belli bolmadyk “Hududa-al-älem”diýen işinde aýdylýar.

Soňky ýüzýyllyklaryň dowamynda Abiwerdiň ykdysadyýeti ýokary galyp başlapdyr. X asyryň ahyrynda Buhara emiri Nuh Mansur Abiwerdi Horezimiň günorta bölegine eýeçilik edýän Horezmşa Abu-Abdallaha beripdir. Emma birinji başda Abiwerdi almandyr.Sebäbi muňa garşy Horasanyň dikmesi Abu Ali Simruji garşy çykypdyr. Abiwerd birnäçe gezek Samanileriň hökümdary al-Muntasiriň eline geçipdir. Al-Muntasir 1001-nji ýylda birinji gezek Abiwerde gelip onuň ýaşaýjylaryndan salgyt ýygnapdyr, ýöne Buharada Garahanlylardan ýeňilip galan goşuny bilen Horasana çekilmäge mejbur bolupdyr.

1004-nji ýylda ikinji gezek Abiwerdi we Nusaýy eýeleýär. Onuň bu ýerde ornaşmaga bolan synanşygy şowsyz gutarýar. Aňyrdan gelýän Horezimşalaryň goşuny ony derwi-dagyn edýär. Ol şäheri taşlap gidýär. Başda Sarhsa tarap çekilip soňra Mawerennahra ugraýar.

1017-nji ýylda Mahmydyň Horezma ýörüşi netijesinde Abiwerd Horasanyň başga ýerleri Gaznawy döwletiniň düzümine giripdir. XI asyryň I ýarymynda demirgazyk Horasanda wajyp syýasy wakalar bolup geçipdir. Olar Mawerennahrdan Horasana süýşüp gelýän Seljuk türkmenleri bilen baglanşyklydyr. Abiwerd Nusaý bilen bilelikde we Sarahs Seljuklarynyň şöhrat gazanan ýerleriniň biri bolupdyr.

Gardiziň habar bermegine görä Mahmyt Gaznawyň rugsadyny alyp 4 müňe golaý Seljuk türkmen maşgalalary 1025-nji ýylda Horasana gelipdirler. Olar Sarahsyň, Farabyň we Bawerdiň çöllüginde düşläpdirler. Bu ýerde olara öri meýdanlary berlip, Soltana tölemeli salgytlary hem bellenipdir. Bu salgytlaryň möçberi adaty bolman iki esse köp bolupdyr. Agyr salgytlar we emeldarlaryň eden etdiligi Seljuklaryň Gaznawylara garşy çykyş etmegine getripdir. Gardiziň ýazmagyna görä Nusaýyň, Bawerdiň we Farabyň adamlary Soltan köşgüne gelip Seljuklaryň edýän talaňçylygy barada aýdypdyrlar.Soltan Mahmyt Seljuklara garşy topar ugradypdyr.

1028-nji ýylda häzirki Serdar şäheriniň golaýyndaky söweşde Seljuklar ýeňilip Dehistana we Balh daglaryna gidipdirler.

Taryhy çeşmelerde Seljuklaryň nähili yzlaryna gaýdyp gelendikleri barada maglumat ýok. Mümkin olara Soltan

Mahmydyň ogly Masud olaryň Gaznadaky tagty eýelemekligi kömek edenligi üçin öňki öri meýdanlaryny beripdir. 1031-nji ýylda Sarahsyň we Bawerdiň ýaşaýjylary Seljuk türkmenlerini ýamanlap başlapdyrlar. Olaryň garşysyna iberilen Abu Sadyň ýolbaşçylygyndaky soltan goşuny olary derbi dagyn edipdir we ýene Seljuklary Balkana tarap süýşmäge mejbur bolupdyr. Edil şunuň ýaly wakalar 1034-nji ýylda hem bolup geçipdir. Bu gezek aýgytly söweş Sarahsyň ýanynda bolupdyr we türkmenleriň günbatara süýşmeklikleri bilen gutarypdyr.

Seljuklar köp ýeňilmeklerine seretmezden Nusaýyň we Abiwerdiň ýanyndaky baý öri meýdanlary yzyna gaýtaryp almak meýillerinden el çekmändirler. Bu bolsa Soltan goşunlary bilen täzeden çaknyşmagyna getiripdir. 1035-nji ýylda Nusaýyň ýanynda söweş bolýar.Onda Seljuklar Gaznawy toparyna ýolbaşçy eden Begdogdyny derbi-dagyn etmeklik başardýar. Bu ýeňişden soň Soltan Seljuk türkmenlerine dehistany, Nusaýy we Faraby bermäge mejbur bolupdyr.

Seljuklar Masuda demirgazyk Horasanyň ýene-de birnäçe şäherlerini bermeklerini haýyş edipdirler. Seljuk türkmenleriň ilçileri tarapyndan Gaznawy weziri Hoja Ahmet Abbas Samada berlen hatda şeýle diýilýär: “Bize berlen welaýat, biziň adamlarymyz üçin dar.” Beýik wezir Hoja meseläni öwrenip hökümdardan sorap çölüň serhedine ýerleşen

Merw, Sarhs, Bawerd şäherlerini bermekligini sorapdyr. Ýöne Soltan bu haýyşy kanagatlandyrmandyr.

1038-nji ýylda Abiwerd Gaznawy goşuny tarapyndan talanýar. Oňa sebäp Soltan Masud Bawerdiň ýaşaýjylary galany seljuklara berenlikleri we olar bilen dostukly gatnaşyklary saklandyklary barada maglumat ýetipdir. Şol wagt Masut goşun ýyganap Bawerde tarap ýörüş edipdir. Ondan daşary Seljuklar bilen Gaznawylaryň arasyndaky dartgynly syýasy wakalar bilen baglanşykda Abiwertde ýa-ha Togrul begiň ýa-da Masut Gaznawynyň düşän şäheri hökmünde ýatlanýar.

Gaznawylara Seljuklaryň demirgazyk Horasanda ösüp gelýän güýjüne garşy durmak kynlaşypdyr.1039-njy ýylda Daňdanakan söweşinde Seljuk türkmenler Gaznawylaryň üstünden ýeňiş gazanýarlar. Onuň netijesinde Horasanda Gaznawylaryň hökümdarlygy dargaýar we Abiwerd Seljuk döwletiniň düzümine girýär. Abiwerdiň X-XI asyrdaky syýasy hem-de ykdysady ýagdaýy hakyndaky maglumatlara arap taryhçylary Ibn al-Asriniň, Al-Utbiniň we käbir beýleki awtorlaryň işlerinde duş gelmek bolýar. Hakykatdanam mongol basybalyşlaryna  çenli bolan döwürde  Abiwerdiň gülläp ösmegine ýardam edýän amatly tebigy we sosial şertler ýüze çykypdyr. Köpetdagyň eteginde mes toprakly, bol suwly giň meýdanly halkara söwda ýolunyň çatrygynda ýerleşen köp

ilatly merkez bolan Abiwerd parahatçylykly gatnaşyklar zamanasynda ösüp örňäpdir. Emma soňky döwürde ýagny XII asryň ortalarynda Abiwerdiň ýaşaýjylary uly betbagtçylyga sezewar bolupdyrlar. Bu wakalar barada Muhammet Meýhene şeýle ýazýar: Birnäçe wagtlap adamlar Meýhenedäki şyhyň mazaryna zyýarat edip bilmändirler. Adamlar Meýhenäň 1 farsahuzaklykda ýerleşen Sarkala diýen ýerde zyýarat edip gidipdirler.

Oguzlar Mehenede 115 adam öldüripdirler, ondan daşary 2-3 aýyň içinde olaryň ýörüşlerinden soň açlykdan, ýarawsyzlykdan soň iki esse adam ölüpdir. Birnäçe wagtlap şäherde ýaşaýyş bolmandyr. Ýene näçe ýyldan soň adamlar şäheriň bir bölegini dikeldip onuň bir böleginde ýaşap başlapdyrlar. Ýazuw çeşmelerde Abiwerdiň başga ýerleri barda maglumat ýok. Ýöne olaram ýokardaky agzalyp geçilen wakalara sezewar bolmagy mümkin. 1157-nji ýylda Soltan Sanjar ölýär. Onuň mirasdüşeri Garahanly Mahmyt ibn Muhammet hasaplanypdyr. Emma ýurduň eýeleri hökmünde Oguzlar bolupdyr. Şol kyn döwürde Abiwerd Soltan Sanjar memlýugynyň eýeçiligine düşýär Abiwerdiň ýaşaýjylary köp wagtyň dowamynda talaňçylyklardan we zulum salmadan açylyp bilmändirler. Bu barada mongol basybalyşlardan öň peýda bolan Ýakut şeýle ýazýar: “Abiwerd, Horasandaky Sarhs

we Nusaýyň arasyndaky ýerleşen şäher, onda ölüm ýitim, ýarawsyzlyk, zäherlenen suwlardan doly” pese düşüşlik barada tapylan arheologik maglumatlar şaýatlyk edýär.1221-nji ýylda Abiwerd Tulaýyň ýolbaşçylygyndaky mongol goşunlary tarapyndan basylyp alynýar. Ýurt talanyp, boşadylýar. 47 obanyň 27-si,doly taşlanyp gaýdylýar. Galan obalaryň ýaşaýjylary ep-esli azalýar.

Umuman aýdanymyzda IX-XIII asyrda şäher gülläp ösenligi barada tapylan küýze önümleriniň bölekleri, gap-gaçlar şaýatlyk edýär. Şäheriň günorta-gündogar we demirgazyk günbatardaky hünärmentçiler kwartalynda demir erginleriniň galyndylary we demir magdan bölekleri häli-şindi duş gelýär. Şäher galasynyň içinde Erkgala ýakyn ýerde metaldan, misden, bürünçden we demirden ýasalan şaý-sepler, düwmeler, at esbaplary, üzeňňi häli-şindi duş gelýär. Bular bolsa ol ýerde demirçi, kümüşçi ussalaryň ýaşandyklary barada pikir ýöretmäge mümkinçilik berýär.

Şäherde suw saklaýan oýlaryň we howuzlaryň birnäçesiniň bolandygyna göz ýetirildi. Küýze önümleriň gap-gaçlaryň dürli metallardan ýasalan zatlaryň köplügi, şeýle hem şol zamanyň pullarynyň tapylmagy şäheriň uly senetçilik söwda ýeriniň biri bolandygy güwä geçýär.Abiwerd şäheriniň ösüşine geografiýa taýdan amatly ýerde ýerleşendigi oňaýly täsir edipdir. Sebäbi

şäher günorta we demirgazyk Horasanyň serhedinde ýerleşip, Eýrandan, Arap ýurtlaryndan, Merwden we Mawerannahrdan gelip gidýän kerwen ýolunyň çatrygynda bolupdyr. Ondan başga-da Abiwerdiň demirgazyk tarapyndan oňa Garagum çöli ýakyn bolupdyr.Garagum çölünde maldarçylyk bilen meşgullanan taýpalar goňşuçylykda ýerleşipdir. Olar Abiwerdiň bazarlaryndan hünärmentçilik harytlary alsalar, şäher bazarynda maldarçylyk önümlerini, şol sanda haly, palas,keçe we başga-da birnäçe zatlary satypdyrlar. Şol döwüriň şahyrlaryň biri Enwerini ýatlaman geçmek mümkin däl. Ol Abiwertde gurply maşgaladan doglupdyr. Şol ýerde okap, bilim alypdyr. Soň ol Tusda, Merwde, Sarhsda bilimini artdyrýar. Soltan Sanjaryň köşgünde işläp, soltanyň ýakyn maslahatçysy bolupdyr. Oňa "Şahyrlaryň şasy" diýip çuňňur hormat goýupdyrlar. Ol edebiýat äleminde Enweri Abiwerdi lakamyny bilen bellidir. Ol "Turanyň gözýaşlary" atly meşgul elegiýany miras goýup gidipdir. Şahyr 1191-nji ýyldan aradan çykypdyr.

Türkmenistan Watanmyzyň iň gadymy döwürlerden bäri taryhy geçmişinde uly yz galdyran Maşady-Missirýan, Nusaý, Merw, Sarhs, Ürgenç, Amul we beýleki meşhur şäherleriniň gaýym galalarynyň hatarynda Abiwerdiň (Bawerdiň) adyda hemişe agzalyp gelýändigi ýöne ýerden

däldir. Abiwerdiň ýerleşýän ýeri Kakanyň etrap merkeziniň günbatar taraplary, Köpetdagdan ýygy-ýygydan akyp gelýän sil suwlaryndan şäheri goramak üçin gaçy gurlupdyr. Şäheriň ýerli ilat tarapyndan tutulýan ady Peştagdyr. Peştag binagärçilik adalgasy boýunça metjidiň girelge tarapyndaky portaldyr.

Şol Peştag ady bilen Abiwerd şäheri bellidir. Onuň ýeke burçy diňi saklanyp galypdyr. Onuň garşysyndaky diň burçy dolulugyna ýumurlypdyr. Onuň ilki başdaky gurluş görnüşini dikeltmäge mümkinçilik ýok. Mälim zatlaryň biri bolsa şil portalyň öňünde uly bolmadyk uly meýdança ýa-da howlyň bolandygy mälimdir. Jaýyň gurlyşygyna seredeniňde we onuň portaly käbä tarap bakdyrlanlygy sebäpli şol wagtlar bu jaý metjit bolup hyzmat edipdir diýip, aýtmak bolýar. Bu desga belli bir hökümdaryň buýrugy boýunça gurlandyr, sebäbi Peştagyň daýanjynyň ýüzündäki ýazuw bölejigi şaýatlyk edýär: “Beýik Soltan patyşalaryň patyşasy ”. Peştagyň diwary galdyrlanda bişen kerpiçleriň arsyna berklik üçin arassa albastr palçygy ulanylypdyr. Şol wagtlara mahsus bolan, tagta bölejikleri bilen kerpiçleriň arasyny berkidipdirler. Galan diňiň ýokary böleginde basgançaklar saklanyp galypdyr. Portalyň araçägi 10 metr, metjidiň içinde bolan derwezäň öçegi 7 metr barabar bolupdyr. Peştagyň portaly baý we dürli reňkli suwaglar bilen suwalypdyr. Başda kerpiç bölejiklerden ybarat

bolan suwag bilen suwalypdyr. Soňra suwagyň ýüzüne kiçijik ýazgyly kerpiçler düzülipdir ýa-da ýörüte dürli reňklerden ybarat şekilli bölejikleri diwaryň ýüzünde albastr bilen berkidipdirler. Käbir ýerde tekiz kerpiçleriň ýüzünde owadan şekiljikler edilipdir. Peşdag plany boýunça içki burçlary tegelenen bolmagy mümkin, portalyň gyrasy suwalman ýarym gümmez görnüşinde gurlupdyr. Daýanjyň burçlarynda tegelek edilip ýasalan kerpiçler ýerleşipdir. Daýanjyň ýüzüniň bezegi giň we inçe parallel çyzyklar bilen bezelipdir. Ondan daşary daýanjyň ýüzünde Kufi ýazgysynda ýazylan sözler ýerlesdirilipdir. A.A. Semýonowyň bellemegine görä bu ýazgy özüniň görnüşi boýunça Gaznaň ýanynda ýerleşen Soltan Masut III diňiň ýazgysyna meňzeş, ondan daşary geometrik bezegi kiçi böleklerden ybaratlygy onuň şoňa gabat gelýändigi görkezýär.

Umuman aýdanymyzda XI asyrda bina edilen metjidiň galyndysy tä 1940-njy ýyla çenli saklanyp galypdyr. Emma bu ajaýyp taryhy ýadygärligi "Kommunizm gurjylar" geçmişiň zyýanly galyndysy hasap edip, kerpijini peýdalanmak maksady bilen partladyp ýykypdyrlar.

Abiwerdiň günorta böleginde Sandykly Baba öwülýäsiniň mawzoleýi ýerleşipdir. Bu mawzoleý XVIII asyrda bina

edilipdir. Türkmenistanyň giçki dini binagärçilik ýadygärligi hökmünde özünde gyzyklanma döredýär, we ol özünden öňki döwrüň gurluşyk dessurlaryny saklap bilipdir. Onuň içinde mazar bar, mazaryň üstündäki gara daşda hat ýerleşdirilipdir. Hatyň ýazylşy usulyna seretseň ony XV asyra degişli etmek bolýar. Jaýyň özi barada aýdanyňda ol hasam öňki döwürde gurlandyr. Mawzoleý çig kerpiçden gurlupdyr, plany boýunça dörtburçly bolup, ýokarky bölegi gümmeze çenli inçelip gidýär. Muňa seredip Abiwerd welaýatynda piramida görnüşli desgalar salnypdyr. Oňa mysal edip Goşut demir ýol duralgasynyň ýanynda ýerleşen piramida görnüşdäki ady belli bolmadyk adamyň mazary bar. Türkmenistanyň soňky döwürdäki mazarlary öz gurluşy we binagärçiligi boýunça ýönekeýligine seretmezden, özüne üns çekýär. Sebäbi bir tarapdan onda öňden bäri dowam edip gelýän ýerli dessurlaryň saklanyp galandygyny we etnografik özbolşuklaryň bardygyny görmek bolýar. Bu bolsa, bu ýerlede ýaşaýan ýarym çarwa türkmen taýpalarynyň gurluşyk başarnyklary we çeperçilik taýdan ösenlikleri barada şaýatlyk edýär.

## §6.Sandykly baba rowaýaty.

Gürrüň berişlerine görä, bu waka XIX asyryň II ýarymynda bolup geçipdir. Hojamuhammet çopan Peştagyň

(Abiwerdiň) töwereginde goýun bakýar eken. Ol bir gün ýaz aýlary galanyň etegindäki depejikleriň biriniň alkymynda goşuny ýazdyrypdyr. Çopan dowarlary oýa sürüp, özem depejigiň üstüne ýatmaga geçipdir. Ýaňy uka giden çopanyň düýşüne ak egin başly  bir garry baba giripdir. Çopan garry babanyň sesini aýyl-saýyl eşdipdir. Soň "Ogul beýdip meniň üstümde ýatma-da, tur! Eliňden gelse üstümdäki gumy aýyr!" Aýdyşlaryna görä şol ýerde üç sapar yzly-yzyna şeýle oraşan düýş görüpdir. Ol oba gelip, öz ýakyn hossarlaryna bolan ýagdaýy aýdypdyr. Dogan-garyndaşlary üýşüp gelip, depejigi usullyk bilen gazypdyrlar, gumy bir ýana aýryp görseler depäniň aşagynda hakykatdanam örän üýtgeşik sandyga meňzeş nepis nagyşly mazar daşy çykypdyr. Şondan soň bu mazaryň üstüne Peştagly adamlar gümmez gurupdyrlar. Öwülýäniň ady-da Sandykly baba bolup galypdyr. Oňa oba adamlary "Seýit Miregiň mazary" diýýärler. Hojamuhammet çopanyň nebereleride bu ýere müjewür bolup galyberipdirler. Mazaryň daşyndaky ýazgylaryň senesi şol ussat hudožnigiň Soltan Aly Bawerdliniň  ýaşan döwürini, Şahruh mürzäniň Horasanda hökümýet eden zamanasyny, ýagny XV asyr salgy berýär. Emma bu mazaryň kime degişlidigi barada heniz anyk maglumat ýok.

1993-nji ýylyň Aprel aýynda Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti  Abiwerdi taryhy we medeni goraghana diýip yglan etmeklik barada karar kabul etdi. Taryhda meşhur bolan bu şäheriň adynyň Kaka etrabyndaky taryhy medeni ýadygärlikleri gorap saklamak ylmy esasda öwrenmek hem rejelemek işlerini ýola goýan edara, mirashana dakylmagynda-da aýratyn many bar. “Abiwerd” mirashanasy birmahalky meşhur administratiw geografik merkeziniň taryhyna we şu günki gününe degişli ylmy işleriň, ekspanatlaryň we dürli ygtybarlymaglumatlaryň merkezine öwrülipdir.

Türkmen taryhynyň Gorkut ata döwründe Abiwerd şäheri iň gülläp ösen şäherleriň biri bolupdyr. Abiwerd demirgazyk Horasanyň uly şäherleriniň biri bolup, ol Araplar basyp alanlaryndan soňky döwürlerde, ýazuw çeşmelerinde köp gezek ýatlanylýar.

Al-Makdisi Abiwerdi gysgajyk häsiýetlendiripdir. Ol Nusaýa garanyňda Abiwerdi has gowy görendigini ýazýar. Onda baý bazar we topragy gurply ýer bar. Şol ýerde bazar, bazarda bolsa metjit bolupdyr diýip belleýär.

Awtory näbelli bolan “Hudud al-älem” pars geografik ýazgysynda Bawerdi (Abiwerdi) giň ekin ekilýän we sürülýän meýdan hökmünde häsiýetlendiripdir.

Orta asyryň şäheri bolan Abiwerd XV-XVIII asryň soňraky döwürlerinde medeni gatlak bilen doly örtülmegi sebäpli irki orta asyr şäheriň tipini we bolan maglumatlar bilen çäklenmeli bolýar. Hususanda şäheriň harabaçylygynda IX-XII asyrlaryň keramiki zatlary has köp duş gelýär. Tapylan dürli görnüşli zatlaryň arasynda has soňraky seneler bilen belginilen ýerli şaý-sepleri bar. Bu barada  Mukaddes Ruhnamada şeýle bellenip geçilýär:
“Abiwerd şäherinde otuz-kyrk litirlik uly göwrümli humlar, galla saklanýan syrçaly humlar, beýleki azyk önümlerini saklamak üçin golçalar, kersenler, suw küýzeleri ýasalypdyr. Gap-gaçlar owadan syrçalar bilen bezäp, araplaryň has irki “Kufi” hatynda ýazgylar ýazypdyrlar. Ýazgylar: “Bereketli bolsun!” “Şu gapda nahar iýeniň iýen tagamy inine siňsin!”Şu gabyň eýesi uzak ýaşasyn!” ýaly hoşnyýetli arzuwlardan ybarat eken”.
Ýurdumyzyň iň gadymy döwürlerden bäri taryhy geçmişde uly yz galdyran şäherleriň, galalaryň biri Abiwerd şäheri barada, onuň öwrenilşi, taryhy, Abiwerdiň arheologok ýadygärlikleri barada hemme tarapdan öwrenmäge çalyşdym we ýazyp beýan etdim. Men bu mowzugy ýazmak bilen diýseň köp maglumatlary öwrendim. Ýöne ýene öwrenmeli zatlar köp.

Men geljekde-de ýene şu mowzugyň üstünde işläp öwrenilmän galan ençeme zatlary öwrenmegi göz öňünde tutýaryn.

## §7.Käbir toponimleriñ ilki başky döreýişleriniñ taryhy döwürde özgerdilişi.

Türkmen halkynyň, onuň diliniň Ýer ýüzünde iň gadymy halklaryň, dilleriň biridigini indi dünýä ykrar edýär. Türkmen dili gadymylygy ýaly-da iň baý dilleriň biridir. Türkmen dilinde diňe bir Türkmenistanyň häzirki ýerleşýän ýerindäki tebigy şertleriň ýa-da tebigy agzalaryň atlary, düşündirilişi däl, eýsem gadym Oguz hanyň baran, gören ýerlerindäki tebigy şertleriň hem agzalaryň düşündirişleri, atlary bar.

Türkmen dilinde fiziki-geografiýa ylmynyň gyzyklanýan, öwrenýän ýer-ýurtlarynyň tebigy emele gelşi, tebigy şertleriniň aýratynlyklary barada ýörite adalgalar müňlerçe ýyllaryň dowamynda döräp, timarlanyp, hiç bir jähtden olara goşmaça goşup ýa-da artykmajyny tapyp, aýryp bolmaz ýaly sünnälenen şekilde biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Fiziki-geografiýa ylmyndaky öwrenilýän bag, düz, derýa, köl, deňiz, umman we beýlekiler hemmeleriň öwrenişen tebigy zatlarynyň atlary. “Olaryň atlary hemme halklaryň

dillerinde-de bar ahyryn” diýilmegi mümkin. Emma Türkmenistan garaşsyzlygyny almazyndan öňki geçen 70 ýylyň içinde biziň dilimizdäki köp zatlary halkara, ýagny “internasional” ýa-da rus sözleri bilen çalşyryp ulanmak, “türkmen dili garyp bolansoň, şeýle etmäge mejbur bolýarys” diýilmegine-de öwrenişiberipdik!

Şu hili bolanynda aýdylyşy ýaly, türkmeniň “Hudaý” diýen ýeri bar eken! Türkmençe, asly türki dildäki käbir halkara derejesinde kabul edilen sözlerimizi rusçadyr öýdüp, ony türkmençä terjime etmäge synanyşyp ýörlenine-de gabat gelindi.

Meselem, gadymy türki – türkmen sözi bolan “barhan” (bargan) sözüniň “aklaň” diýlip terjime edilýänini şol 70 ýylyň soňky onýyllyklarynda türkmençe ýazylan ylmy we ylmy-populýar işlerde görmek bolýar. “Barhan” sözüniň gelip çykyşy bilen gyzyklanyp, birnäçe sözlüklere seretdik.

1988-nji ýylda Moskwada çap edilen umumy geografik atlaryň sözlüginde “Barehan, barkhan, barkan, barehane – barhan. Barkhan по происхождению тюркское слово, означающее песчаный холм” diýen ýazgy bar (3, j. 1, 144 s.).

1973-nji ýylda Moskwada çap edilen fiziki-geografiki adalgalaryň dört dildäki (rus – iňlis – nemes – fransuz)

ensiklopedik sözlüginde-de “Barhany (týurk.)” diýen ýazgyny görmek bolýar (5, 45 s.).

Bulardan başga-da “Sowet ensiklopedik sözlüginde”, “Rus diliniň sözlüginde” we beýleki birnäçe kitaplarda bu sözi getirýärler, düşündirişini hem berýärler. Olaryň hem hemmesinde “barhan” sözüniň türki gelip çykyşlydygyny belleýärler. Şoňa görä-de, bu sözüň türkidigi jedelsizdir. “Mugallymlar gazetinde” çap edilen “Termin birliklerini saklamak gerek” (9) atly makalamyzda bu sözüň türki gelip çykyşynyň jedelsizligi mysallar arkaly teswirlenip görkezilipdi.

“Barhan” sözi häzirki zaman dünýä geografiýa ylmynda gury ýerleriň içki böleklerindäki çägeli çöllüklerde duşýan, ýeliň ugruna süýşýän, göçýän çägeleri aňladýar. Türkmen – türki dilde “barýan”, “gelýän” diýen ýaly işlikler bar. “Barhan” sözi hem gadymy türkmen sözi bolan “bargan”, ýagny häzirki “barýan” sözünden – işlikden dörän atdyr. “Barhanlar – barganlar – barýanlar” sözi rusça köplük sanda aýdylanda “barhany” diýleni bilen, ýeke iň soňky “y” goşulmanyň hatyrasyna oňa rus sözi diýip bolmaz.

Düzlüklerde, çägeli çöllüklerde, olaryň arasyndaky takyrlaryň üstünde ýeliň ugruna biri-birlerine çatlyşyp, ýele tarapy ýapgyt, yga tarapy kert ýarym aý şekilli çäge

depejikleriniň süýşüp, göçüp barýanyny gören, köp synlan ata-babalarymyz olara “bargan çägeler” diýipdirler.

Howanyň yssy wagtlary goýunlar biri-birleriniň kölegesine kellelerini sokup, çatylan ýaly bolup, bir hatarda ýöräp barsalar, olara-da “baranlar” diýilýändigini unutmaly däldiris. “Baran” sözüni hem häzirki birnäçelerimiz rusçadan türkmençä “goýun” diýip terjime edýäris. Emma ruslar “baran” sözüni türkden rusça “овца” diýip terjime edýärler. Şonuň üçin gysga çekilip aýdylýan “a” sesi bilen ulanylýan “bar” diýen söz asly türki – türkmen diliniň miwesi bolup, bir ýerden başga ýere gitmegi aňladýar (Ýazylyşy boýunça şu söze meňzeş “bar” sözündäki “a” harpyny iki dereje uzaldyp aýdylmagyndan, ýagny has çekimli aýdylmagyndan bir zadyň bardygyny habar berýän söz hem döreýänligi üçin “a” harpa üns berdik). Şol düýp sözden emele gelen tebigy hadysany, ýer üstüniň gurluşynyň şekilini aňladýan “bargan”, ýagny ýoýulyp “barhan” bolan sözi türkiden aýryp, başga dilde düşündirip bolmaýar.

Bu at ýa-da geografiýa ylmynda ulanylýan adalga “barhan” görnüşinde halkara diline biziň dilimizden, türkmen dilinden geçip ornaşandyr. Adyň manysy tebigy hadysa kybapdaşdyr. Şol kybapdaşlygy diňe türkmençe – türkiçe düşündirip bolýandyr.

Birnäçe “alymlaryň” “barhan” sözüni rusçadan türkmençä terjime edip ulanýan “aklaň” sözi, aslynda, türkmen dilinde nämäni aňladýarka? Onuň “barhana” dahylly ýeri bir barmyka?

Aklaň – türkmen dilindäki iki sany düýp sözüň, ýagny reňk aňladýan “ak” we häsiýet aňladýan “laň” sözleriniň goşulyşmagyndan ýasalan goşma söz. Biziň ýurdumyzda Garagumda ýaşan ata-babalarymyz bu iki sözi goşup, bir geografiki adalgany ýasapdyrlar. Bu geografiki adalga çägeli düzlükde, çöllükde dürli tebigy hadysalara ýa-da adamzadyň täsirine – antropogen täsirlere baglylykda emele gelýän ýer üstüniň bir görnüşini aňladýar. Bu goşma sözüň birinji bölegindäki “ak” sözi bir zadyň reňkiniň akdygyny, ýagny beýlekilere garanda açyk reňklidigini aňladýar. Ikinji bölegi bolan “laň” bolsa, bir zadyň beýlekilerden saýlanýandygyny, beýikligini, artykmaçlygyny, tapawutlanýandygyny aňladýar. Türkmen dilinde bu söz adam häsiýetini kesgitlemekde-de ulanylýar. Meselem, köpçülikde biri ýerliksiz köp gepläp otursa ýa-da soralmadyk ýerde beýleki adamlara gezek bermän gürlese, ol adam barada “Pylany laňňasa bolupdyr” diýýärler. Biri oturan ýerinden çalt aýak üstüne galsa, oňa-da “Ýerinden laňňa galdy” diýilýär. Görşümiz ýaly, “laň”, “laňňa” sözleri biziň türkmen dilimizde şu günler hem ulanylýan eken. Bu

sözüň manysy daş-töwerekden tapawutlanmagy aňladýar. Ony ýokarky mysallardan hem görmek bolýar.

Geografiýa ylmynda-da bu söz belli bir görnüşdäki, daş-töweregini gurşaýan beýleki ýerlerden tapawutlanýan ýer üstüni aňlatmakda ulanylýar. Ata-babalarymyz çägeli düzlüklerde gum gerşiniň beýik depesi ot-çöpsüz, ýalaňaç bolsa, oňa “aklaň” (“ak-laň”) diýipdirler. Ol ot-çöp bilen örtülen gum gerşiniň garamtyl görnüşiniň mesaňa agaryp, saýlanyp duran geriş depesiniň beýleki landşaftlardan – tebigy şekillerden tapawutlanýandygyny aňladypdyr.

Aklaňlaryň hemişe diýen ýaly saýlama beýik gum gerşiniň depesinde bolýanlygy çöl tebigatyndaky kanunalaýyklykdyr. Sebäbi ýerli ýeller gum gerişlerini, ýapgytlaryndan sydyrdyp alan çäge zerrejiklerini göterip howada uçurýarlar. Gerşiň depesine gelende bolsa, gerşiň aňyrsyndaky ýel kölegesinde ýerli howa basyşynyň täsiri astynda tizligi üýtgäp (öwrüm edip), göteren çägesini dökmäge mejbur bolýar. Şeýlelikde, gum gerşiniň üstünde ösümliksiz çägelik döreýär.

Ol çägeler ýeliň ugry üýtgände gerşiň depesiniň bir çetinden beýleki çetine süýşýärler. Has güýçli harasat, şemel bolaýmasa, gerişden aýrylyp, sowrulyp gitmeýär. Gerşiň depesinde hemişe az aralyga bolsa-da süýşüp durýanlygy üçin,

ol çägeleriň üstünde ot-çöp bitip, ornaşyp bilmeýär. Eger-de dowamly döwürde, ýagny onlarça ýyllaryň dowamynda şol ýerlerde mal bakylmasa, aklaňyň tutýan meýdany azalýar. Gum gerşiniň ýapgytlarynyň ýokarky beýik böleginde güneýigiň iki görnüşi (turneforsiýa we geýlotrop), selin ýaly ortjumak sözen (Garagum switasynyň bar ýerlerinde), gandym ýaly agaç görnüşli gyrymsylar ösüp başlaýarlar. Şeýlelikde, gum gerşiniň ýokarky bölegindäki göçýän çägeleriň meýdany kiçelýär. Eger-de gum gerşiniň golaýynda has oý ýer bolsa, ýagny çuň depiz ýa-da çöketlikde takyr bolsa, aklaňlar asyrlar boýy öz görnüşini üýtgetmän saklanyp galýarlar. Munuň şeýledigini Garagumda duşýan ýerli atlar: Guba çägäniň aklaňy, Molla çägäniň aklaňy we beýlekiler tassyklaýarlar.

Aklaňlar diňe tebigy emele gelişli bolýarlar diýsek ýalňyş bolar. Sebäbi islendik gum gerşiniň golaýynda guýy gazylsa, ondan hem mal içmäge ýaramly suw çyksa, süri mallary suwa ýakylmaga getirilýär. Döwlet sürüleriniň günde-günaşa guýa gelip gitmekleri zerarly, guýynyň töweregindäki gumluklaryň ösümlik ortügi ýok edilýär. Şeýlelikde, gum depeleri, gerişleri ýalaňaç çägelige öwrülýär. Guýynyň golaýyndaky gum gerişleriniň depeleri uzakdan seredilende, umumy garalyp ýatan görnüşden tapawutlylykda, ak bolup görünýär. Şonuň üçin hem Garagumda guýularyň ady bilen

baglanyşykly aklaňlaryň atlary hem tutulýar. Merkezi Garagumda belli antropogen emele gelişli Düwrünliniň aklaňy, Gibigiň aklaňy we beýlekiler köp. Gum içinde “Azaşsaň aklaň bar” diýen ata-baba pähimi hem aklaňlaryň köpüsiniň guýularyň töwereginde döreýänligi bilen düşündirilýär.

Aklaňlaryň barhanlardan tapawudy, ol çägeleriň barhanlar ýaly uzak aralyklara göçmän, öz baran ýerinde ol tarapdan beýleki tarapa ýeliň ugrunyň üýtgemegine tabynlykda, gysga aralykda süýşýänligidir. Aklaňlardan bölünen süýşýän çägeler diňe şol guýunyň özüne ýa-da töweregindäki hojalyk desgalaryna howp salyp bilerler. Barhanlar bolsa hemişe bir ugra, uzak aralyklara çenli süýşüp bilýändikleri üçin, diňe bir ýerli desgalara däl, eýsem obalardyr şäherlere-de çäge basmak howpuny döredýärler.

Aklaňlar bilen barhanlaryň ýer üstünde emele getirýän şekilleri hem meňzeş däl. Barhanlar ýarym aý şekilli bolsalar, aklaňlar kiçiräk gerişjagaz ýa-da ulgamly utgaşyp gidýän çägelikleriň şekilinde bolýarlar. Tebigatdaky şekili, özüni alyp barşy, hojalyga täsiri boýunça, biri-birlerine düýbünden meňzemeýän, fiziki-geografiki alamatlary dürli bolan ýerüsti görnüşlerini ata-babalarymyz hem aýratyn atlandyrypdyrlar. Şu günki geografiýa ylmynda biz hem ata-babalarymyzyň tebigaty

synlap seljeren dürlüliklerini asyl nusgasynda ulansak dogry bolardy.

“Barhan – bargan” sözi bilen bir hatarda “takyr”, “şor” ýaly türki – türkmen dilindäki geografiki adalgalar dünýä geografiýa ylmyna şol durşuna giripdir. Ol adalgalar düşündirilende hemme dillerde-de olaryň tükmençe manysy ulanylýar, kesgitlenilýär.

Barhan, takyr, şor (sor) adalgalary häzirki zaman dünýä fiziki-geografiýa ylmynda etraplaşdyrma geçirilende-de landşaft tipleri (daşky görnüşi, hili boýunça birmeňzeş stildäki) derejesinde alynýarlar.

Türkmençe ýazylýan öz ýurdumyza degişli fiziki-geografiki işlerde, köplenç, adalgalar rus ýa-da halkara dilindäki ulanylyşy görnüşinde alynýar. Olaryň käbirleriniň türkmençe aýdylyşynyň barlygyny bellemek gerek. “Konuswynoslar” diýilýänlere “çykaryndy güberçek” diýip ýörmän, “damana” diýilse ýerine düşerdi. Sebäbi türkmen dilinde dag etegi güberçek başlangyçly, daşly toprakly, ýapgyt ýer üstüne “damana” diýilýär. “Damana” sözüni kähalatlarda tutuş dag etegi ýapgyt eňňitli ýerleriň hemmesi üçin hem ulanýarlar. Şeýle bolaýanynda-da tebigy ýagdaýa mahsus bolýar, ýalňyşlyk bolmaýar. “Damana” sözüni hem dag

eteginde duşýan landşaft tipli ýeriň biriniň derejesinde ulanmaga wagt ýetdi.

Türkmen dilinde ýazylýan geografiki edebiýatlarda rusça ýa-da ondan gönüden-göni terjime edilen adalgalary ulanman, mümkin bolan ýerinde, türkmençe adalgalary ulansak, öz ene dilimiziň öňki kaddyna ýetmegine ýardam etdigimiz bolardy.

Çägeli çöllüklerde geriş, depe, aklaň, alaň, barhan, ala, tum, oý, depir, takyr, ugrak, takyrsow, şorsow, belent we beýleki birnäçe adalgalaryň asyl manysyny geografiýa ylmynda tebigy çäk birlikleriň görnüşleri, hil aýratynlykly şekil ýa-da tebigy hadysa hökmünde düşündirip ulanmaga mümkinçilikler bar.

Dag etegi düzlüklerde etek, tagta, ýanbaş ýaly; daga has golaý ýerlerde depe, baýyr, damana, jar, gorp, hana; daglyklarda geriş, depe, köw, dere, çaý, gol, jülge, gylga, ýalçy, gaýa, kert, seklim, jyglym, harsaň, seki, bilge, kemer, dik, zaw we beýleki birnäçe ýerli geografiki aýratynlyklary, agzalary, hadysalary aňladýan adalgalar ulanylmagyna garaşyp ýatyrlar. Eger-de şu atlar, adalgalar köpçülige düşnüksiz bolup, ýatdan çykarylan bolsa, olaryň ýörite düşündirişli sözlügini geografiki işleriň yzynda bermek hem bolardy.

Biziň türkmen halkymyzyň iň gadymy guramaçylykly ýaşap başlan halklaryň biridigi ýurdumyz garşsyzlygyny alanyndan soň Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň tagallasy bilen bütin dünýä äşgär boldy.

Türkmen halkymyz bilen deň hatarda ene dilimiz hem iň gadymy dilleriň biri diýlip ykrar edilýär. Onuň şeýledigine biziň ene dilimizde tebigatdaky, durmuşdaky ähli zatlaryň at-adalgalarynyň bardygy, düşündirilip bolunýandygy hem şaýatlyk edýär.

Bu ugurda has çuňňur ylmy esasda işleri alyp barmaga ozal ýol berilmedik bolsa-da, Türkmenistanyň tutuş iliniň bir agyzdan ykrar edip saýlan Hormatly Prezidentimiz oňa ýol açdy. Ýol açmak bilen hem çäklenmän, özi görelde bolup, arassa türkmençe gürlemegiň, ýazmagyň, döretmegiň nusgasyny görkezdi. Bizden hem şony talap edýär.

Biz hem öz ornumyzda dürli ugurlarda şol nusga mynasyp bolup işlemäge çalyşsak, Hormatly Prezidentimiziň görkezmelerini berjaý etdigimiz bolar, şeýle hem ata-babalarymyzyň döredenlerini gaýtadan dikeltmäge ýardam etdigimiz bolar.

## §8. Käbir geografik atlar barada maglumatlar.

Biz Makedonskiniň b.e.-öňki 330-327 ýyllarda eden ýöreýşi hakyndaky gürrüňimizi bir soraga jogap tapyp ýapsak bolar. Bu Mesele Merkezi Aziýanyň halklarynyň taryhy üçin wajypdyr.Kop sowet Alymlar we Edebiýatlar şunyň Margýanany basyp alyp, 6 gala guranlygyny belleýär. Bu barada ähli netijeler Kursiý we pliniýa Ulynyň ýazgylaryna görä aýdylýar. Kursiý Ruf "Aleksandyr sogdoandan Baktriýä gelýär, ol ýerde goşmaça goşun edinip, Oh we Okus hemişe bulançäk derýalary kesip geçip Margiýana ýetýär, ol ýerde 6 bekit gurmak üçin baýyrlaryň üsti saýlanyp alynýar" diýip ýazýar.

Uly plini bolsa şeýle ýazýar; " şa bu ýerde Aleksandriýany döredýär, ony ýykýarlar, ýerine Selewikiň ogly Anduoh belleýär. Biz aşakda ň margiýana ýöreýşiň dogrulygyny barlarys.

Aleksandyryň Margiýana gelen ýoly Baktriýandan Pksa, ýagny Amyderýa çenlidir. Bu 2ara 75 km bolup, dogrudan hem bulnçak, köpsuwly derýadyr. Soňra ol Amyderýadan geçip, Sagdiýananyň serhatlarine golaýlaşypdyr. Olar soň Margiýana gelipdirlar. Ýöne, 1) Margiýana anyk Murgabyň boýunda ýerleşýär; 2) Kursiý Ruf dürli görnüşli atlary ýazýar.; 3) Kursiý Ruf Alersandriýa şäheri barada aýtmaýar; 4) Murgabyň

dektasynda oň we şu wagt 6-sany bekitme gurar ýaly baýr ýok, ol ýer diňe düzlik bolan . bularyň ählisi diňe Sogdanyň çäginde wakalaryň bolandygny subut edýär.

Uly plinýanyň aýdan zatlary b.e.öň III asyrda Selenekiň we Awohyň goşunbaşy bolan Demodamyň gören, subut eden anyk zatlarydyr. Strabon bilen Ploniýanyň tapawutly ýazgytlary bar. Strabon boýunça Margiýana çöl, Plinoýa boýunça dag bilen gurşalan. Iki alym bir derýanyň aşakgy we orta akymlaryndaky taryhy ýerleri aýdýarlar. Antuoh megerem, suwly, oňat ýerli ýerde we ilat bar ýerde Antohiýa şäherini gurandyr.

“Margiýana” at Dariý I öň ýazdyran Behistun ýazgylaryndan soň ýitip, ýüzlerç ýyl bolman Selenekiň ogly Antuoh bilen sazlaşykly taryhy arena çykýar. Bular Margiýanada bolan gozgalaňa garşy bolan uruş bilen düşündirilýär. Erik galada gazuw-agtaryş işleri netijesinde b.e.öňki V-IV asyrlara degişli zatlar tapyldy. Bu ol döwürde aşakgy we orta akym Murgapda şäherleriň, galany täzeden dörändigini aýdyňlaşdyrýarlar. Ol Baktiýanyň bir bölegi bolan bolmaly. Aleksandr Ahemanitleri basyp alanda Margiýana gelmedi. Sebäbi, onuň töweregi çöldi. Ol ýerde çaknyşyk, uruş bolman soň onuň ösüşi dowam etdi.

Bu ähli ýazgylar bize Aleksandriý Margiýana gelmändir, şonuň üçin alymlar bu hakda ýazmandyr diýmäge mümkinçilik döretdýär

**Aziýa ýörişiniň maksady we dinamaikasy.**

Biz Aleksandyr Makedonskiniň orta gündogara we Orta Aziýa eden ýörişlerini 2 taraplaýyn öwrendik, hornologik we geografiki, Hornologiki tarapy, şanyň ýörişiniň wagt yzgiderliginde dogrudygyny, geografiki tarapy bolsa onuň ýöriş eden ýerleriniň ählisiniň barlygynyň subut etdi. Biz indi bu şanyň we goşununyň, ýagdaýyny öwrenmekçi.

Mekdep ýyllaryndan ähli adamlara Aziýany sarsdyran Makedonskiý bellidir. Biz ony öwrenip, onuň ýörişine baha bermakçi däl-de, ony deň-duşlarynyň gözi bilen öwrenmekçi, häsiýerlerini, ýagdaýyny öwrenmekçi.

Aleksandr öz döwrüniň mert, gaýduwsyz uruşjysy, goşunbaşy bolsa-da, mugallymy, b.e.öň IV asyrda belli adam Aristotelden bilim taýdan diýseň pesdir. Ýöne, biz bu adama soňky 2300 ýýlda ylymda adamlaryň ýeten derejesini unudup seretmelidiris. Ol öz döwrüniň talantly adamy bolupdyr. Aleksandyryň Aziýa ýörişi gysga wagt içinde bolup geçen bolsa-da, köp hadysany, ýagdaöz içine alýar. Ol indiki tapgyrlara bölünýär we meseleleri çözýär.

1. Bu Aziýa gurulan ýöriş ilki pars satraplaryny grek-pars uruşy üçin ýeňmekdi. Makedonlar greklere ýardam deip, dara garşy çykdylar. Aleksandryň ýurdy garyp, gaznasy boş we bergisi 20 esse köpeldi. Ol parslary ýeňenden soň abraýy, baýlygy artdy, ýeňiş ýeňişe tarap göneldi. Ol şonda 22-23 ýaşyndady, abraýy öz ýurdundan uzaklara ýaýrady. Ol öz-özüne oňat uruşyjy däl-de, Alladan gelen buýrukdyryjyny subut etjek boldy.

2. Eger ýeňiş yzyna ýeňiş şaha ýar bolsa, onda bu şa hudaýlaryň oglydyr. Diýmek "men zenesiň ogly" diýen pikir Aleksandyryň aňyna geldi. Ol muny tassyklajak bolup Afrika çöllügünden geçip müsür Ammonyň (zenesiň ikinji tarapy, meňzeş, manydaş) ýadyna bardy. Ol gerek jogaby eşidenden soň, özüniň hudaýynyň ogludygyna ynandy. Şaýdip, Aziýa II ýöriş gutardy.

Ol Pars ýurdyny basyp almagy dowam edýärdi. Alynky Aziýa ýurtlarynyň baýlygyny bilip, olaryň baýlygyny bilip, olaryň baýlygynyň, ýerini we gazna salgytdan gelýän pullary gereklere ugratmagy isleýärdi. Bulary ýerine ýetirmek üçin Därini diri tutyp, soň göýberen bolup ony öňki ornunda goýmak gerekdi. Ol gan döküşlik, ýurdy ele almak islemeýärdi. Ol diňe Aziýanyň baýlygynyň hasabyna mugthorçulyk edip, salgyt alyp oturjak boldy, Satraplary, ýurtlary dargadyp

administrasiýany çalyşjak bolmady. Ýöne onuň bu meýili b.e.öňki 330-njy ýylyň tomsunda Bess tarapyndan bozuldy. Bess Dariý III-ni öldürdi Aleksandyra Bessy patyşaha eden dönükligi üçin tutup, jeza bermek gerekdi. Onuň indiki ýörişiniň şygyry hem şol boldy.

3. Aleksandr bessy Tiziraktutup öldürjekdi. Ol b.e.öňki 329 ýýlyň ýazynda Parfiýada gyşlan soň Baktriýa göneldi. Onuň bu meýline Arili Satibarzan böwet boldy. Onuň basyp alan şundan soň gozgalaňlar boldy. Netopede, ol ähli zady düzedip, b.e.öňki 328 ýylda Bessy tutdy we jezalandyrdrdy.

Antoki düwrüň alymlary ýer togalagyny disk görnüşünde göz-öňüne getirip, onuň disk görnüşünde göz-öňüne getirip, onuň merkezi Ortaýar deňzi hasaplapdyrlar. Onda Aziýa, Ýewraziýa we Liwiýa (Afrika) materikler bar diýipdirler we Ýewropa bilen Aziýany Tanais (Don) derýasy bölýändir. Kuriý Rufyň Aýtmaklygyna görä we Aleksandyryň ýazgylaryna görä, hakykatdan-da Tanais derýasy bar we Aleksandyr Aziýanyň Basyp alandan soň Ýewropa ýöriş etjek bolupdyr. Skifleriň ilçisiniň hatynda olaryň Tanaislariniň üsti bilen Baktriýa, Fransiýa we Makedoniýa bažýlygyny, ýaşaýandyklaryny we şahyň goňşy halkdygyny ýazypdyrlar.

Bessi jezalandyrylandan soň ony ýok edipdirlae. Ol tizräk Tanais derýasyndan geçip, ony ýok edipdirler. Ol tizräk Taniais

derýasyndan geçip , öýüne gitmekçi bolupdyr. Ozi we goşuny ençeme ýyllyk watan aýralygyny çekipdir. Ýöne ol ýalňyşyp gündogar aziýa tarap gidipdir we Tanais (syrderýadan) geçmekçi bolupdyr.

Hindi ýörüşi-şanyň Aziýa ýörüşüniň soňky etrapy. Bu ýörişde üýtgeşik zat bolmady. Ýöne taryhda lkinji gezek Aleksandr goşunynyň talabyny ýerine ýetirdi.

Biz Aleksandyryň basyp alan ýerlerini we ýörişini öwrenmekçi bolduk. Hiç haçan hem taryhda bolan we ýazylan zatlary doly, anyk belli edip bolmaýar. Sebäbi, her bir öwrenýän alymyň öz pikiri, garaýşy bar. Şonuň soňky ýörişinde indikileri bellemek bolar:

1. Kaspiý Derwzäniň üsti bilen Arheologiýanyň entek tapmadyk Geoktompil şäheriniň ýerini bildiler.

2. Aleksandryň ýoly günorta dälde Türkmen Horasan dag eteginiň demirgazyk we Garagum çölüniň arasyndan geçipdir.

3. Ol Gerata çenli günorta süýşmän, göni Hindistana gidipdir.

4. Ol sagdada uzak durmandyr, ýöne ýörişi iň gazaplylaryň biri bolupdyr.

5 B.e.öňki 330-327-nji ýyllarda bolman marşrut ýene-de bir gezek dogry edilip subut edildi:

## §9.Ýerli alamatlar we tebigy şertlere görä dörän toponimler.

Aleksandr Makedonskiniň goşuny Eýranyň ýokary satraplaryna hem degip geçipdirler. Issidor Haraksinyň "Ýolagçy diýen işinde bu ýerden g-b, g-d tarap söwda ýolunyň geçýändigini ýazypdyr. Bu işiň ähmiýeti gaty ulydyr. Sebäbi onda Aheminitleriň satraplary yzygiderliligine ýerleşipdirler. Berlen maglumatlar boýunça Parfiýa satraplaryny Makedonskiniň söweşinden soňky eýelenen ýerleri bilmek bolýar we täze döredilen satraplary görmek bolýar.

Sasanylaryň Eýran döwletiniň çägi çeşmelere görä orta Aziýa boýunça g-o geçýär. Esasy üns Aparşahra berildi: ony gadymy Parfiýanyň merkezi we aparnylaryň şalygy hökmünde kabul etmeli; Aparşahranyň düzümine Parfiýena, Asbuýena, Apawarktika, Anaun we Drangiýana, Arahosiýa giripdir. Kuşanşaha owgan-hindi çäkleri degişli bolupdyr: Peşawen, Kabul, Nawetaki, Kaşgadarýa jülgesi.

Berlen çeşmelere derňemek Makedonskiniň marşrutyny anyklamaga kömek etdi. Onuň Orta Aziýa boýunça ýoly kesgitlendi. Diýmek, öňde goýulan maksada ýetildi.

**Ari taryhynyň gysgaça oçerki.**

B.e.öňki VI asyryň soňky böleginden b.e. VII asyryna çenli bolan ýazgylarda bu ýurt barada maglumatlar bar, ýöne

SSSR ony özüne degişli däl diýip hiç hili kitaba goşmady. Ol Türkmenistanyň çäginde ýerleşipdir diýen subutnamalar tapyldy.

Ariý diýip gadymy pars, grek, latyn we orta pars çeşmeleri aýdýarlar. Ol Awestada Haroýwa diýilipdir diýen maglumat bar. Ýöne bu kitap doly we dogry diýip bolmaz. Şonuň üçin biz b.e.ö-ki VI asyrda ýazylan (Behistun ýazgylary boýunça) Aziýa serderis we 3 etapa bölýäs: 1) Ariý Ahemenidiň düzüminde; 2) Ahemenit Yykylandan Parfiýa döreýänçä; 3) Grek-Baktriýa we Parfiýa bilen aralykda.

Ariý Türkmenistanyň Tejen derýasynyň Sarhys deltasynda ýerleşirdir.tejen derýasynyň antiki döwründe bu delta bilen tamamlanypdyr. Ptolomeý Sarahs deltasyny Ariý derýasynyň batgasy hasaplap, onda aýdylşy ýaly Tejen Gerirut bilen Keşetrudyň goşulan ýerlerinde aýdylýar. Strabon Ariý satroebynyň uzynlygyny 183 m diýip, ony 2000-e köpeldip almaly. (1 stadiýa 183 m). muny hasaplasaň Ariniň uzynlygy, derýanyňky 360 km bolýar. Eger bu uzynlygy karta geçirsek, ol sarhys deltasyndan tejeniň ýokarky-Keştrud akymyna çenli uzalar. Onuň merkezi awtorlara görä, Sarhs oazisinde ýerleşip, Merwden gelýän kerwen ýolunuň ugrunda bolupdyr, özge ýollar entek belli däl. Şol döwrüň ýazgylaryna göerä; Ariý g-d

Köpetdaga-da golaýlapdyr, Mäne we Duşak obalarynyň ortasyna çenli uzalypdyr.

Biz Arini öwrenenimizde onuň taryhy wakalaryna ýagdaýlaryna seredýäris.

**“Ýurtlaryň salgydynyň” düzüminde.**

Ariý taýpalarynyň ýuwaş-ýuwaşdan ösen döwleti b.e.ö-ki VI asyrda Kir II tarapyndan Ahemenitlere goşulýar. Olar ilki oduň arasynda galsalar-da ahmenitlere garşy Dariý I-öň uruşyna gatnaşmandyrlar. G-b Girkanýa we Parfiýa, g-d Baktriýa bolup, olaryň ikisinde-de uruş gidipdir. Edebiýatlarda oňa fiziki we moral kynçylygyň, ýitgidiniň ýetendigini ýazmaýarlar. Ododyň aýtmagyna görä Parsyň ýatyrylmagyndan soň Ariý Parfiýa, Horezim we Sogdlar bilen bile birikdirilipdir. Kseriks I döwründe ariler uruşa gatnaşyp, midiýa ýaýlaryny ylanypdyrlar, beýlekilerde bolsa baktriýan ýaraglary bar eken.

Ariler parslara beýlekilere garanyňda wepaly bolupdyrlar, ýörite goşunlarda, obalarda gornizonda gullyk edip, ýolbaşçylary ari bolupdyr, olara hökümet ýer beripdir, olar bolsa kärendesine beripdirler (b.e.ö-ki V asyr). Ariler goşuny iň soňky gezek ahementleriň düzüminde molkedonskiniň garşysyna b.e.öň 331 ýylda uruşýarlar we ýeňilýärler. Parslaryň elhenç ýeňilşi Eýranyň we orta aziýanyň taryhynda uly öwrülşik edýär.

**Aleksandr, Diadoki, Epigony.**

Ekbatanda ýeňilenden soň, Dariý 331-330 (b.e.öň.) ýylyň gyşyny geçirýär. Dariý Aleksandrň b.e.öňki 330 ýylda d-g süýşenini bilip, g-d yza tesipdir. Baktriýadan-Bess, Ariden-Satibarzan, Araha siden we drangiýandan-Barzalt şanyň golaýlaşanyny bilip, soňky ahmenidi öldürdiler. Olar ýurdyna gelip, Bessiň ýolbaşçylygynda gurma döredipdirler. Olar Parfiýany we girkaniýany grek-makedon goşununa uruşsyz beripdirler.

B.e.öň 329 ýylda Bess Aleksandyryň Parfiýada gyşlap, yzyna gaýtmajagyny bilenden soň, uruşa taýýarlanypdyr. Bess we onuň soýuzdaşlary şony ýok etmek üçin meýil edipdirler we arilere soňky rol berilmändir.

Aleksandr Bessiň planyny bilip, g-d ýöräpdir, ony Ariniň serhediniň satibarzan garşylapdyr we onuň tarapyna geçip, Bessiň meýillerini aýdypdyr. Munuň bilen ol şanyň ynamyna giripdir we öňki wezipesinde galypdyr. Bu bolsa şanyň esasy eähetleriniň biri bolupdyr. Satibarzan öz ýurdunyň ilatyny ölümden we uruşdan halas edipdir. Ol ýurdyň içinde g-d geçip, ilata degmändir, esasy maksady – Bessi boýun egdirmek. Makedonskiý gidenden soň, satibarzan Bessiniň meýline leýklykda goşunyň yzyndan urmaly eken, ýerli berkitmäniň goşynyny bolsa gyrypdyr. Alersandr bolsa 110 km ýoly 2

günde geçip, ýeňil ýaragly goşun bilen yzyna dolanyp geçipdir. Satibarzan Baktriýa 2 müň atly bilen gaçypdyr, ýeňil ilat bolsa boýun egipdir. Şa uruşa gatnaşanlary jezalandyrypdyr, parahat ilata bolsa ähli emläklerini gaýdyp beripdir. Şeýdip ariler grek-makedon goşununa garşy uruşy şowsuz gutardypdyr. Şa bu ýagdaýy göörüp, bess bilen ýekeme-ýekä galyp ol Ariniň baştutany edip arsamy belläbdir. Satbarzan 2000 atlysy bilen Ariýa gelip, gozgalaň turuzypdyr. Parfiýanyň satrapy Frataferna bolsa g-b çozmaly diýip buýruk beripdir.

Bu döwür Aleksandr öz goşuny bilen Parapamisden aşyp, d-g dagetegi düzlüge-Baktriýa golaýlapdyr.

Aride bolsa uruş başlanypdyr. Satibaýzan mert we güýçili adam bolupdyr. Ol Aleksandyryň goşunynyň ýolbaşçysyna we goşununa “haýsyňyz batyr, mert, gaýdusyz bolsaňyz geliň! Meniň bilen uruşyň! diýipdir. Onuň bilen Erigiýa uruşypdyr. Ol ýaşuly adam bolsa-da, ýaş wagty ökde uruşyjy adam bolsa-da, ýaş wagty ökde uruşujy eken. Olar orta çykyp uruşypdyrlar. Erigiýa şony Bessiň yzyndan gap barýarka ýarty ýolda garşylapdyr we utanyny Satibarzanyň kellesi bilen subut edipdir. Soňra Ariýa satrap edilip şonuň ýakyn adamy stasanor bellenipdir. Arsam bolsa dönüklikde aýyplanylyp şanyň ýanynda zynjyr bilen daňylýan halatda getiripdirler,

megerem, öldürendirler. Şeýdip, arileriň şaha baryşy II gozgalaňy hem gutarypdyr, patyşa-da öldürilipdir.

## §10. Toponimleriñ ýerli landşaftlara görä döreýişleri

Gerodotyň işlerinde ak derýa barada şeýle ýazgylar: “Aziýada ähli taraplary gerşleri bilen gabalan uzynlyk bar. Ondan ak derýa akyp dagyň 5 sany deresi boýnça bölünip akýar we ýerleri suarýar. Prslar bu ýeri eýeleýär we şa ol ýollary ýapýar. Ol düzlikbolsa köle öwrulär.” Bu gürrüň köp edebiýatlarda öz beýanyny tapdy, ýöne ak derýanyň taryhda ýerleşen ýerini kesgitlemäge ýeterlik däldir. Ony bilmek orta aziýada köp zatlara ýol açdy.

Eýýäm 100 ýyldan bäri taryhy we ylmy edebiýatlarda Tejen-Gerurut bilen bir hasap edilýär. Ýone 19-nji asyrdan bäri ak derýa syrly bolup galýar. Ak bilen tejeni M Diýakonow. I.M Diýakonow. W Gaýdykowiç. W. M Masson we ş.m belli hasaplanýar. S.P Tolstow bolsa Ak-Akes –oks ýada Wahş diýip, ony Amy derýa bilen bir hasaplaýär. Muňa h. Yusubow hem goşulýar. Tomson we I.W Pýankow bolsa, asla bular ýaly derýanyň ýokluguny aýtýarlar. Orta asyrlaryň Tejen-Gerirut derýasynyň Ak,Oh, Aki derýalary bilen bir hasaplaýarlar. Tejen derýasyny Strabon “geografiýa” işinde oh görnüşde we 21-nji asyrda G Wilson. Wtomanşin hem ýatlap geçýär. Olary

Masson, Mýe hen gollaýar. Gerododyň ak we Strabonuň oýalary tejene degişli bolsa onda olara ak we oh atly ýaöne bir derýadyr (Bobkow 1971).

Biz bu soragy taryhy usul bilen çözmekçi: 1)Gerododyň göz önüne tutan derýasyny kesgitlemek, 2)Gerododyň aýdyp geçen taýpalrynyň haýsy derýanyň ýanynda ýaýandygyny kesgitlemek.

Gerodod Wawilondan gid-ra geçmändir, ýöne orta aziýada 3 sany derýany agzaýar: Araks-Amy derýa-tangis-syr derýa; Ak tejen-Gerrirut.

Bu soňky derýa ýazgylara görä, daglardan akyp, düzlige çykandan soň çöle siňip gidýär.gadymy atlary we ak derýany bilmek üçin Strabonuň we gerododyň şlerine seretmek: olaryň ýazan işleriniň arasynda 5 asyr bar bolsada, orta aziýanyň hytaý, Hindistany öz içinde belläp geçýär. Ony we beýlekileri Kursiý Ruf Ptolomeý, Ammuan Marsllin we ş.m alymlar hem öz işinde ýazýarlar. Dürli alymlaryň berýän maglymatlaryny hasaplap baktriýa (g-d) we girkan (g-b) taraplara böldük.

I. Baktiýa Ohi barada maglumat

1) Oh hem oks ýaly hindi daglaryndan başlaýar;

2) Oh baktriýanyň üsti bilen akýar.

3) Oh başda oksdan tapawutlanýar, ýone soň birleşip soň bir hanadan akýar.

4) Oh Parfiýada g-d ýerleşýär.

5) Kursiý Ruf: “ Aleksandyr IV gün oksa ýetýän ol ohy we oksy kesip geçip Margiýana gelýär”.

6) Plini: bu halk (Bktriýalydyr) Oh derýasy bilen çäklenýärler.

7) Ptolomeý: “ Baktriýadan akýan derýalar oksa guýýar: Oh, dargona Zarias, Artamis dargit. Drgitden özgeleri ilki birikýärler soň oksa guýýarlar.”

8) Ammuan merslin: “Baktriýaly köp suwlwr suwarýar olar oks deryany baýlaşdyryp oňa guýýarlar.”

II. Girkan Ohy barada maglumat.

1) Gadymylar asla Ohy belläp geçmeýärler.

2) Oh hem oks ýaly hindi daglaryndan başlaýar

3) Oh we oks Girkanýadan akýar.

4) Oh we Oks Girkanýanyň çäginden Hazar deňzine guýýarlar.

5) Oh ähli ýerde oksdan tapawutly.

6) Oh Oksdan Günorta akyp geçýär.

7) Oh baktriýadan akmaýar.

8) Apolladorunyň aýtmagyna görä oh parfiýanyň golaýndan akýar.

9) Oh nusaýdan akýar.

10) Onuň boýunda dowapporlylar ýaşapdyrlar.

a) Daý-apornlar Grkaniýa golaý ýerleşip çöllük bilen bölünýär.

b)Daý-apornlar Girkanýa golaý we olar deňiz bilen çäklenýär

ýokardakylary deňeşdirenimizde Girkanýanyň Oh hakykada golar. Ýöne baktriýada hem derýa bar, ýöne strabonyň şini öwrenen alymlar bu iki derýany ýalňyşyp bir edip alypdyrlar. Strabonyň maglumatlaryna seretsek, Oh Hindi Tawryndan gözdaşy alyp nusaň we grikanýanyň üstünden akyp geçýär we oksyň g-o derýa guýýar eger şeýle seretsek ol ýerde etrek gürgen derýalary akýar. Şu wagtlar hem bu ýeriň adamary Etrege Oh diýýärler . Strabonyň slerinde özge derýalar hakynda hem belläp geçýär, olaryň doly we ank ýerleri belli edildi: Oks we Ýaksat-orta Aziýanyň beýik derýaly Amyderýa, Syrdeýa. Öki Margyň we Pahtimediň atlary bellidir Häzirki murgap we Zerewşan. Starbonuň aýdyşayny jemlesek Ak, Oh Tejendir. Ýöne Ariý hem Tejen diýýärler. Eger ol şeýle bolsa, Ohy (Ak) Etrek diýmek amatlydyr we köp meseläni aradan aýrýar. Daý-aparn taýpasy barada aýdanyňda olar biziň eramyzdan ön III asyrda Ohuň Tejen bilen gabat gelýänini ýalňyş ýazyp, ony bu derýanyň boýunda ýaşaýar diýp aýdýarlar. Oh bilen Etregiň bir derýadygyna Strabonyň işinde köp mysallar getirilýär. Ak derýanyň ýerini kesgitlemäge ýene bir igur bar, ol hem

halklaryň ýerleşişini öwrenmekdir: girkan, parfian, horzimler, sanglar, tamanlar. Bu halkjlar Gerodot tarapyndan iki ýerde: Dariý I-iň basyp alan ýerlerinde we Kserksiň goşununyň düzümi aýdylanda ýatlanylyp geçilýär.

Geradodyň ýazgylarynda ýokardaky agzalan taýpalyň haýsy okruklara (şol wagt) degişlidigini görmek bolýar. Onda taýpalar okruklar boýunça yzygider şip goňşydyklaryny görkezýär. Gerododyň ýazgylarynda bize gerek taýpalynyň ählisiniň Ihserks 1-njiydan oň ýörüşinde bolndyklaryny görýäris bu goşunlaryň ýaraglary goňşy halklaryňky bolupdyr. Bu olaryň ýene-de goňşydyklaryny görkezýär.

Girkaniýa jedelsiz hazar ýakanyň günorta-gündogaryny eýeleýär. Ol at şeýle bir ýörgünli bolupdyr welin, hat-da Girkaniýa deňzi, Gürgen ýa-da Gorgan oblasty atlar galypdyr. Belkem, häzirki gökleň taýpa hem şondan galan bolmagy mümkin. Özge pikirlere garamazdan, Parfiýa Girkanlaryň Güogarynda. ýerleşýändirler. Häzirki zaman arheologlar Parfiýanlar türkmen – Horosan daglarynyň günbatar böleginde we Köpetdagyň demirgazyk. böleginde ýaşapdyrlar diýärler. Bu bolsa Köpetdagyň dag eteginde köne Nusaýyň barlygy bilen hem tassyklanýar.

Horasmiler Gekateýiň aýtmagyna görä Türkmen-Horosan daglarynyň demirgazyk we Tejeniň jülgesinde ýaşapdyrlar.

Gerododyň sarangilerini häzirki sistanada, Hamun batgalygynda ýerleşýär diýsek dogry geler. Gerododyň ýazgylaryna salgylansak ol hut Demirgazyk. Eýranda ýerleşýär. Ýöne bu aýdylanlar Strabonyň Drangianasyny ret etmeýär. Olaryň birligine ýerli maglumatlar we taryhy wakalar şaýatlyk edýär. Ýöne atlarynyň dürliligi taryhy wagt bilen düşündirmek bolar. Sarangylar-Dranglar Aleksandr Makedonskiniň ýörişinde, Parfiýa döwleti döränden soň az-kem Günort G.d.– Gündogaraa süyşüpdirler. Drangiana saklaryň ýörişinden soň Geradyň günbataryna süýşipdir. Strabonyň we Geradodyň işlerindäki saranglaryň süýşen, göçen ýrlerini öwrensek olaryň Nişapura, Eýranyň çäginde ýerleşmekleri hakykata laýkdyr.

Famaneýler Geradodyň işlerinde birnäçe gezek ýerleşişlerini anyklanyşy ýaramazdyr. Olaryň ýerleşişini öwrenýän anyk barlaglar geçirilmeli. Olary öwrenjek bolsaň Gerat oazisinde, günorta – gündogarda ýaşaýan türkmen nesillerini öwrenmeli. Ýöne Geradot boýunça saranglardan, famanelar gündogarynda ýerleşýändirler.

Şeýlelikde, Geradot boýunça taýpalaryň Ak derýa boýunça ýerleşişini öwrensek ol doly we dogry bolup çykýar.

Netijede Strabon bilen Geradodyň ýazgylaryny bäş taýpa gabat gelýär: girkanlar Agyň (Etrek) aşak akymynda, parfiýalar we horezmliler ondan demirgazygynda saranglar we famaniler Agyň günorta tarapynda derede ýerleşýär.

Ak derýa barada aýdylanlardan indiki netijelei çykarmak bolar:1) Geradoda iň ýakyn Aziýa derýalarynyň biridir we ol ony oňat bilýär; 2) Ak derýa horasmilere degişli bolupdyr we bürünş asyrynda medeniýetiň döremegine getiripdir; 3) Geradodyň sana taýpalary Etregiň jülgesinde oturymly ýaşpdyrlar.

## §11.Hojalyk we tebigy ýagdaýlary öwrenmekde toponimleriñ tutýan orunlary.

Görogly Şa dessany halk döredijiliginiň iň çeper, kämil edebiýat mirasy nusgasy görnüşinde Merkezi Aziýanyň, Kawkazyň halklarynyň arasynda meşhurdyr. Şoňa görä-de bu ajaýyp dessanyň baş gahrymanyny her halkyň öz arasyndan dörän Şahsyýetdigini subut etmäge synanyşyklarynyň bolmagy tebigy zat. Emma bu meseläni çözmekde dessandaky wakalaryň bolup geçýän geografik aralyk giňişligi baradaky maglumatlary dogry seljerseň, onda hemme zat öz ornuny tapýarda, jedele ýer galmaýar. Göroglynyň atasy Jygaly beg Soltanyň ýaşaýan ýeriniň daglykdygyny ünse almak gerek.

Galyberse-de şol galanyň, dagyň bilinde ýerleşýändigi aýdyň hakykat. Köpetdagyň Kösedag gerşiniň gapbilinde daşdan örülen uly bolmadyk gala bar. Eger-de Ýer ýüzünde Jygaly begiň, Göroglynyň galasy bolan bolsa onda biziň salgysyny berýän galamyz şol bolmaly. Bu barada şeýle ynamdar aýtmagymyza subutnama bolup biljek deliller örän köp. Bu deliller biziň salgysyny berýän ýerimizdäki ýerüsti gurluşyň dessandaky aýdylýanlara gabat gelişi bilen tassyklasa bolýar.

Dessanda Çandybil, Üç gümmez, Balkan, Weýeňňan , Ýyldyz dagynyň eteginde bolan hadysalaryň biri-de Göroglynyň kyýamatlyk dogany Bezirgen bilen baglanyşykly. Şol hadysalaryň biri-de Göroglynyň kyýamatlyk dogany Bezirgen bilen baglanyşykly. Şol hadysanyň bolan ýeriniňşyna örän meňzeş ýerler ähli beýleki meseleleri-de çözmäge ýardam berjek geografik hem taryhy-geografik maglumatlaryň subutnamalary, häzir Görogly diýip atlandyrylýan dagyň eteginde hut dessandaky beýan edilişine mahsyslykda saklanyp galypdyrlar. “Ýyldyz dagyň ýoly bekdir, Gaýt Bezirgen ýol mundadyr!” diýilen setirleriň aýdyň düşündirilişi bar. Hut şol ýerde-de Göroglynyň öz eden işine puşman edip, Bezirgeni belent depäniň üstüne jaýlanlygyna gabat gelýän, adaty adamlaryň guburyndan has uly mazar - “Bezirgeniň mazary” hem öňki ýerinde ýatyr.

Görogly Şa dessanyndaky geografik atlaryň uly toplumynyň ýerleşýän ýeri barada maslahatdaky çykyşymyzda giňişleýin aýtmaga mümkinçilik bolar.

Türkmenistanda we bütin dünýäde iň gadymy medeni ojaklaryň birine “Jeýtun” diýip atlandyrýarlar. Bu medeniýet merkezinde ýerli taýpalar b.e.ö 5-nji müň ýyllykda oturymly ýagdaýda ýaşapdyrlar. Olaryň oturymly ýaşap, çarwadarlyk bilen bir hatarda däne ekerançylygy bilen meşgullanypdyrlar. Bu medeniýete degişli merkezler Köpetdagyň eteginde Zeýtunyň özünden başga-da Pessejikdepe, Çopandepe, Togalakdepe we beýlekiler degişlidir. Medeni merkeze degişli depelerde arheologlar gazuw agtaryş işlerini geçirenlerinde ýörüte ýaşaýyşa we ynam ybadatlara niýetlenilen jaýlaryň hem bardygyny anykladylar.

Biz öz landşaft meýdan ylmy barlag işleri geçirenimizde Zeýtun obasynyň gurulan ýerine golaýda süýji suwly kölüň bolandygyny, onuň suwunyň hemişe bir derejede bolmandygyny, dowamly wagytda hat-da suwsuz bolandygyny anyklamaga ýardam berýän maglumatlary topladyk. Şol maglumatlara we arheologik barlaglaryň netijelerine esaslanmak bilen, gadymy medeniýetiň dörän taryhy döwründe Köpetdagyň çeşmeleriniň köp suwly bolandyklaryny, howanyň çyglylyk derejesiniň häzirkiden has ýokary bolandygyny,

wagytlaýyn akarlaryň dag etegindäki çöketlikleri doldurandygyny aýtmak bolar. Muny şeýle bolandygyna tutuş Ýewraziýada bolan iň soňky çetwertik buzlanmasynyň b.e.ö. XIII müň ýyllyklarda Ural dagynyň sebitleriniň buzdan halas bolmagyna sebäp bolan howanyň gaýtadan ýylap başlandygy bilen düşündirse bolar.

Tebigy hadysanyň şu aýdylanlara ýakyn şertlerde bolandygy paleogeografik usullar bilen geçirilen barlaglarda-da beýanyny tapdy. Şonuň üçin hem Zeýtun medeniýetiniň Köpetdagyň eteginde döremeginiň tebigy sebäplerini demirgazykda sowuklyk, günortada bolsa
aşa çyglylyk zerurly adamlara ýaşamaga oňaýly şertleriniň sepgidinde bolsa belli –bir aralyk çäkde aram howa şertleriniň ýaşaýyş üçin amatly bolandygy bilen düşündirip bolýar.

Şol döwürde ýaşan taýpalaryň Ýer ýüzüniň ilatlarynyň arasynda ilkinji bolup, däne ekin hasyl almaklaryna bolsa Köpetdegda häzir hem duşýan ýabany däneli ösümlikleriň şol döwürde-de bolandyklary, olary ýygnap iýmit üçin ulanýan adamlaryň dänäni ekip, hasyl almagy öwrenmeklerine sebäp bolandygyny bellemek gerek.

## §12.Ýerli tebigy agzalara degişli geografik atlar.

Döreýiş, ösüş kökleri müňýyllyklaryň jümmüşine çümünüp gidýän türkmen ilimiziň baý durmuş-medeni taryhy miraslara eýe bolanlygyny Eziz ülkämiz Garaşsyzlygyny alanyndan soň öz halkynyň mynasyp ogly, il-günüň saýlany Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen bilip başladyk. Onçakly köp wagt geçmänkäde, şol Beýik ynsanyň gije-gündiz dynman çeken zähmetinden, onuň ýiti paýhasyndan dörän ýollarda ata-babalarymyzyň ýörelgelerini görüp eýe bolduk. Şol ýol-ýörelgeleri uzak bolmadyk ömrüniň durkana öwrenip, aňynda göterip gelen Hormatly Prezidentimiz mähriban iline gaýtaryp bermegiň hem mynasyp ýollaryny, nusgalaryny tapdy.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň geçen ukypsyzja taryhy döwürde Oguzhan atamyzdan bäri müňýyllyklaryň dowamynda milli ýörelga, dessura öwrülen dabaralaryň köpüsi gaýtadan dikeldildi we türkmen ilimize bayramçylyk dabaralary derejesinde gaýtarylyp berildi. Şeýle ajaýyp baýramçylyklaryň biri-de Milli Bahar Baýramydyr. Bahar Baýramy Oguz türkmenleri tarapyndan has gadymy döwürlerden bäri bellenilip gelipdir. Bu baýrama Oguz türkmenleri Yaz paslynyň ilkinji güni Ýaz paslyny bolsa ýylyň başlangyjy hasaplapdyrlar. Elbetde biziň ata-babalarymyz ýöne




1-nji surat. Barhanlar.

ýere şeýle baýramçylygy ählihalk möçberindäki dabara bilen her ýylda bellän däldirler. Bahar Baýramyň gadymyýetlerde döremeginiň sebäbi belkem ylahydan paý alan

Oguzhan Atamyza Allanyň emri bilen berilenligindedir. Belki-de Allanyň eradasy bilen Oguzhan Atamyz şu baýramçylyk pursatyny günn biziň we ata-babalarymyzyň ýaşaýan ýerinden görünýän derejesiniň asman äleminde tutýan ornunyň gyşky gündiz gysgalyklarynyň tamamlanyp, gije gysgalygynyň başlanmagyny kesgitläp bilenliginden başlanandyr.

Her niçik hem bolsa Bahar Baýramynyň bellenýän senesi ýazky gije-gündiziň deňleşýän pursatyna gabat gelýär. Bu pursata ata-babalarymyz “Yazky mizan” diýip at dakypdyrlar. Hakykatdan hem Ýeriň öz okunyň we Günüň daşyndan aýlanyş hereketlerindäki berilen sazlaşykly kanuna görä biziň planetamyzyň ekwatory Günüň älem giňişligindäki orbitasynda ýerleşýän tekizliginde gabat bolan bir göni çyzykda ýerleşýär. Şol gije-gündizlerden (Mart aýynyň 20-22-den soň) Ýer öz hereketinde Güne özüniň demirgazyk ýarym togalak bölegini günorta ýarymtogalak bölegine garaňda köp wagtlaýyn hem uly giňişliklerde çoýup başlaýar. Bu gudratly hadysa Ýeriň demirgazyk ýarymtogalagynda gyş paslynda jansyz ýaly bolup ýatan topragyň oýanmagyna, ondaky dürli ösümlikdir, jandarlaryň tohumlarynyň janlanmagyna getirýär. Geçen ýylyň Sentýabr aýynyň 20-22-ne “günorta ýarymtogalaga giden Gün indi yzyna gaýdyp gelýär” we demirgazyk ýarym togalakdaky tebigy agzalaryň özgerip täze ýaşaýyşa başlamaklaryna sebäp

bolýar. şu täze başlangyjy, ýylyň tutuş durkunyň ilkinji gününi biziň ata-babalarymyz “Nowruz” – täze gün diýip atlandyrypdyrlar. Ýeriň täze başlangyç gününiň gudratyny Biziň Ilkinji Prezidentimiziň “Mähribanlarym” atly kitabynda “Nowruzda” diýen şygyrynda

Nowruz geldi äleme, göz güldürip, näz eder
Aşyklar yşk hesere duş bolýandyr nowruzda
Gunçalar pagyş-para açylmyşdyr läleler.
Pynhan-pynhan söýgi-de paş bolýandyr nowruzda.

diýip tutuş älemde Ýeriň tebigatynda bolýan gözel döreýişleri beýan edýär.

Baýramçylyk gününiň biziň ilimizde dabaralanyşynyň nyşanlaryny bolsa

Ýaşlyk, söýgi, gözellik, ýazlar toýun toýlaýar.
Hüýr kamatly gelinler, gyzlar toýun toýlaýar.
Mähriban enelerimiz bal semeni paýlaýar.
Dünýa deň-duş gojalar ýaş bolýandyr nowruzda

diýip, ýaş – garry hemmeleriň bu güne guwanç bilen garaşyp, taýýarlanyp, bir-birlerini hezzetleýişleriniň älem aýaly giň mazmunyny dört setire sygdyryp öz Mähribanlaryna

sowgat edipdir. Ata mekanymyzyň ýyllyk bahar paslyny garşylaýşyna, kabul edişine guwanýan her bir türkmen ilkinji Prezidentimiziñ "Meniň Ruhybelentlik baharym" hem-de "Mähribanlarym" kitaplaryndaky "Ýaz pasly" diýip atlandyran şygyrlaryny okanlarynda joşman, buýsanman saklanyp bilmeýärler. Bu goşgularda ata ýurdumyzyň ýaz paslynyň möwrütindäki tebigy agzalarynyň her haýsysynyň özbaşyna özboluşly joşguny beýan edilýär, olara çuňňur guwançly joşgunyň möwç urýan tolkunlary görünýär. "Ýaz pasly" goşgusyndaky her bir setir her topbak seni gözel Köpetdaga, giň sähramyza alyp gidýär-de ýaz paslynyň gaýtalanmaýan tebigy gözelligine guwanmaga mejbur edýär. Has hem ozal bir wagtlar mekanymyzyň şol künjeklerinde bolup, synlap lezzet alan bolsaň bu setirler ýüregiňi joşduryp kalbyňy heýjana getirip, geçen ömür pursatlaryny gaýtadan, täze bir röwüşde ýaşamaga, guwanmaga mümkinçilik berýär. Eziz ildeşler ynha özüňiz okap göräýiň!

Ýaz geler durnasy, guw-gazy bile,
Guşlar geýer reňkdar-reňkdar köýnegiň
Daraýy dereler öwsünyp ýele,
Daga bular älemgoşar öýmesin

Bugarar ak garly arçaly daglar,
Gögerer diýaryň daşy-kesegi
Däli sili bilen çaýkanyp zawlar,
Ýaprak ýaýýar ýanyk-ýanyk kesewi

Bahar paslynyň şeýle joşgunly, ýanan kesewiňde gaýtadan jana gelmegine sebäp bolup bilýän gudratyna guwanmagy başarmagam gerek! Ilkinji Prezidentimiz “Ýaz” diýen goşgusy:

Heýjana gelipdir türkmen alasy
Baharyň humary urýar seriňe
Endiräp dur asman Zemin arasy,
Torgaý guşlaň jadylaýjy sesine

diýen setirler bilen başlanýar. Ylmy işlere ilkinji gadam basan ýyllarym 4 ýyl töweregi Ahal alasyndan çykman diýen ýaly işläpdim, soňky 20 ýyla golaý wagt hem Türkmenistanyň daglarynda, düzlerinde meydan ylmy-barlag işleri bilen meşgullanyp gezenimde her baharyň säherine guwanmak üçin irden turardym, torgaý guşlaryň özleriniň görünmän bütin sährany ýaňlandyryp duran owazyny diňlärdim. Bu hili behişdi lezzeti şeýle çäksiz möçberde eçilen Beýik Alla Tagala müňde bir şükürler ederdim. Ynha indem Ilkinji Prezidentimiziñ şygyryny okap 25 ýyl çeşmesi öwrümde guwanyp gelen, lezzet

alan, tebigy eşretiň şeýle ajaýyp beýanyny okap Eziz mekanymyň baharynyň sergin şäherine şeýle çykanymdaky duýgularyma gark bolýaryn.

## §13.Geografik atlar we adalgalaryň öwrenmeginiň ugurlaryndaky ähmiýeti.

Isidor Harakiskiniň syýahaty.

Bu ýurduň, şäherleriniň, haklletarynyň ady biziň ýurdymyzyň öňki I müň ýyllygynyň II ýarymynda biziň eramyzyň I ýarymynda Orta gündogarda (Merkezi Aziýanyň günortas, demirgazyk Eýra, demirgazyk Owganystan) çäginde bolandygyny gadymy alymlaryň hemmesi ýazyp geçýär. Ýöne diňe "syýahatçy" Isidor harakskiý ýurdyň, halkynyň we şäheriň ýerleşişinde, ýeke-täk söwda ýolunyň Parfiýa imperiýasynyň günbatar serhetden gündogar serhete çenli geçendigini ýazyp beýan edýär. Bu ulgamlaýyn çeşme-ýeke-täk ugur ähli antik döwrüniň awtorlaryndan ýeke-täk galan işdir. Mundan Isidor Harakskiý kemter seretmän ol orta gündogaryň esasy etnografiki kartasyny düzýär. Esasan-da Orta Aziýanyň b.e.öň IV asyryň ortalaryndan b.e. III asyryň birinji ýarymyna çenli bolupdyr. Syýahatçy Isidor Harakskiý XVIII asyryň başynda XIX asyryň ortalarynda mälim boldy. Onuň ýokary derejedäki işi XIX asyryň II ýarymynda "Kiçi grek geografi" diýen

ýygyndyny mowzuklary çykarýar. K.Mýutler “Ýol ugry” kitaby grek dilinden latyn diline terjime we oňa düşündüriş berýär. Munda Isiodot Harakskiýdan galan taryhy çeşmeler Parfiýa döwletiniň taryhyny geografiýasy, etniki ýagdaýy berilipdi.

Isodor Harakaskiniň “Ýol ugry” kitaby L.W Baženowyň redaksiýasy esasynda Orta Aziýanyň gadymy awtory atly bolup rus dilinde terjime edýär.

Isodor işinde ýöräp geçende ýolunda gören ýerlerini ýazýar. Ýagny Orta Aziýanyň we Owganystanyň, Hazar derwezesinden Arohosiiýa çenli ýazyp beýan edýär.

Isidor Harakskiý.

Parfiýa duralgasy.

7. Midiýadaky hagiýana 58 shoýun, 10 sany oba, 5 sany şäher bar. Soňra 7 shoýundan Raga we Haraks bar. Yöne Midiýadaky ähli şäherlerden Raga uly. Haraksda patyşa Froat oturypdyr. Şäher dag eteginde ýerleşipdir.

8. Hazar derwezesinden aňyrda Hoarena jülgesi bar. 19 shoýn. Apameýa şäheri, 4 sany oba ba, hersinde -de duralga bar.

9. Soňra Komisena 58 shoýn, 8 oba bar, her haýsynda duralga bar. Hiç hili şäher ýok.

10. Soňra Girkaniýa 60 shoýun, 11 sany oba, hersinde duralga bar.

11. Soňra Astauýena 60 shoýn, 12 sany oba, hersinde-de duralga bar.ol ýerde Arsak I patyşa diýip yglan edildi we şu ýerde baky ot bar.
12. Soňra Parfiýena 25 shoýn, ol ýerde Parfawnisa jülgesi hem şäheri bar. 6 shoýndan patyşanyň mazary bar. Ol ýeri gerekler Nisaiýeý diýip atlandyrypdyrlar. Soňra gotar (gatar 6 shoýn. Soňra sirok şäheri. 5 shoýun. Diňe bir oba bar onuň ady Safri.
13. Soňra Apawartikiena 27 shoýn, Apowarktika şäheri bilen. Soňra ragaw şäheri we 2 sany oba.
14. Soňra Margiýana 30 shoýn. Ol ýerde Antiohiýa bar. Şol wagt oňa “suwa baý ýer” diýip atlandyrypdyrlar. Hiç hili oba ýok.
15. Soňra Areýa 30 shoýn. Ol ýerde Kondok we artakauan we Aleksandriýa şäherleri bar, Ariýalylar bar (Ariýa) 4 sany oba bar.
16. Soňra Anon Ariýadaky welaýat 55 shoýn. Bu ýerde Fra, bis, Gari, nil ýaly uly şäherler bar, oba ýok.
17 Soňra Zarongiýana 21 shoýn. Bu ýerde parin we Korak şäherleri bar.
18 Soňra Sakostana (welaýat) Saklar, şkifler ýaşaýar. Paraýtakena, 63 shiýon. Bu ýerde Barda we min, Palakenti, signal şäherleri köşki bar. Şol hatarda Aleksandriýa şäheri (Aleksandropoliýa şäherinden uzak däl) 6 sany oba bar.



2-nji surat. Gorgan (gala)

19 oňra arahosiýa 36 shoýn. Ol ýerde parfionlar “Ak Indeý” diýip atlandyrypdyralr. Bu ýerde Bint şäheri, Farsana şäheri, Ilorohoad şäheri. Demetriýa şäheri, soňra Aleksandropol Arohosiýanyň paýtagty bar. Şol ýerde parfiýa tabyn ýar. K.Mýulleriň ýokarda belläp geçişi ýaly Isidoryň Harokskiniň “Ýol ugry” işinde yzygider kartalar, parfiýa patyşalygynyň üsti

bilen onuň geçýän günbatardan, gündogara tarap marşruty berilen. Mýülleriň pikiri boýunça Isidor Harakskiniň gündogar Marşrutynyň bölegi häzirki zaman geografiki nokatlaryňüsti bilen ýagny Hemdon, Tähran, Döwletabat, astiabat, Gürgen, Bijünrt, Kabuşan, Nişapur, Şerifabat, Mozduran, Saroks, Morçak, rgy, Hyrat, Farroh, Jahanabat we uzakdaky Gilmend derýasyndan Kondagara çenli bolmaly.

Ýokarda agzalan atlar häzirki zaman kartasyndan tapawutlanýar ol Ptolomeýiň kartasyna meňzeýär.

## §14.Toponimleriñ terbiýeçilik ähmiýeti.

Türkmenistanyñ çäklerinde gadymdan bäri geografik atlar, dürli hadysalar, tebigy şertler ýa-da şahsyýetler bilen baglanşykly döräp gelipdirler. Şol atlaryñ köpüsi haçan dakylandygy mälim bolmasada nesilden nesile asyl nusga şekilinde saklanyp galyp, adamlaryñ añynda ata-babalarymyza hormat sarpasyny tutmaklyk ýaly ähmiýete eýe bolupdyr. Köplenç ýeke duran agajy öwülýä diýip yglan edilmegi, şol agajyñ goralmagy ýa-da şol ýerde haýsydyr bir şahsyýetiñ helälçilige uçrap galanlygy baglanşykly rowaýat döredilip tebigata we geçmiş arkalara hormat goýamak terbiýesini bermäge hyzmat etdirilipdir.

Bu barada yazylan zatlar birnäçe asyrlardan bäri ýerli halkyñ dilinden alnyp alymlar tarapyndan öwrenilip ylmy işler, makalalar, çykyşlar görnüşinde öz orunlaryny tapypdyrlar. Olar gadymy taryhy we taryhy gergrafiýany öwrenip Aleksandr Makedonskiniň ýörüşinden soňky ýewropa birikdirilen orta Aziýa barada köp maglumatlary berýär. Bir geografiki ýeleriň pars, arap, grek we latyn dillerinde ýazylanlary bolup, dürli döwürlerde dürliçe atlandyrypdyrlar, şundan soň orta Aziýa we demirgazyk Eýranyň hakyky atlary öwrenildi, anyklanyldy.

Ýazuw çeşmesi – bu dürli barlaglaryň daýanýan esasy maglumatydyr. Belli bir döwri öwrenýän alymlar diňe ylmy däl eýsem dürli edebi ýazgylary hem öwrenipdirler we aýry-aýry mowzuklara üns beripdirler. Olar mowzuklary boýunça gelen neijäni barlap, beýleki maowzuga görä barlamndyrlar.

Alksandyr Makedonskiniň Aheminitleriň ýeňip, ýerlerini eýeleýärler, belli ýöne ol nireleri eýeläpdir?! 80 ýyl geçenden soň, taryhy arena Parfiýa çykýar. Ol Aleksandyryň imperýasy dargndan soň döräp, ol imperiýanyň belli bir bölegini eýeleýär, ol ýerler beýlekiler nähili atlandyrylypdyr?! Parfiýanyň ýokarky satraplary soň döredildi. Bu zatlary bilmek üçin özge ýazgylaryana, Kir II we Eýranyň Sasanylar ýurdyny döreden we dargan aralygyndaky ýer-ýurt atlaryny öwrenmeli; Bu wakalar öz içine 1200 ýyldan gowrak wagty öz çine alýar.

Orta Aziýany we Orta gündogaryň geografiýasyny bilmek üçin gerek, latyn, pars antfoki ýazgylar Aleksandryň Aziýa boýunça geçiren urşunyň marşrutyny, taryhyny düzdüler. Ol zatlaryň ank wagty kesgitlenende Diodoryň, Isidora harakskiniň ýazgylary peýdalandy. Anfiki awtorlaryň kartalary has gadymy ýerleriň adyny berýändir. Kitapda bilgeşleýin gadymy eýranlaryň gadymy ýazgylary berilmeýär. Orta Aziýanyň geografiýasy – Awesda aýratyn dorenilende ol ýazgylar uly orun tutýar. Bu kitap b.e.öňki VI we b.e-yň VII asyrlarynyň wakalary hakynda ýazman diňe geografiki tarapyny belläp geçýär. Bu kitap 1973 – nji çap edildi.

Ahemenitlariň gol astynda.

“Patyşalaryň patyşasy” we G/d-ky ýurtlar.

Orta ndogar we Aziýa baradaky iň ir ýazgylar b.e.Oňki VI-V asrlaryň sepgidine degişlidir.

1.Dariý I-niň Uly Bekistun ýazgysy 23 (22 ?) ýurdy sanap geçýär. Onda Marguş we Wrkana atlar bolup, has iri ýer atlarydyr.

2.Dariý I-niň parspolýak ýazgysy wagt boýunça II bolup, Uly Bahistundan kän bir tapawutlanmaýar.

3.Dariý I-niň öň giçki ýazgysy naksi-Rustamda tapyldy we olýewropa ýurtlarynyň hasabynda has ulydyr.

4.Kserks I-niň haty, oňa diňe dahlar goşulan. Biz ýazgylary deňeşdirnimizde ýokary 2 patyşanyň ýöreden wagtynda atlaryň kän bir üýtgemäni görýäris. Uýtgeşik atlar bolsa Midiýany eýelenenda ýa-da uly sakanyň patyşalary basyp alypdyr. Bu babatda iki pirik ýüze çykýar we alymlaryň hersi birini esasy hasaplaýarlar. Köp alymlar ortaziýa ýurtlaryň Kir-II-ň döwründe eýelenipdir diýýärlae we iki pikir ýüze çykýar. I pikir; Kir II ol ýerleri Wawilony eýelemezden öň basyp alypdyr, beýlekiler bolsa, ondan soň. M.M.Dýakonow bu ýerler Kir II tarapyndan b.e.öň 545-540 ýyllarda eýelenen, I.M. Diýakonow bolsa has soň eýelenen diýýärler. Ol “Mudiýa Baktriýa we parslar bilen bir wagtda uruş alyp baryp bilmez” diýip belleýär.

Has anyk jogaby bilmek üçin Kir günbatar Eýrandan Baktriýa tarap ýoluny bilmeli: ol Hindiguşyň Demirgazyk dag eteginden geçip takmynan 3 marşrut hödürlenýär:

Birinji iki marşrut- demirgazyk. Ol ekwatordan (häzirki hamadan) şäherinden beşalap Kaspiden, Kaspi derwezesini kesip Elbrusdan we Türkmen Horosan daglarynyň etegi bilen barýarlar. Ikinji ýol-Reýden saga bolan ýol. Ol Elbrus we Türkmen-Horosan daglarynyň g-o tarapyndan geçýär. Üçünji ýol g-o, ol Ersitden çykyp Baktriýa ugur alypdyr. Ol 2 wariýantdan ybaratdyr. Taryhy çaşmeler Kir II-soň haýsy

ýoldan gidenligini anyk belli etmeýär, ýöne daşynda bar bolan maglumatlara görä, ol günorta ýoldan giden bolmaly. Aleksandr Makedonskiniň Orta Aziýa ýöeüşi hakyndaky Strabonyň, Arridanyň we Kursiý Rufyň işlerinde kiri açlykdan we suwsyzlykdan halas eden taýpa barada maglumat bar. Bu aripa taýpasy şol çeşmeler görä Ariaspa şäherinde ýaşapdyrlar. Ol Durangiona adyny daranglar (srang) göçüp gelenden soň alan bolmaly. Olar Gerodadyň işlerinde öz beýany tapypdyrlar we megerem, ariasplardan güýçli çykyp ýere öz atlaryny dakypdyrlar. Bu ýol has amatly bolandyr. Türkmen-Horosan daglarynyň günorta çetinden geýän günorta ýol hem bolup biler, sebäbi: ol ugurda-da Drannguana duşmak bolýar. Ýöne Köpetdag bilen garagum çölüniň arasyndan geçýän demirgazyk ýol hakyky däldir, onda Darangiýana bu ýoluň ugrunda ýerleşmeýär.

Kir II Baktriýa yörüş edende Parfiýa we Girkaniýa çetde galypdyr. Bu I.M.Diýakonowyň pikirini red edýär. Ahmenidiň sistemasyndaky ähli ýurtlaryň ýagdaýy anyk däl. Şonuň üçin goşmaça maglumatlary öwrenmeli.

Behistun ýazgylary boäc Dariý I-niň garşysyna giden, ýoluny çalan we aralykda duran ýurtlary bilip bolýar. Baktriýa satrapynda diňe Fradanyň ýolbaşçylygynda Magruş gozgalaň turuzupdyr.

Yurt taýpalarynyň birek-birege degişli 2 ýoly bar: gan düşlik we boýun bolma.

Magruşyň taryhy arenadan ýok bolmagyny birinji görnüş boýunça düşündirse bolar. Baktriýanyň satrapy Dadarşiş ýok edipdir we gan döküp olary Baktriýa birikdirilendir. Orta Aziýanyň meýdan çäginde ýerleşýän satraplar ahemenitlara degişli bolup, megerem, boýun bolmanyň ilkinji görnüşi boýunça degişlidirler we kä bir hukuklary bardyr.

Belkem halkyň köpüsi Ahemenitleriň hataryna "meýletin-güýç" bilen salynandyrlar, ýöne bu ýurtda gozgalaň turuzmazlyga bahana däldir. Meselem, Modiýa Aziýada ožüni tanatsa-da Ahemenitlere degişli bolupdyr. Ol Fraswartişiň ýolbaşçylygynda garaşsyzlyk aljak bolup göreşipdir. Oňa harby taýdan Girkaniýa we Parfiýa kömek edipdir. Sebäbi olar kuaksar maşgalasyndan bolan şaka satraplyk görnüşünde wepalylyga ant içipdirler. Frewartişa goşulman, öz ferdasynyň öne süren Margiýana bolsa belkem budiýa- pars ýurdyna (deržawa) birikdirilipdir. Yokarda agzalan 9 satrap Ahamilitlere garşy baş galdyrmandyr. Ýöne wepallylyk kasama dönüklik eden hem tapylypdyr olar "Raýatlyk uruşunuň oduny" ýakypdyrlar. Käbir etniki toparlar erkinligi isläpdirler. Merkezi Eýran welaýatlaryndan başgada Kir II-ä Mudiýada parfiýa we Gerkaniýanyň halky galýar oňa saklar hem degişli edilýär, olar

Kir II-niň ölen ýerinde (uzboý) ýaşaýandyrlar. Oňa arguş hem degişli edilýär. Ol Baktriýa bilen Mudiýa- pars täsirleriniň ortalygyndan galypdyr. Kir II özüniň 30 Yylyk patyşa eden wagtyny pars ýerlerini eýeläp meýdanyny giňeltmäge sarp edipdir. Ol ilki bilen Gündogar Satraba Orta Aziýanyň ýurtlarynda degişli etmäge meşgullanypdyr. Biziň pikirimizçe ol basylyp alynanyň Baktriýa degişli bolup belli bir taýpa eken. Şulary aýtmak bilen biz Gerododa görä Kir II Baktriýa gündogar ýol boýunça döräpdir. Dariý I-iň döwründe uly özgeriş bolmady. Diňe hindi ýokary akymynyň käbir welaýatlary goşulupdyr. Ksereks I döwründe gündogar satraba diňe baha goşulýar. Kir II-niň döwründe gündogarda oňat ýer edinenlerinden soň parslar günbatara ýörüş etmegi ýüreklerine düwýärler. Ahanwipler aziýada 230 ýyllap dolandyrýarlar we şol döwürde onuň düzümi üýtgemeýär. Hat-da Prfiýa Gerko Baktriýada kän bir özgerme edip bilmändir.

Diýmek ýokardakylara salgylansak Parfiýa we Gerkaniýa Mudiýa  Kuaksarlar döwründe birikdirilýär. Mergiýana kuaksar Kir II wagtynda degişli edilýär. Iranka haraýba baktriş Suguda Gandara Maka  haranwatiş we Uarazmiş ýurtlarynyň özbaşdak ýurtlary bolmandyr "Ýurtlaryň şalygyna" Ahawanitler döwründe girýärler. Kserks bir döwründe dahlar bu ýere degşli edilýär.

## §15.Geografik atlara Watançylyk terbiýe.

Eziz ýurdumyz Türkmenistanyň geografiýasyny öwrendigimizçe, hakykatdan hem bu toprakda müňlerçe ýyllaryň dowamynda Oguz han nesliniň – ata babalarymyzyň ýaşap, nesil ýaýradyp, döredip, dowamatda bolandyklaryna şaýatlyk edyän subutnamalar tapylyp barýar. Ol geografik subutnamalary tapyp, seljermeklik we dogry netije çykarmaklyk bolsa şu günki günüň talaby – Hormatly Prezidentimiziñ talaby.

Ata ýurdumyz Garaşsyzlygyny alanyndan soň, dünýä medeniýetine örän köp we önjeýli goşantlar goşan, täze ugurlary, ýörelgeleri hojalyga, durmuşa ornaşdyran, Ýer ýüzünde iň gadymy halklaryň biri bolan türki dilli “Oguz”, “Guz” we ş.m. atlandyrylanlaryň şu günki dowamy türkmeniň taryhy-geografiýasyny dogruçyl öwrenmäge, aga “ak”, gara “gara” diýmäge mümkinçilikler açyldy. Soýuz döwründe ata-babalarymyz, olaryň ýaşan ýerleri, ýörelgeleri barada söhbet açaýsaň, milletçilikde aýyplap, öwrülip, ol ugurdan geplemez ýaly edilýärdi. Bu gün ol döwür halkymyzyň ýakyn geçmiş taryhynda gara tegmil bolup galdy. Ol günleriň geçenine şükür!

Türkmenistanda ylmyň, bilimiň dogruçyllyk bilen päk ýöredilmelidigi barada külli türkmeniň biragyzdan saýlan

Hormatly Prezidentimiziñ tagallalary barada, olaryň umumy jemgyýetçilik ösüşe täsiri, berjek miweleri hakda öňki makalamyzda aýdypdyk.

Şu makala bitewi uly ylmy işiň bir bölegi, ýagny öňki makalanyň dowamy hökmünde garalsa-da bolar. Sebäbi makalada Türkmenistanyň çäklerindäki käbir geografik atlar, olaryň gelip çykyşlary, ýurdumyzyň, halkymyzyň geçmişini asyl nusgasy barada öwrenmekdäki we bizi çalyşjak ýaşlarymyza takyk geografik, ýerli tebigatyň maglumatlary ýetirilmekdäki, düşündirmekdäki ähmiýeti barada gürrüň etmekçi. Milady ýyl hasabyndan öňki V – nji asyrda ýaşap geçen gadymy grek alymy Gerodotyň (485-425ý.) ýer-ýurtlar baradaky ýazgylarynda Türkmenistanyň häzirki çäklerinde we galtaşýan ýerlerinde ýaşan halklaryň-taýpalaryň atlaryny tebigy şertlerine, ýagdaýyna, görnüşine görä dakylan atlary göterýän satraplar ýa-da geografik agzalar barada ýazdylar bolupdyr. Olardan häzirki Hazar deňziniň gündogar kenarynda ýaşan Girkanlarda, gündogarda, dag eteginde we aralarynda parfiýanlar ýaşapdyrlar. Olardan gündogarda, häzirki Duşak şäherçesinden gündogarda, Tejen derýasynyň iki tarapynda-da arylar mesgen tutypdyrlar. Şoňa görä-de ol

ýerlere “Ariýa” diýipdirler. Ariýanyň tutýan çäkleri Tejen derýasynyň jülgesiniň daga girýän ýerlerinden Howuzhana,

Mäne-Çäçe düzünden Murgap deryasynyň boýlarynda we Üçaja çenli töwereklerde Margiana, häzirki Pendi çölüniň gündogar bölekleri, Kelif Uzboýy hem-de Atamyradyň (öňki Kerkiniň), Owganystandaky Balh welaýatynyň ýerleşýän ýerleri Baktriýa, Amyderýadan gündogardaky ýerler Sogdiana diýip atlandyrylypdyr. Ariýadan günortada Drangiana ondan günbatarda Pars aýlagyndan gündogar, demirgazyk-gündogarda Persidiýa, ondan günbatar, demirgazyk günbatarda häzirki Hemadan (şol döwürde Ekbatan) şäherinden demirgazykda, Hazar deňziniň günorta-günbatarynda Midiýa diýilýän satraplar ýerleşipdirler. Girkaniýanyň günorta çäklerinde "Ak", demirgazygynda Oks derýalarynyň barlygy barada ýazgylar bar.

Türkmenistanyň häzirki çäklerinde ýerleşýän Ariýa derýasynyň, satrabyň içindäki duş gelýän gadymy ýer-ýurt atlarynyň geografiýa ylmynda ähmiýeti uludyr. Islendik ýeriň, ýurduň emele gelşiniň geologik geografiýasy barada söhbet etjek bolşaň, şol ugra hyzmat edýän taryhy geografiýa ylmynyň barlag usullary hakynda aýtman geçmek bolmaz. Has-da taryhy geografiýa sapagyndan okuwçylara, talyplara ders beriljek bolsa bu ylmyň tebigy, jemgyýetçilik we gumanitar ugurlaryň hemmesiniň arasynda dörän özboluşly täsin gurluşynyň barlagyny aýtmak zerur.

Hemme ylymlar nirede, näme, haçan, hähili diýen soraglara jogap beryän bolsalar-da ylmy geografiýa-tebigatdaky hadysalary, taryh bolsa jemgyýetdäki wakalary köplenç öz içine alýar. Dil bilimi bolsa ol hadysany, wakalary ýerbe-ýer islendik halka düşnükli seljermäge kömek edýän esasy serişde bolup hyzmat edýär. Şonuň üçin bu üç ylmy ulgamlarynyň utgaşykly ugurlary taryhy geografiýada deň derejede orun tutýarlar. Ýokarda getirilen soraglaryň degerli jogaplaryny doly bermek üçin geografiýa ylmynyň şu günki derejesinden, taryh, filosofiýa, dil we beýleki ylmy ugurlardan susup almaga maglumatlary tapyp, olary özara baglanyşdyryp, bir netijä gelmek, olary jemläp ulanmak şu ylmyň esasy talabydyr. Bu ylymdan sapaklar geçilende häzirki wagtda biziň öwrenişen dürli ylmy ugurlarymyzyň bir bitewi zatlygyna, olaryň bir-birlerinden üzňe bolup, dowam edip bilmejekdigine, ösmejekdigine göz ýetirýärsiň. Aýdalyň, haýsy döwürdeligi belli däl, emma haçanda bolsa taryhy geçmişde adamlar öz ýaşan ýer-ýurtlaryna tebigy şertleriň şekillerine, haýsyda bolsa bir agdyklyk edýän tebigy agzasyna ýa-da beýleki häsiýetli aýratynlyklaryna mahsuslykda at dakypdyrlar. Ol atlar geografik, ýagny ýer-ýurtlaryň atlary görnüşinde bize gelip ýetipdir. Biziň wezipämiz şol geografik adyň haýsy dildedigini, nämäni aňladýanlygyny kesgitlemäge, seljermäge geografiýa,

taryh, dil ylmy ugurlarynyň şu günki ösen derejesiniň ukybyny peýüdalanyp, olaryň biwagtlardaky aňladan, häzirki aňladýan zatlarynyň syrlaryny açmak, açmaga synanyşmakdan ybaratdyr. Ýagny, öz pikirimizi orta atýarys. Bu usul her kimiň özüniň pikirlenmegine itergi bolýar, özboluşly çekişmäniň döremegine getirýär. Çekişme bar ýerinde-de hakykata ýetmäge dürli ýollaryň dogrusyny saýlamaga mümkinçilik bar.

Meselem, milady ýyl hasabyndan öňki V asyrda ýaşan gerodyň we ondan soňky gadymy döwre degişli ýazgylarda duşýan “Ariýa” ýurdy, “Ariýa” derýasy, “Arianlar” ýa-da “Arial” halkyň, taýpaň ady. Bu sözüň gadym döwürlerde-de, häzirem iki hili manysy hemmä mälim: biri Ary-sypat görnüşinde arassalygy aňladýar, beýlekisi-Ary-bal arysy, umuman, ary diýilýänleriň ady, ýagny at görnüşinde häzirki zaman türkmen dilinde ulanylýar. “Ary” sözüniň görnüşinde ýene-de bir ulanylýan nusgasy-agaç kesilýän uly byçga-da aýdylýandyr ýa-da agajy dikligine kesmäge ýorite ýasalan byçgada “Ary” diýilýär.

Ariýa ýurdunyň ýerleşýän çäklerini I.N.Hlopin gem biziň ýokarda getirişimiz ýalyrak alýar [10]. Ariýanyň günorta çägini Gerrirud deryasy (sagdan) bilen Keşefrud (çepden) derýalarynyň birigýän ýerinden alyp gaýdýar. Olaryň birigýän ýeri ozalky SSSR-iň çäginden daşarda bolany üçin we “Ariýa”

diýilýän ýurduň tutuşlygyna SSSR-iň çäginden daşarda diýlen ýalňyş ýörelgedäki taryh ylmynda dowam edenligi üçin köp alymlar ol taryhy ýurda we halka üns berilmändigini hem belleýär. Bulardan başga-da awtor “Ariýanyň gysgaça taryhy oçerki” diýen bölüminde köp sanly geografik we taryhy maglumatlar getirýär. Onuň bu maglumatlary örän peýdaly. Emma ol taryhçy bolany üçin gadymy dünýä taryhy döwürde Ariýa derýasynyň deltasynyň aýagynyň Sarahs şäheriniň golaýynda bolup, derýanyň şahalanyp, iki ugra bölünýänine seljeriş berip bilmän, onuň şeýleligini belläp geçýär .

Tejen derýasynyň, ýagny gadymy Ariýa derýasynyň Sarahsdan şahalanýanlygy. Şol şäheriň golaýynda batgaly, kölli deltanyň (derýa aýagynyň) bolanlygy baradaky maglumatlary W.W.Bartoldyň ýygyndysynyň 3-nji jildinde 134-135-nji sahypalarda “Tejen” diýlip atlandyrlan makalasynda-da görmek bolýar. Bartold öz işinde Aleksandr Makedonskiniň ýanynda hemişe bolan, onuň ýörişleriniň ýazgylaryny alyp baryjy Aristobulyň işlerine salgylanyp, “Ariý-Gerirud derýasy çägelikleriň arasynda ýitip gidýär” diýen maglumaty getirýär [4]. Aristobuldan 1100 ýyl gowrak soň gelen araplar hem şony tassyklaýarlar. Bartoldyň Aziýa muzeýindäki Agahynyň golýazmasyna salgylanyp, horezmli taryhçynyň “Tejen

deryasynyň çuň köl diýen ýerde tamamlanýanlygyny” aýdandygyny hem bellemek gerek [7,4].

Umuman, häzirki Tejen diýlip atlandyrlan deryanyň Sarahs deltasynda ekerançylyk işleri b.e.ö. 3 müňünji ýyllarda başlananlygy, ol ýerden alty sany suwaryş kanallarynyň soňky ýyllarda çekilenligi, olaryň biriniň Mara tarap ugrugyp, Sarahs bilen aralygyň orta ýoluna çenli ýetýänligi barada maglumatlary W.W.Bartold dürli çeşmelere salgylanmak bilen getirip görkezýär. Şeýlelikde Arileriň ýurdy öňki ýalňyş düşünjä görä häzirki Tejen derýasynyň Owganystandaky Gerirud ýa-da Eýrandaky Keşefrud goşantlarynda däl-de, ol ikisi birigeninden soňky emele gelýän ugrunda we derýanyň gadymky (deltasynyň) aýagynyň Sarahs diýilýän ýerinde ýerleşipdir. Bu ýurda Ariýa, ýaşaýjylaryna Ariýler, derýa bolsa Ary ýa-da pars dilinde Arirud diýipdirler.

Ariýler, Ariýa ýurdy barada I.N.Hlopiniň ýokarda getirilen işiniň 194-nji sahypasynda birnäçe arheologik çeşmelere salgylanylyp, häzirki Tejen oazisinden günorta-gündogarda, gadymy ýaşaýşyň m.ý.ö. 4 müňünji ýylyň ahyrynda we 3 müňünji ýylyň başlarynda başlananlygy, ol medeni merkezde köp sanly ilat ýaşan ýerleriň Aleksandr Makedonskä güýçli gaýtawul beren bolmaklary barada G.A.Koşelenko “Древнейшие государства Кавказа и

Средней Азии” diýen kitapda Sarahs oazisi atly makalasynda ýazýar.

Şeýlelikde, Ariýa diýen gadymy ýurduň Soltanşa Atanyýazowyň ýazyşy ýaly “Owganystanyň Hyrat welaýatynyň (Eýran düzlüiniň gündogarsynyň) gadymy grek dilin-de ulanylýan ýörgünli ady däl-de tutuşlygyna Türkmenistanyň çäklerindeligi jedelsiz çözülýär. Adalatlygyň hatyrasyna biziň belli ýer, ýurt atlaryny öwrenijimiz “Şol döwürde Tejen deryasyna Ariý diýipdirler. Bu adyň ariý diýen halkyň adyndan emele gelen bolmagy mümkindir” diýen jümlelerini hem ýatlamak gerek. Ary sözüne “Türkmen nusgawy edebiýatynyň sözlügi” diýen kitapda iki hili many beripdirler.

“Ary 1 arassa, päk, tämiz”. “Ary II ýalaňaç, boş [7, 31 s.]. Şu sahypada Ariýa sözi hem bar, onuň manysyny-karz, amanat, diýen sözler bilen düşündirýärler [7].

Şu ýerde ýene-de bir gezek “Ariý” ýa-da “Ary” görnüşindäki sözi häzirki türkmen dilinde hem at-jandaryň, agajy dikligine kesmäge, şeýle-de uly, ýogyn agaçlary kesmekde ulanylýan byçgynyň ady, hem sypat-arassalygyň nyşany bolup ulanylýanlygyny aýdyp, ol sözüň gadymy grek dilinden ýa-da başga dilden dile geçmändigini, hut türkmen türki dildenligini nygtasymyz gelýär.

Şol gadymy Ariýanyň hemişelik merkezine, merkezi şäherine hemme döwürlerde-de “Sarahs” diýilipdir.

Sarahs barada ýokarda agzalan kitabyň 326-njy sahypasynda “Sarahs-Saragt Türkmenistanyň günortasynda gadymy uly bir şäheriň ady. Onuň harabaçylygy häzirki Sarahs etrabynyň merkezininiň golaýynda ýerleşýär” diýlen ýazgyny görýäris. Sarahs barada TSE-niň 7-nji tomunyň 442-nji sahypasynda-da maglumatlar berlipdir.

Ýer-ýurt atlaryny öwreniji alym Soltanşa Atanyýazow 1970-nji ýylda çap bolan “Türkmenistanyň toponimik sözlügi” diýen kitabynyň 202-nji sahypasynda-da şeýle ýazýar: “Saragt-Tejen oazisinde etrap, şäherçe. Bu adyň ýerli halk tarapyndan ulanylyşy we gadymy formasy Serahsdyr. Bu sözüň manysy belli däl. Orta asyr taryhçylary ony adam ady hasap edýärler. Meselem, as-Samany şäheriň Serahs diýen galtaman tarapyndan salnanlygyny ýazýar (MUTT/335 s.). Ýakutyň geografik sözlüginde hem şu gaýtalanýar, onda Serhas ýa-da Serahs Fudirziň ogly edilip görkezilýär (MUTT/423 s.). XIX asyr Eýran taryhçylary hem-bu ady Gudarzyň ogly Serahs bilen baglanyşdyrýarlar (MUTT, II, 295 s.)” .

Şu alymyň “Söz mülküne syýahat” diýen işinde 263-nji sah. Ýokarda aýdanlarynda “II asyr grek alymy Ptolemeýiň işlerinde Sarags oazisiniň Sirakena (Siraklaryň ýurdy) diýen

gadymy adyna duş gelýäris” diýen ýazgysy hem bar. Sarahs şäheriniň milady ýyl hasabyndan öňki 1-nji müň ýyllygynyň başlarynda-da barlygyna taryhy edebiýatlarda duş gelmek bolýar. Sarahs ýaýlasynyň çäklerinde medeni durmuş, oturymly ýaşaýyş milady ýyl hasabyndan öňki III müňünji ýyllaryň başynda döräpdir .

Sary agyz ady ýerli tebigy şertleriň häsiýetini beýan edýän ýeke-täk dogry kesgitlenilen atdyr. Onuň sebäbini düşündirmek kyn däl. Eger-de halypa alymymyz Soltanşanyň ýazyşy ýaly “Serahs” diýilende-de ýene-de türkmençe bir (uly) göwräniň agzy ýagny “Ser agyz” diýen iki sözden goşulyp ýasalan adalga bolýarda ýerli tebigy şertiň bir häsiýetine – dagyň göwresinden (serinden) açylýan agzy aňladýar. “Ser” sözi türkmen dilinde göwre, ýa-da göwräni hereketlendiriji aň-paýhas manysynda-da ulanylýar. Meselem, türkmen klassikasynda “Serinden duman açylmaz  üsti (göni) belent garly daglar” diýen setirleri kim bilmeýär. Ýa-da öňki bolşundan – aňly hereketinden başgarak, oýlansyzrak hereket edenlere “Ol öz serindemyka?” diýilýänini hemmämiz bilýäris. Şonuň üçin “Ser agyz” diýleninde-de ol at – adalga diňe türkmençe bolýar. Eger şeýle bolsa bu ýerlerde şol gadymy geçmiş döwürlerde ýaşan adamlar hem şu günki türkmenleriň ata-babalary diýmäge doly esas bar. Biziň pikirimizçe gadymy şäher dag bilen düzüň arasyndaky, ýagny

garamtyl mele dag ýapgytlaryndan hem-de aksowult takyrsöz düzlükden sary reňki bilen tapawutlanýan dagdan düze açylan jülgäniň agzyna, elbetde biziň ata-babalarymyz “Sary agyz” diýendirler.

## §16.Dünýä geografiýa ylmyna adalga görnüşinde giren türkmen toponimleri.

Dünýäniñ kartasynda geografiki atlar dürli milletleriñ dillerinde dakylan bolsalarda, olar üýtgewsiz şol durşuna ähli halklar tarapyndan ýoýulman alynyp ulanylmalydyrlar. Kä halatlarda dürli döwletlerde gadymy geografiki atlar soñky döwrüñ talaplaryna ýa-da soñky asyrlarda şol ýere baran, döwlet guran milletiñ diline, taryhyna dahylsyz bolup görünýär. Şu sebäpden ugur alyp ýerli döwletiñ karary bilen ol atlar täze atlar bilen çalşylýar. Meselem, Meksikanyñ paýtagty Mehiko şäheriniñ XX asyryñ I ýarymyna çenli Tenoçtetlen; ýa-da Nýu Ýork şäheriniñ başlangyç adynyñ Nýu Galandiýa bolanlygy ýokarda aýdylana jogap bolup biler.

Dünýä kartasynda käbir atlaryñ ähliumumy adamzat taryhyna degişli rowaýatlara görä dakylýandygyny görmek bolýar. Meselem, Afrika bilen Madagaskaryñ aralygynda ýerleşýän adanyñ Ýewropa diýip atlandyrylmagy,

ýewropalylaryñ bu ýere ilkinji gelen we düşlän ýerleridigini beýan edýän rowaýata degişli bolsa, Şri Lanka adasy bilen Hindistan ýarymadasynyñ arasyndaky ýalpaklygyñ "Adamata köprüsi" diýip atlandyrylmagy dini ylmy çeşmelerdäki Adam ata bilen How enäniñ ýere inderilen taryhy bilen baglanşykly rowaýatda beýan edilýär. Şu mysallardan görnüşi ýaly dünýä kartasyndaky geografiki atlar Ýeriñ tebigatyny, adamzat taryhyny, dünýä dillerini öwrenijilere bahasyna ýetip bilmajak örän giñ we çuñ manyly maglumatlary berip biler.

Goñşy hem doganlyk milletleriñ dillerindäki toponimleriñ Türkmenistanda duşýanlari. Türkmenistanyñ kartasyndaky toponimleri, tebigy şertlere, tebigy baýlyklara, hojalyk pudaklara, şahsy atlara we beýlekilere degişlilikleri boýunça böleklere bölmek.

Tebigy şert diýilende, olary bilip, şu ýerde ilatyň ýaşan ýeriniň, şäheriniň döremeginiň esasy sebäbi suw çeşmesi-derýanyň emele gelşine, onuň suw ýygnaýan meýdanynyň, suwunyň toplanşynyň ýagdaýyny synlamaly bolarys. Tejen derýasynyň esasy goşantlary Owganystanyň çäklerindäki Sefit kuh dagynyň günortasyndan döreýär. Olaryň suwlarynyň birleşmeginden bolsa ýazyna joşýan, tomsuna orta we aşak akymynda guraýan derýa emele gelýär. Derýanyň goşantlarynyň akýan ugurlarynda has hem Hyrat jülgesinde

ýeriň ýüzüne golaý ýerleşýän dag jynslaryna neogen döwrüne degişli sarymtyl gyzgylt reňklere “islim gatlagy” diýilýän çökündilerden ybarat. Gar, ýagyş suwlary toplananynda dag ýapgytlarynda çalt hereket edýän akar döredýär. Şol çalt akarlar hem toýunsow, suw ýuwumyna durnuksyz gyzgylt islim gatlagynyň jynslaryny ýuwup alyp gaýdýarlar. Derýa dag arasyndaky gysbydan akanynda suwunyň düzümindäki gyrmançasyny galdyryp bilmän düzlüge alyp çykýar. Düzlüge çykan ýerinde akaryň ýaýramagyna we tizliginiň peselmegine şertler döreýär. Şonuň üçin hem gyrmançanyň bir bölegi şol ýerde demirgazyga alnyp gidilýär. Dag gaýalarynyň şu ýerdäki hek, dolomit we beýleki dag jynslarynyň reňkleri gögümtil gararak, ýa-da garamtyl meleräk bolýarlar. Düzlerdäki gadymky çökerilen allýuwial-delta çökündiler (derýa suwunyň häzirki döwürde getiren çökündileri). Günüň we beýleki tebigy hadysalaryň täsirinden mele, açyk mele reňkli ýagdaýa gelýär. Olaryň, ýagny garamtyl mele dag gaýalary bilen açyk mele-aksowult reňkli düzlügiň aralygynda goňrymtyl sargylt ýa-da reňkdäki töwerekden aýyl-saýyl tapawutly zolak emele gelýär. Ol zolak bolsa düzlükde giň meýdany tutýar, ol daga golaýladygyňça inçelýär we daga girip gidýär. Şu ýeriň umumy görnüşini daşyndan synlan adama garamtyl-gögümtil gaýalar bilen alasowult düzlügiň arasynda sary agyz görünýär. Ynha,

şol dag gysbysynyň düzlüge çykýan sarymtyl reňkli hanasynyň sypatyny görýäsde biziň gadymy ata-babalarymyz bu ýere “Sary agyz” diýip at berilipdirler diýýäris.

Bu pikirimiziň dogrulygyny şu ýerleriň öz tebigy şertleri kepillendirýär. Biz 1987-nji ýyldan başlap, Tejen derýasynyň häzirki zaman deltasynyň (aýagynyň) demirgazyk, demirgazyk-gündogar çäklerinde we demirgazykdaky gadymy deltasynyň ýaýran ýerlerinde landşaft barlag işlerini geçirenimizde, Murgap derýasynyň getiren gyrmançasyndan emele gelen, takyry Tejen derýasynyň çökündisinden reňki boýunça tapawutlandyrmak kyn bolmaýardy. Tejeniň gyrmançasy bilen Murgabyň çökündileriniň bir-birlerine sepleşýän ýerlerinde-de olar reňki bilen düýpgöter tapawutlanýar. Tejen derýasynyň gyrmançasy hemişe goňras-sargylt, Murgabyňky bolsa açyk mele, ýa-da, aksowultlygy bilen bir-birine garjaşman ýatýarlar. Eger kimiň şübhesi bolsa Gurbansoltan aýynyň ahyrlaryna, Magtymguly aýynyň başyna Tejen derýasy joşanda onuň kenaryna baryp göräýsin.

Şeýlelikde gadymy Sarahs şäheriniň adynyň ýerli tebigy şerte görä döränligi, ýagny Sary agyzlygy we bu şähere şol ady dakanlaryň bolsa Oguzhan nesli türki dilli halklygy hiç hili düşündirişi talap etmeýär.

Biz şu makalamyzda diňe iki geografik gadymy geografik ada seljeriş berdik. Ary-Ariý hem-de “Sarahs”-“Sary agyz” sözleriniň ikisine-de türkiçe häzirki zaman türkmen dilinde düşnüklidigini, tebigy şertlere mahsuslygyny ýazdyk. Biziň bu işimiz ýurdumyzyň geografiýasyny has çuň öwrenmäge mümkünçilik berýän dürli usullaryň barlygyny, şol usullary ýaşlarymyzyň hem gelejekde ylym ýöretmekde ulanmaklaryna sapak bolsun diýilip ýazyldy**.**

## §17.Geografik atlaryñ gelip çykyşy.

Geografik atlary gelip çykyşy boýunça birnäçe topara bölünýär:

1. Taryh bilen baglanyşykly geografik atlar
2. Tebigat bilen baglanyşykly geografik atlar
3. Manysy öz-özünden aýdyñ bolan geografik atlar
4. Hakyky manysynda ulanylýan we köpçülik üçin manysy aýdyñ bolan geografiki atlar.

1. Taryh bilen baglanyşykly geografik atlar:

Arapgala – Kaka etarbynda oba gala, Nedirşa döwründe (VII-VIII asyrlar) Abywert töwereginde araplar ýaşapdyr. Galanyñ ady şol araplar bilen baglanyşyklydyr.

Arwahyýampyk – Kaka etrabynda gum. Bu at “arwahly ýasy gum” diýen manydadyr, bu gumy alililer gala hökmünde ulanypdyrlar, üstünde köp gan dökülendigi üçin oña şeýle at beripdirler.

Atgyrangepe – Tejende uly depe. Ol Atgyrançuññulyñ gapdalynda ýerleşendigi üçin şeýle at alypdyr. Takmynan bir ýarym asyr çemesi mundan öñ Eýrandan alamana gelen adamlar Ahaldan düýe sürýärler, ýadow atlara häzirki Atgyran depäniñ ýanyndaky çuññulyñ suwundan köp içip suw urmagy zerarly gurulýar. Şol sebäpli Atgyran diýen at galýar.

Wagaçapylan – Murgap etrabynda guýy we ýer, şol guýynyñ ýanynda waga tiresi oturýan eken. Ol tiräni eýranlylar çapyp talap gidýärler, şondan soñ guýa “wagalaryñ çapylan guýusy diýen at galýar”.

Gaçalgadepe – Kaka etrabynda gadymy uruşlar döwründe gaçyp atalga bolup hyzmat eden gala.

Gäwergala – Baýramaly etrabyndaky gala, “kapyryñ galasy” diýip at berilen bu galany gadymy Marynyñ harabalary hasaplaýarlar.

Dekdurmazalañ – Köneürgenç etrabynda etrabyndaky depe ýol, ýolagçylary köplenç basmaçylaryñ talandygy üçin oña şeýle at berilipdir.



3-nji surat. Köse dag

Diýarbekir – Was töweregindäki gala. Ýaşulylar bu galany “Şasenam-Garyp” dessanyndaky Diýarbekiriñ galyndysy hasaplaýarlar.

Döwkesen – Köneürgenç etrabyndaky gadymy gala. Orta asyrlarda bu şähere Wezir diýilipdir. Galanyñ ady barada dürli rowaýatlar hem döräpdir. Şolaryñ birinde bu galany “Şirin-Perhat” dessanyndaky Perhadyñ ady bilen baglanyşdyrýarlar. (Perhat-Şirin diýip daglary deşdi). Başga bir rowaýatda bolsa galanyñ döw tarapyndan salynşy barada gürrüñ berilýär. Ýagny döw bir baýyñ gyzyna aşyk bolýar. Baý gyzyny daşdan gala salyp beren adama çykarjakdygyny aýdýar. Döw birnäçe aý işläp galany salyp gutaryberýär. Baý öz ýakynlary bilen maslahat edip gyzyny döwe bermezligiñ ýolyny agtarýar. Garry kempiriñ maslahaty bilen ene mallardan owlak-guzular 3 günläp aýrylyp soñra olar gatyşdyrylýar. Mallaryñ yzlaşygyny eşiden döw “Bu nä ýagdaý” diýip soraýar. Döwüñ ýanyna gelen kempir hem: ”Sen bileñokmy näme, baýyñ gyzy öldi” diýýär. Döw hem söýýän gyzynyñ ölümine gynanyp, özüni galadan aşak taşlap ölýär. Şondan soñ bu gala Döwkesen adyny alypdyr.

Isgender – Bereket etrabynda demir ýol stansiýasy, gala. Stansiýan galanyñ ady dakylypdyr. Galany Isgender Zülkerneýn salypdyr. Şol sebäpli bu gala Isgender diýip atlandyrylypdyr

Han- Baharly etrabynyñ Akdepe daýhan birleşigindäki käriz. Käriz Aşgabat-Türkmenbaşy gara ýolunyñ 7-8 kilometr günortasynda, Hankäriz obasyndan 2 kilometr daşlykda ýerleşýär. Han kärizi XIX asyrda ýaşap geçen belli türkmen hany Nurberdi hana degişli bolandygy üçin şeýle at galypdyr.

Käriziñ jemi uzynlygy 3300 metr bolup, onuñ 1800 metri ýerasty nagymydyr. Guýularyñ çuñlugy 10.45-45 metr, sany 44. suwunyñ mukdary 45 l/s, duzlulygy 0.708 g/l. suw kärizden çykandan soñ, ol turbageçirijiniñ kömegi bilen paýlaýjy guýa barýar. Ol ýerden bolsa, suw Akdepe we Hankäriz obalarynyñ mellek ýerlerine berilýär.

2. Tebigat bilen baglanyşykly geografik atlar:

Kelkör – Hazar bilen Balkanabadyñ aralygyndaky uly şorluk. Kelkör –ýel ady. Bu şorda kelkörüñ köp bolýandygy üçin oña şeýle at berilipdir.

Awaza –Türkmenbaşy şäherinde garaşly ilatly punkt, zähmetkeşleriñ dynç alýan ýeri (Owaza görnuşinde hem ýazylýar). l. Ýerli ýaşulular ony “aw, ýagny balyk az ýer”, “deñiz tolkunlarynyñ güýçli ýeri, owaz edýän ýeri, ýagny köküz ýer” diýip iki hili düşündirilýär. Murzaýewler obaza

diýen geografik termini “gündogardan öwüsýän güýçli ýel” diýip terjime edilýär.



4-nji surat. Hasar dag.

Durun-Bäherden etrabynda oba, gala. Ilkinji gezek XVI asyrda duş gelýän bu ada buruñ diýen türkmen sözünden we bu rewan (“iki akyn”, “iki çeşme”) diýen pars sözlerinden emele gelipdir diýip, iki hili düşündirilýär.

Düşeklidaş-Garagumda çagylly giñ ýer. Bu at “daş düşelen ýer” diýen manydyr.

Ýowşanda-Kak etrabynda gala (“Ýowşan depe”).

Ketdejeññel-Çarşaññy etrabynda jeññel.

Ketdeýylan- Garagumda gyr. Ähtimal. Bu at şol ýerde uly ýylanyñ bolandygy bilen baglanyşykly dörän bolsa gerek.

Kösedere-Gyzyletrek etrabynda (Gyzylbaýyrda) ösümliksiz dere.

Kükürtli –Darganata etrabynda gazly ýer, öñ kükürdi bolan depe.

Küldepe – Çarşaññy etrabynda (Köýtende) topragynyñ reñkine görä at alan giñ ýer we depe.

Mergençagat-Saragt-Tagtabazar aralygynda dag. Dag atlaryndaky çagat sözi geçmesi kyn, daşly ýerleri añladýar.

Owlakdag-Nebitdag töwereginde dag. Ýerli ýaşulular bu ady “üstünde awlak bakylan dag” diýip düşündirilýär.

Kölaryk ene ýaby-Sakar we Serdarabat etraplaryndaky suwaryş ýaby. Ýabyñ geçýän ugrundaky köl bolany üçin oña şeýle at (“Kölli aryk”) galypdyr. Ol öz suwuny Amyderýadan alyp, onuñ sakasy Sakar etrabyndaky Kölaryk obasynynyñ golaýynda ýerleşýär.

3. Manysy öz-özünden aýdyñ bolan geografik atlar:

Kelledaş –Köýtendag etrabynda tpgalak daşlary köp bolan ýeriñ ady.

Üçgöz –Balkanda bir çeşmä birigýän üç sany  çeşme.

Üçguýy –Garagumda sany boýunça üç guýusy bolan dag.



5-nji surat. Hasar dag.

Üçdeşik-Saragt etrabynda üç deşigi bolan depe.

Egriýapy-Ýolöten etrabynda oba. (Sandykly sowhozynyñ bir bölegi). Ol egrilip duran ýapynyñ ýanynda ýerleşýär.

Ekiz-Bäherden etrabynda goşa depeli dag.

Ýaglysuw-Gökdepe etrabynda ýagjyrap duran suwly çeşme.

Ýaglyçäge-Tejen etrabynda topragynyñ görnüşine görä at alan oý ýer.

Ýalañaç-Gyzyletrak etrabynda üsti ot-çöpsüz dag.

Ýasydepe-Gazanjyk we Çärjew etraplarynda ýasy depeleriñ ýanynda ýerleşen obalar.

Ýaşyldepe- Aşgabat etrabynda depe, öñ oba. Töweregi bag bolany üçin, şeýle at berlipdir berlipdir.

Döw-Baharly etrabynyñ "Döwgala" daýhan birleşiginiñ çäginde ýerleşýän käriz. Ol Aşgabt-Türkmenbaşy garaýolundan 7 kilometr günortada, daýhan birleşigiñ merkezinden bolsa, 1 kilometr daşlykda ýerleşýär.

Käriziñ ady "döw" tiresiniñ ady bilen baglanyşyklydyr. Döw käriziniñ umumy uzynlygy 3142 metr bolup onuñ 2990 metri ýerasty nagymydyr we 152 metri gazma ýapdyr. Guýularyñ çuñlugy 13+36 metre diametric 1.-1.3 metre, sany

4.5-e deñdir. Suwunyñ mukdary 48 l/s, suwunyñ duzlulygy 0.655 g/l.

4. Hakyky manysynda ulanylýan we köpçülik üçin manysy aýdyñ bolan geografiki atlar.

Gumdag- Nebitdaga degişli posýolok, nebitli dagjagaz. ÝGG, posýologyñ ornuna öñ Gögeýinli diýilýän eken, çünki häzirki gyşky kinoteatryñ ornundaky oýa sil suwlary ýygnanyp, ol çybyn-çirkeýiñ, ylaýtada gögeýiniñ köp döreýän ýeri eken. 1930-njy ýyllarda düýbi tutylan posýologa 3 km günbataryndaky üsti gumly pessejik dagyñ ady dakylýar.

Gumýap-Murgap etrabynda gumuñ içinden çekilýän ýap.

Gurtly- Aşgabat etrabynda oba,suw howdany. Bu ýerde gurt-“gurçuk” manysyndadyr, çünki häzirki kölüñ ornundaky oýa ýygnanýan suwda öñ gurçuk köp döreýän eken. Oba ileri göçenden soñra, onuñ öñki orny Garry Gurtly diýip atlandyrylýar. Çelekende ýer ady. ÝGG, bu at “möjekli” diýen manydadyr.

Gyşykdepe- Saragt etrabynda öñ oba, häzir ýer ady. Gäbe ýa-da gaba “göwrümi uly” diýmekdir; söwüt –talyñ bir

görnüşi.ÝGG, ýaňy-ýakyna çenli, şol ýerde äpet söwüt bar eken.



6-njі surat. Dag gädigi.

Daşlydere-Bäherden etrabynda daşly dere.

Daşlyoýdak-garagumda gyr. Oýuk sözi Garagumdaky ýollaryň ugurlarynda edilen bellikleri aňladýar.

Olar çöl çöplerinden, daşlardan ýa-da palçykdan konus görnüşinde dikeldilip, uzakdan görner ýaly ýerlerde: beýikleriñ, depeleriñ üstünde oturdylar.



7-nji surat. Gorgan (gala)

Dümlüklidere-Bäherden etrabynda “Nohurda” formasynda görä at alan depe, çeşme. Nohur dialektinde dümlik-“tüýnik” diýmekdir.

Ýowşandepe-Kaka etrabynda gala.(ýowşanly depe).

Zäwlijedag- gazanjyk etrabynda zäw diýen ota baý dag.



8-nji surat. Gorgan (gala)

Inerdepe-Gazanjyk etrabynda dag; Gyzyletrek etrabynda depe. Bulara formasy boýunça at berlipdir.

Islimçeşme- Garry gala etrabynda dere we çeşme. Ýerli gepleşikde ispibal-“lerek” diýmekdir.

## §18.JYGALBEGIŇ GÖROGLA MIRAS GOÝAN ÝURDY

Biziň ata-babalarymyz gadymy döwürlerden bäri tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak we onuň peşgeşlerinden rejeli peýdalanmak ukyplaryny kämil dereýetiripdirler, öz durmuş ýörelgeleriniň iň ýokary derejä çenli kämilleşdiripdirler. Bu bolsa olara mähriban topragymyzdan ähli işleri ussatlarça alyp barmakda, maddy gymmatlyklary döretmekde, Beýik ýüpek ýolunyň hereket etmegine işjeň gatnaşmakda, öz döwrüniň wezipeleriniň mynasyp çözgütlrini tapmakda ýardam beripdir.

**Gurbanguly Berdimuhammedow**

Çardagly Çandybili, ýagny Göroglynyň doglup, ömür süren, topragyny goran we dünýäden öten ýurduň Günbatar Köpetdagyň başlanýan ýerinden, ýagny Merkezi Köpetdagdan bölünip, şahalanyp gidýän Köse (kösäniň) dagynyň eteginde ýerleşýändigini subut edýän maglumatlat az däl.

Biziň gahryman agamyz Türkmen Görogly beg öz ýaşan ýeiniň başga her bir ýurtlar bilen çalşyrylmazlygynyň aladasyny eden ýaly, öz mekanyny “Çardagly Çandybil” diýip atlandyrypdyr. Onuň töweregindäki ýerleriň hem öz döwründäki atlaryny aýdyp, ata ýurduny, ene topragyny wasp edip gidipdirler. “Çandybil” atly obadyr gadymy ýaşalan ýurtlar başga köp ýerlerde bolsalar-da olaryň sanyny dörde ýetiräýseler hem ol ýurduň, obanyň Ýyldyz dagy ýokdur, ýagny Günüň, Aýyň wagt we ugur kesgitlemekde ähmiýetli ýyldyzlaryň üstünden dogýan dagy ýokdur. Goý, bularyň hemmesini tapsynlar, ýöne şonda-da dag gerşini kesip ýatan, uly kerwen ýoly geçýän dagyň gädigi Derebegini (Derbendi) “Çandybilleriniň” golaýyndan tapmazlar.

Türkmenistanyň iri we orta çäklerindäki topografik-geografik kartalarynda “Pakyrşyh galasy” diýlip bellenilýän ýeriň “ Çardagly Çandybiliň” hut öžüdigine ozal hem köp deliller getirip ýazypdyk. Şol dellileriň üstüni ýetirmäge başga-da Göroglynyň döwrüne degişli bolup biläýjek birnäçe geografik goşundylarygoşmaga mümkinçilik bar.

“Pakyrşyh galasynyň” günorta-günbatarynda özbaşyna ýokary göterilen beýiklik bar. Şol beýiklige ýerli ilat häli-häzirem “Çakany diňi” diýýär. “Diň diýlende isle tekiz ýerde bolsun, dagda bolsun, tapawudy ýok , emeli beýgeldilen ýa-da

tebigy döreýşi boýunça töwerekdäki ýerlerden beýigräk bolup, gözegçilik etmäge, gadymy geçmişde  çapawulçylyk edilýän, kerwenleriň gatnaýan döwürlerinde ýollara, geçitlere, gädiklere seredip oturylýan ýer göz öňüne gelýär”. Şol “ Çakanyň diňi” hem Kösäniň dagynyň demirgazyk ýapgydynda özbaşyna beýleki ýerlerden saýlanyp duran beýiklikde ýerleşýär. Diň günbatarda 6 km-de Müňgyş diýen jülgede Bendesen jülgesine çykýan kiçeňräk, 20-30 km-de, Garaburundan ýa-da Tersakandan Hojagala – Bendesinden  jülgesine çykýan has uly kerwen ýollaryna, şeýle-de Ýyldyz dagy bilen Akjadagyň arasyndan çykýan beýigräk dag gädiginiň, ondan günbatarda Dogruja bilen gaýraky Hasar daglarynyň arasyndan geçýän esasy kerwen ýollaryna gözegçilik etmäge iň amatly ýerde ýerleşýär. Şol diňe çykyp otursaň, ileri dag etegi, demirgazykdaky Köpetdagyň baş gerşi diýilýäniň günorta taraplary, günbatarda bolsa Hojagala obasynyň gündogardaky belentlige çenli aralyklar oňat görünýär. Orta asyrlaryň galagoply zamanasynda il-ýurduňy goramak üçin ýollara, öz ýaşaýan ýeriňden uzaklara geözegçilik etmek zerur bolupdyr.

Şonuň üçin hem şol belentligiň üstünde hemişe gözegçileri goýupdyrlar, olar giň jülgede bolýan hereketleri hemmeden öňürti görüp, ýurduň patyşasyna aýdypdyrlar. Ol belentlige ýöne “Din” diýäýmäň, “Çakanyň dini” diýilmeginiň sebäbini

biziň pikirimizçe, şol ýerde outran gözegçi kim bolsa-da gören zadyny tiz-tizden öz begine, patyşasyna ýetirmeli bolany üçin, “Çakanyň”, ýagny, “Çalt habar ýetirijiniň oturýan beýikligi – diňi” diýlendirler. “Çakan” sözüniň türkmen dilinde sypat, ýagny daşky sypaty aňladýan manysynyň hem bardygyny bellemek gerek. Meselem, adam garaýagyz bolup, gözleri hem gök bolsa, oňa “Çakan” diýilmesi bardyr. Atlarda-da eger alny sakar, ýaly kirpigi, guýrugy ak bolsa “Çakan at” diýilýändir. “Çakan” sözüniň üçünji manysy bir habary ýa-da gepi assyrynlyk bilen duýdurman başga-da birine ýetirip, arabozarlyk etse ýa-da ýöne gep berip, birini öňkipikirinden dönderse “Heý pylany-ha pylanyny çakdow” diýilýär. Şonuň üçin bolsa gerek, zäherleri haýwan adamyny ýa-da maly dişlese ýa-da bedene iňňesini sanjyp, zäher göýberse “Pylan zat çakypdyr” diýilýär. Biziň mysalymyzda “Çakanyň diňi” diýilýän geografik adyň döremegi gözegçiniň oturýan ýeri bilen baglanyşykly bolup, ol gözegçiniň gören zadyny örän tiz wagtda Serdaryna, ýolbaşçysyna ýetirmelidigini aňladýar. Bu adyň göterýän ýeriň geografiki ýagdaýy hut şol mazmuna gabat gelýär.

Mundan başga-da “Pakyrşyhyň galasy” diýilýän ýerden dagyň bilini syryp günbatara gitseň, 4-5 kilometrlikde Kösäniň dagynyň günbatar kert eňňidiniň eteginde ýerleşýän “Seri

baba” diýlip atlandyrylýan burun (dag) bar. Şol dagyň günorta-gündogarynda Kösäniň dagyna birigýän ýerinde “Gambaryň gowagy” diýilýän ýer hem bar. “Seri – baba” burnunyň üstünde adam jaýlanan ýer hem bar. Bu dag gerşine gysgaça “burun” diýýärler. “Seri-baba” adynyň dakylmagynyň hem özboluşly sebäbi bar. Biziň ata-babalarmyz ýer-ýurtlara at dakanlarynda hökmany suratda şol ýeriň tebigy şertine, ýagdaýyna, häsiýetli aýratynlygyna, taryhy waka, şahsyýet bilen baglanyşyklylykda, haýsydyr bir manyny açýan mazmundaky atlary dakypdyrlar.

“Seri Baba” adynyň döremegi-de biziň pikirimizçe “Çardagly Çandybiliň” eýesi Görogly agamyz bilen baglydyr. “Ser” sözünuň hem ugurdaş bir näçe many aňladýan bolmagy mümkin. Beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň “Bir işdy” diýen şygrynda “Serinden geçdi” diýlende belkem Görogly agamyz we oňa meňzeş gerçeklerimiz göz öňünde tutandyr.

Ner bedewli begler, hanlar,
Atlansa dolar meýdanlar,
Sokdi dere, dökdi ganlar,
Goçaklar serinden geçdi.

“Saýatly-Hemra” dessanynda “Serim gurban täze gelen now güle” diýilmegi “Özüm” ýa-da “Janym gürban” diýildigidir.

Eýsem, “Seri baba” diýildigi nämaäni aňladýar? Ýadymyza salsak, Türkmen Görogly beg 120 ýaşap, ömrüniň ahyrky pursatlarynda dagda bir gowaga girip ýatýandyr. Megerem, Türkmen örogly begiň şol amanady Alla tabşyran ýerini edebileşdirmek maksady bilen, bu ýere “Seri”, ýagny G Gyň jan beren ýeri diýlip at goýandyrlar.

Şol dagyň gap bilindäki gowak, onuň alnyndaky Gyratyň otlap ýören, soňra duşmanlar gelende Göroglynyň döwüş guran meýdany….. bularyň hemmesi eserdäki suratlandyrýan ýerlere meňzäp dur. Şol ýerlere baranyňda, Görogly begiň ruhy ýanyňda bar ýaly bir hili täsin duýgy hem döreýär. Şol keramatly ýeriň topragy dil açyp, “”Hawa, seniň Görogly agaň, ynha, meniň gujagymda ýatyr” diýäýjek ýaly bolup dur.

Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen halkynyň geçmişindäki mukaddesligi janlandyrmakda, olary şu güniň talabyna laýyk röwüşde ösdürip, diňe bir türkmen halkyna däl, eýsem bütin ýer ýüzine ýaýmakda irginsiz alada edýär. Ol taryhy mukaddesliklerimizi dikeldip, şu günki ýaş nesili we geljekgi ýaş nesillerimizi ata-baba ýollarymyza, Allanyň nazary düşen mekanymyza wepaly bolmagy ündeýär. Biziň

hemmämize mukaddes bolan Jygalybegiň, onuň Adybeg sultan oglundan galan gahryman agamyz Türkmen Görogly begiň ýaşap, ýurt goran ýeri bolan Çardagly Çandybiliň adyny gaýtadab dikeldip, ak mermerli Aşgabadyň täzeden gurulýan Köpetdagyň etegini tutup ulaljak, ösjek bölegine şol gerjekleriň göbek gany daman ýeriniň ady bilen atlandyrylmagy, eýsem muňa mysal dälmi?!

## §19.GÖROGLYNYŇ ÇAGDALY ÇANDYBILI TÜRKMENISTANDA

**Gurbanguly Berdimuhammedow:**

Biziň halkymyza ýokary derejede zähmetsöýerlik mahsusdyr. Ýöne esaslandyrylan, päk ýürekliligiň emele gelen ýörelgeleri we gurşap alan tebigy giňşligiň ähli zarurlyklary bilen şertlendirilen zähmetsöýerlik mahsusudyr. Biziň halkymyz öz wagtynda ýaşaýan gurşawyna oýlanyşykly çemeleşip, maddy önümleri üznüksiz öndümäge oňaýly edip we şonüň bilen birlikde ruhy we ahlak başlangyçlary bilen dolduryp, ukyplylygyň, iş başarjaňlygyň täsin gudratyny görkezipdir. Öz taryhyny adamzat siwilizasiýasynyň dörän döwründen alyp gaýdaýan beýleki halklar ýaly, türkmen halky hem öz durmuş-medeni nusgasyny döretmekde uly üstünlikler

gazanypdyr. Bu nusga häzirki döwürde-de halkymyzyň maşgala institutynda we ruhy däp-dessurlarynda saklanyp galypdyr.

"Görogly" eposy ýer ýüzündäki halklaryň iň gadymylarynyň biri bolan türkmen halkynyň döredip, ösdürip, taplap, timarlap, biziň günlerimize ýetiren iň ajaýyp eserlariniň biridir. Bu eserde halkyň öz ogullaryna arzuwlan iň oňat häsiýetleriniň Jygalybegiň, Göroglynyň, onuň kyrklarynyň, olaryň ýanýoldaşlarynyň häsiýetlerini, obrazlarynyň üsti bilen okyja, diňleýjä ýiterenligi, obrazlarda, has-da Göroglynyň onuň Gyratynyň obrazlarynyňda käbir hyýaly, edebi çeperleşdirilmeleriň, artdyrylmalaryň bardygy hiç kimde şübhe döretmeýärmikä diýýärin. Mümkin, Göroglynyň çeper obrazynda dürli döwürlerde ýaşan, Watany, halky goramakda deňi-taýy bolmadyk gahrymanlyk görkezen türkmen gerçekleriniň edermenlikleri, namysjaňlyklary, edep-ekramlylyklary, akyl-huş artykmaçlyklary jemlenip görkezilen bolmagyny-da inkär edip bolmazmyka diýýärin.

Bu obraz nähili dörän bolsa-da her-hal, boş ýerden ýagny düýpden hyýaly zat bolup bilmez. Munuň düýbünde hökman, şol eposdaky hadysalara kybapdaş bolup geçen zatlar bolaýmaly. Şoňa görä-de, eger Görogly türkmen bolýän bolsa

(oňa hiç-hili şek-şübhe bolup bilmez) onda türkmen halkynyň gadymdan ýaşap gelen mekany Türkmenistanda şol eposdaky aýdylýan ýurtlarda, ýerlere meňzeş, doly bolmasa-da garaz, gabat gelýän zatlar bolaýmaly.

Şu pikir onlarça ýyllaryň dowamynda maňa hiç ynjalyk bermän gelýärdi, Türkmenistanyň çäkleriniňde barmadyk ýerlerim örän az bolsa gerek. Şeýle bolansoň, baran ýerimden mydama (özümden bidin diýen ýaly) Göroglynyň ýerlerini gözleýärdim. Hat-da Türkmenistanyň çäklerinden daşarda; Balkan ýarym adasynda, Karpatda, Kawkazda we beýleki ýerlerde bolanymda şol eposdaky suratlandyrylýan ýurtlary, ýerleri gözleýärdim. Görüp otursak Gördoglynyň Çardagly Çandybili öz ülkämizde, onda-da öz çagalygymyň geçen ýerinde bolsa nätjek! Ol zatlary giç hem bolsa saýgaryp tapanyma begendim we bu pikerlerimi il-günümede ýetirmäge ymtyldym.

(Indi häzirki Bendesiniň gadymy Çardagly Çandybildigine we Göroglynyň doguşyna şaýtalyk edýän zatlar hakda durup geçeliň).

Häzirki Balkan oblasty Gyzylarbat raýonynyň çäginde ýerleşen Bendesen obasynyň günortasyndaky Kösedag ady bilen belli beýik dagyň gap bilinde Pakyrşhyň tagtasy diýilýän gadymy ýurt bar. Ýurduň ileri çäginde dagyň beýik gerşiniň

düýbünde XII-XIII asyrlarda ýaşap geçen häzirki bendesenilileriň atasy (Pakyrşyhbabanyň) Fakreddinbabanyň gonambaşylygyndaky uly öwlüýä bar. Öwlüýäniň demirgazygynda bolsa gadymy galanyň diwarynyň we käbir minarasynyň galyndylary saklanyp galypdyr. Hemmä mälim bolşy ýaly, galalar gasdymy geçmişde şäher –oba ilatynyň goranmagy, ýagny hüjüm edip gelen duşmandan goranmak üçin gerek bolupdyr. Emma şol töwerekdäki ýaşaýan dürli türkmen tireleriniň (gökleň, teke, ýomut) we Bendesende ýaşaýan şyhlaryň  ýaşulularynyň güwä geçmeklerine görä bu ýere Pakyrşyh (ýagny Fareddin) geleninde soň musulman älemine degişli adamlar hiç haçan uruş-a beýle dursun, ýaman niýet bilen hem ol ulamanyň hatyryna onuň ýerlerine ýönelmändirler. Diýmek, soňky 800 ýyldan bäri we häzir hem bu ýerde ýaşaýan  Abubekir Syddyhyň we Pakyrşyhyň nesilleri bolan şyhlar diňe dini düşünjelerden başga syýasatlara, goşulma, şerigat ýoluny ündäp ýaşan şyhlardan tapawutlylykda has irki  ýaşan ilat töwerekdäki beýleki ýaşaýjylar ýaly, garamaýak bolupdyrlar. Şonuň üçinem uruş-çozuşlardan halas däl eken diýmäge doly esas bermeýär we bu ýeriň türkmen Göroglynyň gadymy Çardagly Çandybili bolaýmagy öran ähtimaldyr.

Muňa birnäçe zatlaryň mysalynyň üsti bilen göz ýetirmäge synanyşalyň. Ozaly bilen, irki döwürlerde halk arasynda has sylagly-hormatly adamlaryň olaryň ýakyn hossarlarynyň jesetleri häzirki ýaly, gömülip jaýlanman, ýörite ýerasty giň otag görnüşli jaýda aýry-aýrylykda ýatyrylyp, üsti gömülmän goýlup gaýdylmagy (ol jaýlaryň gurlan ýeri örän pynhan saklanan bolmagy mümkin). Türkmenistanyň çäklerinde şol hili adam jaýlanyşynyň mysaly seýrek zat dälmikä öýdýärin. Eger şeýle bolsa, Göroglynyň öz ejesiniň jaýyndan daş çykyp bilmegi fantastiki-hyýaly zat däl-de, hakykata ýakyn bilup biläýjek zat. Onuň ejesi ýogalanda onuň göwresinde ýetik çaganyň gidenini bilýän diri galan şol neberäni sylaýan ildeşleriniň ýaşrynlykda hemaýat etmekleriniň mümkinligini inkär etmeseň, hakykata ýakyn, bolup biläýjek zat bolýar-da duruberýär. Şu delil bilen Göroglynyň hakykatdan-da gör oglulygyny sülä getirmek isleýäris.

Indi bolsa şol gadymy galanyň gurlan ýeriniň Göroglynyň Çardagly Çandybililiginiň delillerine seredeliň!

Gürrüňi ediljek ýer häzir yslam äleminde belli bolan Şahslaryň biri Fahreddiniň adyny göterýände bolsa, ol bu ýere gelmenkä ýurduň adynyň Çandybil bolýamagy, Göroglynyň bolsa öz ýuruny has şekillendirip “Çardagly” diýip, häsiýetlendirip aýdan bolmagy örän ähtimaldyr.  Sebäbi bu ýurt

dagyň dag ulgamlarynyň birleşýän ýerine golaýda jülgeden kert gaýa bolup aýrylýan, dag depesinden hem kert gaýalar bilen çäklenen (aralykda emele gelen tekiz) dag gerşiniň orta bilinde emele gelen giň tekizlikde ýerleşen ilat ýaşan, gala salnan ýer bolupdyr. Bu ýere beýikdenem, pesdenem görünmän bilginsiz gelip bolmaýanlygyny, töwrekdäki dag ýerüstüniň gurluşynyň örän çylşyrymlylygy, dag gerşiniň gap bilinde ýerleşenliligi üçin “Çandybil” diýilse, örän jaýdyr, ýerleşen ýerine kybapdaş at boljagy ikuçsyzdyr.

Çap dagly diýilmeginiň hem özüne ýeterlik sebäbi bar. Çar sözüni parsçadan türkmençä-dört diýip terjime etsek, onda Dört dagly Çandybil bolýar. Hakykatdan-da bu ýurdy dört tarapdan dört sanly dag gerişleri-gündogardan Gzoly, demirgazykdan Dogruja, günortadan Köse, Günbatardan bolsa Hasar daglary gurşap alypdyrlar. Şonuň üçin hem dört dagyň arasynda, dag gerşiniň bolsa gap bilinde ýerleşeni üçin hem dört dagyň arasynda, dag gerşiniň bolsa gap bilinde ýerleşeni üçin “Çardagly Çandybil” diýlipdir diýmäge doly esas bar. Bu ýeriň tebigy ýerleşişi gadymy geçmiş döwrüň durmuşyna baglylykda goranmaga, duşmana görünmän duýdansyz jülgä eňmäge ýa-da daga çykmaga,hüjüm etmäge gaçyp gutulmaga örän amatly ýerde ýerleşenligi üçn Göroglynyň ýa-da onuň ata-babasynyň gala gurmaga hut şu ýeri saýlan bolmaklary mümkindir.

Bu ýeriň ýene-de bir amatly tarapy ol he gadymy geçmişde Günbatardan, ýakyn Gündogardan, Kiçi Aziýadan, Günbatar Eýrandan, Missiriandan Gündogara –Mara, Hywa, Buhara, Hytaýa çenli we tersine- Gündogardan Günbatara geçýän kerwen ýoly, bol suwly, tomsuna salkynrak, gyşyna sowuk sörtük ýelden goralan, hem ýakynlygy bilen amatly dag içinden geçendir diýesimiz gelýär. Sebäbi Etregiň boýundan Kürendagyň Günbataryndan aýlanyp, tekizlik bilen gaýtjak bolsaň azyndan 300 km.ýoly tä Däneata çenli suwsyz-sölsüz, ilatsyz çöl beýewandan geçmeli. Däneatadan gündogarda-da suwly dereler dagyň içinde bolup, kerwen ýoly bolaýjak ýerden uzakda ýerleşendir. Ýoluň dag içinden geçenligine ýene-de bir şaýatlyk edýän zatlaryň biri, ol häzirki Gözlidag bilen Akjadagyň arasynda "Bendesen geçelgesi" ady bilen belli gädigiň, Gorgan bilen Seribabanyň arasyndaky geçelgäniň Hasar bilen Kösäniň ulgamynyň arasyndaky "Batynyň gädigi" ady bilen belli bolan geçelgeleriniň üstünde mesäňi görnüp ýatan köp gatnaw netijesinde emele gelen gadymy ýolaryň has çuňlaşan dilkaw çöketlikleriniň häli-häzir hem, üstüne ot bitipdir diýäýmeseň, aýdyň görnüp ýatlygy şaýatlyk edýär. Şoňa görä-de bu ýeriň haryt üpjünçiligine-de, eger eposdaky ýazylyşyna görä, Göroglynyň kerwenden paç alýanlygyny

ýatlasak, şol jähtden-de örän amatly bolanlygyny nygtap oturmagyň zerurlygy ýokmuka diýýärin.

Eposda Çandybiliň golaýynda ýerleşýän “Ýyldyzdagy” köp gaýtalanyp gelýär. Şol döwürde “Ýyldyzdagy” diýilýäniň häzirki Gozlydag bolmagy hakykata ýakyn, sebäbi Pakyrşyhbabadan ýagny gadymy galanyň töwereklerinden seredilende Daňýyldyz, Ýaldyrak, Marryh, ýa-da Kerwen gyran, Üç ýyldyz, Ülker ýaly gijelerine ýolagçylara ugur –ýol salgy berýän, wagt kesgitlemäge kömek edýän, galyberse-de ýylyň pasyllarynda döwürleri kesgitlemekde asyrlar boýy adamlara kömek eden ýyldyzlaryň barsy diýen ýaly, doganlarynda Gozly dagyň üstünden dogup görünýärler. Şoňa görä-de eger-de häzir hem şol daga Pakyrşyhbabadan seredip at dakylmagy bolaýsa, oňa diňe “Ýyldyzdagy” diýlerdi.

Bu zatlaryň hemmesi hem “Göroglynyň” bir halkyň hyýaly döreden zady bolman, düýbünden ummasyz taryhy-geografik esasy bolan, asyrlar boýy halk tarapyndan çeperleşdirilen hakykatlygyna şaýtalyk edýär.

Eger-de Göroglynyň öz kör atasy Jygaly beg kowgudan gaçýan ýerlerini ýatlap

“Bendesende şol hili ýerler ýok” diýjek bolýanlar tapylaýsa, olara Bamynyň demirgazygynda ýerleşýän Näz depäniň

töwereginden gadymy ojaklaryň biri (Uzyn Şor kesip Bama, ondanam Bendesenä) ugur alyp gidip görüň diýesimiz gelýär.

Sebäbi şu ugur boýunça giden adam, biri-birine utgaşyp gidýän çägeli çöllüge, uzaklara ýayylyp ýatan şorlugy, eliň aýasy ýaly takyrlyga, daş-damana ýaly ýapgydy, çyg-çyrpyly dagyň etegine, soňra bolsa näbelet adamalara örän köp syrly howply howatyrly, öwrenşmedik adamlaryň bir bada sussuny basýan dag gerşiniň belent üstüne abanyp duran gaýalarryny görmän häzirki  Bendesene gadymky Çardagly Çandybile baryp bilmez.

Häzirki Pakyrşyhbabanyň ýurduny Günortasyndaky  daga "Köse dag" diýilmegini kä adamalar onuň üstünde agaç ýoklugy bilen düşündirjek bolýarlar. Emma biz şol dagyň iň soňky iki sany öwlüýä hasaplanylýan arçalaryň 60-njy ýyllarda şol dagyň üstünde harby desgada gulluk edýän harby adamlar tarapyndan çapylyp ýok edileniniň entek diri şaýady ahyryn. Gadymy geçmişde ol dagyň üstünde-de häzir onuň gündogar ýapgydyndaky ýaly Kerkaw, şep uçgar we beýleki agaçlar bilen örtülip oturandyr. Eger şeýle bolsa, onuň "Köse " ady Göroglynyň Kösesi bilen bagalnysykly bolaýjak ýaly bolup dur.

"Görogly" eposynda Bezirgeniň ölümi hakda ýazylanda ony Görogly kerwen ýoluň üstünde atyp ýaralaýar, şol

ýaradanam Bezirgen ölýär. “onuň jesedeni galan kybla tarapyna getirip jaýlaýarlar” diýilse-de biziň ýaşulylardan öňki eşidişimize görä “Bezirgen bigünä şehit bolupdyr”, şonun üçin hem ony jan beren ýerinde, ýoluň ýakasynda depäniň üstünde jaýlapdyr diýilýäne köpräk ynansymyz gelýär. Sebäbi Arkaçdan baryp, Bendeseniň gädiginden geçip, Howdanjyk diýen ýerden Bendesene ugranyňda sag tarapda depäniň üstünde ýeke mazar bar, daşy çärdekl. Ol ýerde jaýlanan adam adaty adamdan has irräk bolmagy çemeli. Çerdekdäki guburyň gabarasy has ullaknlygy bilen tapawutlanýar. Bu ýeke mazar ýerli ilatyň hormatlaýan öwlüýäleriniň biri. Biziň pikirimizçe şu häzire çenli, kim ekenligi belli bolmadyk gadymy geçmişde öten bendäniň şol Göroglynyň kyýamtlyk dogany Bezirgen bolaýmagy örän mümkin.

Galyberse-de Göroglynyň ömrüniň iň soňky günleriniň geçen, eltilip goýlan gowagy bolsa Kösedagyň günbatarynda kert eňnitde Gyratyň Hüňkaryň goşynlary bilen daraşan meýdançasy bolsa gowakdan pesiräkde bir takyrda ýerleşýär diýilmage, şol ýerdäki häzir “Gammaryň gowagy” ady bilen belli bolan gowak we onuň garşysyndaky meýdança bize doly esas berýärler.

Şu taryhy-geografik zatlaryň şeýdar gabat gelýänligi we Türkmenistanymyzyň biziň halkymyzyň örän gadymdan bäri

ýaşap gelýänligi, şoňa görä-de Göroglynyň ýurdunyň türkmeniň ata- mekanyna bolaýmalygy häzirki Bendeseniň has hem Pakyrşyhbabanyň ýeriniň Çardagly Çandybil diýilen bolmagyna ynamymyzy güýçlendirýär. Şoňa-da tüýs çynymyz bilen ynanýandygymyzy hiç kimden gizläsimiz gelenok.

Şu jülgäniň başlanýan ýerinden (Deştiň golaýyndan) Hojatala obasynyň ýerleşýän ýerine çenli (40 km. töweregi) aralykda ýokarda agzalan taryhy-geografik zatlardan başga-da örän köp taryhy-geografik ýadygärlikler bar. Olardan: Ybaryýmbaba, Gorganbaba (ýerli ilat köplenç oňa Güjüklubaba-da diýýärler), Gaplalybaba, Meşrepbaba (Meşrep diwanynýn ýurdy we onun gaýyp bolan tagtasy, ýagny dulugy), Melitbab, Keýiksaglan öwlüýä, Babaesen öwlüýä, Jirjisbaba (Jirjis) yslamdan öňki hristian dinine degişli keramatly Georgiýanyň ady dakylan goşun başlygy, bu ýerleriň ilatyny hristian dinine salmaga geleninde şu ýerde heläk bolup galan bolmagy mümkin . şu ýerde Jerjis ady bilen belli bolan şol ady göterýän oba-da, öwlüýä-de bar, öwlüýäniň adyny tekstde “Jirjis” diýip, Georgiý adynyň latyn okalyşyna görä ýazdyk, beýleki birnäçe taryhy-geografiki ýadygärlikler ýerleşen. Olaryň her haýsynyň özüniň aýratyn rowaýata öwrülen taryhlary bar. Şol taryhy rowaýatlary şu wagta çenli (soňky ýetmiş ýyl içinde) halkymyza ýaýradyp bilmedik bolsakda, indi

şolar hakda öz ilimize doly aýtamnyn, ol öwlüýälere hormat goýup, zyýarat etmaniň wagty geldimikä diýäris. Uly meýdany bolmadyk ýerde şunça taryhy-geografik ýadygärlikleriň toplumynyň bolamgy bu ýerini açyk asmanyň astyndaky muzeýe öwürýär. Şeýle bolanoň, şu ýerleri Türkmenistanyň taryhy-geografik zapowednigi edilip, döwlet hasabatyna alynsa we dünýä türkmenlerine bu gadymy ojak barada maglumat ýaýradylsa, zyýarata geljekleriň hem tapylaýmagy mümkin.

## §20.GORGANBABA-GÜJÜKBABA

Gorganbaba diýilýän dag onçakly uly bolmadyk meýdany tutýan beýikliklidir. Onuň beýikligi, takmynan, 300-350 m. töweregidir, degree daşyny kert gaýalar tutýarlar. Şoňa görä-de bu belentligiň üstüne çykjak bolsaň, diňe onuň günorta-günbataryndaky ýeke-täk geçelgeden geçmeli bolýar. Megerem, şol geogafik aýratynlyk hem onuň adyny (“Gorganbaba”) kesgitländir diýen çaklama bar. Sebäbi türkmen halkynda gadym döwürlerden bäri “Go” diýen söz dürli manyda ulanypdyr.

“Gor” diýen düýp sözüniň dürli ýerlerde, dürli manyda ulanylyşyny seljersek, ilki bilen oňat eýlenen palçykdan guýlup galdyrylýan diwaryň birtapgyrda guýup bolýan bölegi göz öňüne gelýar. Bir jaý salnanynda, onuň diwaryny dört gordan

galdyrsaň, beýik jaý bolýar. Şu hili jaý salmak usuly biziň ýurdumyzyň köp ýerlerinde gabat gelýär.

“ Gor” sözi düýe süýdünden çal tutuljak bolanyndaky ilkinji turşudujyny hem aňladýar. Çal tutulýan täze küýzä bolsa “Gor” küýze diýip at berilýär.

“Gor” sözi ýene-de maýa toplamagy aňladýar. “Gor” diýen düýp sözüniň yzyna “Gan” goşulmasyny goşup, (Gor-gan) gala manysynda-da ulanylypdyr. Biziň pikirimizçe, Gürgenç-Ürgenç, Gürgen ýaly gadymy şäherleriň atlaryda şol Gorgan sözünde gelip çykan bolmagy mümkindir.

Beýle diýmäge bizde käbir esaslary bar. Meselem, bir çaga garagollyk etse, ululardan biri hem oňa şol garagollygy üçin käýejek ýa-da tutyp şarpyk çalaýjak bolsa, çaga gaçyp, özüni goraýjak hossarlarynyň biriniň gujagyna özüni atýar. Ine, ulular onuň bi şine baha berip: “O-la, Gorgan galasyna özüni atdy, indi degip bolmaz ” diýip gülüşýärler. Hazire çenli saklanyp galan ol sözleriň manysy, gadym döwürlerde türkmen halkynyň durmuşyndan bir parçasyny aňlatdygy dälmikä?! Güýçli duşmandan goranmak üçin özüni berk goraga atyp, halas bolmak geçmişde ýygy-ýygydan gaýtalanan hadysa bolupdyr ahyryn.

Biziň gürrüňini etjek bolýan belentligimiziň adynyň “Gorgan” bolmagynyň esasy sebäbide, onuň daşyndan

göreniňde guýlup galdyrylan diwara meňzän bolmagy-da mümkin. Ýöne ikinji manysy, baryp almasy kyn bola gaçbatalga bolup hyzmata edenligi hem öz roluny oýnandyr diýen çaklamadyr. Biziň çakymyzy tassyklaýan, hut şu daga degişli rowaýat hem bar. Bu rowaýaty Bendesende bilmeýän az-az bolsa gerek. Biz entäk kiçiräk oglankak, şol rowaýaty aýdyp berenlerinde, hut özümiz şol rowaýatlardaky aýdylýan zatlaryň arasynda bolup gören ýaly ýatda saklapdyrys. Hut şu güler hem diňleýkisi duşsa, şol we şoňa meňzeş rowaýatlary obanyň mollasy Amangeldi Berdigylyç ogly, Amanguly Hydyr ogly, Begnazar Hudaýguly ogly we beýlekiler aýdyp berýärler we ol rowaýatlaryň şu günki ähmiýetini hem teswirleýärler.

Amangeldi Berdigylyç ogly şol Hajy Sary diýen adamyň ýazyp alypdyr hem-de onuň hak köpçüligine ýetirilse, ulu ähmiýetiniň boljakdygyny aýdypdyr. Biz hem gadymdan bäri dilden-dile geçip gelen şol rowaýaty başardygymyzdan okyjalara hödürlemekçi bolýarys. Rowaýaty gürrüň berýänleriň hemmesi gadyme geçmişde häzirki Bendesen obasynyň ýerleşen jülgesiniň "ok ursaň geçmeýän" jeňňelik bolandygy, şol jeňňelikde gaplaňdyr ýekegapan, uly-uly süýrenjileriň umuman wagşy we beýleki ýabany haýwanlaryň köp bolanlygy, ol ýerde obanyň bolmanlygy, adamalaryň

Müňňüşde (müň gyşda), Jyzawlyda, Çandybilde we beýleki ýurtlarda ýaşanlygyndan başlaýarlar.

Şeýle bolansoň, “Gorganbaba” diýilýän belentlik şol gadymy ýaşalýan ýurtlaryň ortarasynda bolýar-da duruberýär. Ýene-de bir zady aýtmak zerur. Ol döwürlerde Bendesen obasynyň duran ýerindäki jeňňelli jülgäniň ady “Gara” ýa-da “Garaňky jülge” bolupdyr.

Gadymy geçmişde şu töwerekdäki ýrutlarda çeşme boýlarynda ýaşaýan ilatyň bir ýaşuly adyl patyşasy bolupdyr. Onuň hem ýetişen görmegeý gyzyndan özge perzendi bolmadyr. Olardan daşyrak ýerlerde başga-da patyşalyklar bolupdyrlar we elmydama şu otly- suwly ýer-ýurtlara eýe bolmagyň aladasynda gezipdirler. Şol patyşalaryň biri bu ýurduň patyşasynyň garrap, gurpdan gaçandygyny eşidip, onuň ýurduna ýöriş edýär. Garry patysa-da jemi ilatyny we maly-baýlygyny ýygnap, şol Gorgan dagynyň üstüne gaçyp çykýar. Olar geçelgede buky gurup, atyjylary ýerleşdirýär. Gaýadan dyrmaşyp çykyp bolaýjak ýerlerde daş üýşürip, aşakdan geljek bolanlaryň üstünden daş togalap gorapdyrlar. Şeýlelikde, çozup gelen goşun bu patyşalryň halkyna hiç hili zeper ýetirip bilmeýär-de, şol dagyň daşyny gabap ýatyberýär. Sebäbi dagyň üstünde içer ýaly suw-da, iýer ýaly azyk-da bolmandyr. Birki aýdan soň gabawdakylar açlyga, suwsuzlyga çydaman ýa-ha

gyrylmalydy ýa-da sagdan inip, tabyn bolýandygyňy boýun almalydy.

Garry patyşa daga gaçyp çykanlaryndan, ýalçynyň eteginde pesräk ýerini saýlap, suwakarynyň öňüne böwet basdyryp, bolşuna görä suw ýygnar ýaly kup (ygal düşýän wagty daşýalçynyň üstünden syrygyp akýan suwlary toplap saklar ýaly desga. Çöldäki kak mysaly) ýasadýar. Ýazyň ortasy bolansoň, ýagyn-ýagyp, ol kup suwdan dolýar we agyz suwy meselesi çözülyar. Emma orak wagty golaýlaşdgyça dagda outran ilatyň dänesi azalyp başlaýar. Ahyrynda-da ýaşulularyň maslahatyny geçirip, mundane beýläk nähili hereket etmegiň, ilaty nädip açlykdan, gyrylmakdan saklamagyň ýollaryny agtaryp başlaýarlar.

Ahrynda-da galanja däneleriniň köp bölegini bir öküze iýdirip, dagdan aşak indermegi makul bilýärler. “Däneden doýan öküz çesmä baryp, suw içse, has agralyp ýatar. Turanda-da doly gäwüşäp ýetişmänsoň, tezekläninde tezeginde däne görner. Ony gören duşman: “Bular mallaryny däne berýän bolsalar, entek mydar eder” diýip düşüner we gabamagy bes edip giderler ” diýipdirler.

Dogrudan-da, hut şol ýaşulularyň aýdyşlary ýaly bolyar. Öküziň daşyna üýşen adamlar biraz wagtdan soň şaýlary tutup, goşlaryny ýygnap başlaýarlar. Şol wagt hem basybalyjy

patşanyň oglunyň çadyryna ýaýdan atylan bir ok gelip çümýär. Gň ujyna hat gysdyrylgy eken. Haty açyp okasalar: “Meniň kakam ýaşulular bilen maslahatlaşyp,ähli dänäni şol öküze iýdirip, size tarap kowdular. Ol görýäňiz aldawdyr, ýene-de bir hepde garaşsaňyz siziň garşyňyza çykmaga güýç galmaýar, ýurt siziňki bolýar” diýip ýazylpdyr. Bu haty basybalyjy patşa eltip berýärler. Ol bolsa bir hepde däl, gerek bolsa iki hepde garaşmaly, bu ýurdy öz tarapymyza geçirip gitmeli diýen karara gelýär. Şeýlelikde, goşun gabawy dowam etdirýär.

Tomus düşüp başlansoň, ygallar azalyp, yssy günler artypdyr. Şonunüçin hem küpdäki suw bugaryp, ilat suwsyz horlanyp başladylar. Şonda ýigitleriň has edermenleri gijesine suwuň ugruna çykyp, dagyň demirgazyk etegindäki gaýanyň düýbünden syzýan çeşmäniň barlygyny, şondan suw alyp boljakdygyny aýdýarlar. Meşikleri alyp, gijelerine şol çeşmeden gaýanyň ýokarsyna suw çykarp başlaýarlar. Şeýdip iline ölmez-ödi suw ýetirýärler. Şol gijeleriň birinde gaýa dyrmaşmaga has ökde pälwan ýigitleriň biri aşak düşüp, meşikleri suwdan dolduryp, ýokaryk çekdirip durka, ýüp üzülip, meşik aşak şalkyldap gaýdýar. Aşakda duran ýigit biygtyýar: “Wah” diýip seslenýär. Muny durmuşyň garawullary duýýarlar we ýaňky ýigidi tutýarlar.

Basybaljylar ýaňky tutulan ýigitden sorag edýärler. Näçe gynasalar-da, ol ýigit hiç hili maglumat bermeýär. Duşmanlar ol ýigidi öldüripdirler.

Şeň gudraty bilen gurlan bu tebigy galanyň-Gorgan galasynyň üstündäki ilat agyz suwundan hem kesilipdir. Patyşanyň permany bilen suw ujypsyz mukdarda çagalara, aýallara we garawulçylykdaky esgerlere berilmeli edilipdir. Ilat ygal diläp näçe nalasa-da , olaryň nalyşy kabul bolmandyr, ýagyn ýagmandyr. Duşmanlar birnäçe hepdeden geçelgelere hüjüm edenlerinde gotagçy esgerler duran ýerlerinde suwsyz şehit bolan ekenler. Daga çykyp görseler, eli ýarag tutýan bir adam hem galmandyr. Bir öýde birnäçe çaga bilen patyşanyň gyzy diir galan eken. Olary basybalyjy patyşanyň ýanyna, häzirki Dawaly düzlügine getirýärler.

Patyşa ol gyzdan näme üçin öz kakasynyň duşmanlaryna şeýle wajyp maglumaty berenligini soranynda, basynalyjylaryň goşunyndan bir ýigidi, ýagny patyşanyň ogluny söýenligini, ol oglanyň hem atyny suwa ýakmaga gaýanyň düýbüne geleninde özüne hyrydar garanlygyny aýdýar. Şonda patyşa öz ogluny çagyrýar-da, ol gyzy tanaýanlygyny ýa-da tanamaýanlygyny soraýar. Oglan atasyna şol gyzy görüp, aşyk bolablygyny, eger rugsat bolsa, oňa öýlenjekdigini aýdýar.

Şonda gazaply patyşa oýa batyp oturşyna içki pikirini dasyna çykaryp: “Öz iline, Watanyna, ata-enesine wepa bermedik, bize wepa berermi?” diýipdir. Töwerekdäki duranlar, şol sanda aşyk oglan hem muny eşidipdirler we hakykatdan-da: “Özüni kemala getiren ata-enesine, iline, Watanyna dönüklik eden gyz, erteki gün başga bir güýçlini, görmegeýi göreninde bize hem dönüklik edip, öz ilini, atasyny heläk edip, ýurduny boşadyp, duşmana berşi ýaly etmezmi?” diýen sorag ýüreklere aralaşýar.

Patyşanyň ogly pikirleri kellesinde aýlap, ahyrynda gyzyň ygtyýaryny öz kakasyna we ýaşululara berýär hem-de ondan ýüz öwürýär.

Patyşa wezir-wekilleri we ýaşululary bilen bu gyz barada maslahatlaşyp, ahry hem oňa rehimsiz ýylan lakamyny ýagny “Margyz” adyny berip, ölmänkä wejera etmegi, ahrynda-da, şol içi ýyrtyjylardan, ýylanlardan doly, ok ursaň geçmeýän jeňňelle taşlamagy makul bilipdirler. Ol gyza “Margyz”-“Ýylangyz” diýip at dakyp: “Sen hem şol jeňňeldäki wagşylaryň biri, olardan-da eýmençjandar, öz ataňy, iliňi çakyp, gyrdyň” diýip, şol jeňňelli jülgä taşlap gidipdirler. Şondan soň, tä Fahräddein baba gelip, täze at dakynça, bu jülgä Margyzyň jülgesi diýipdirler.

Biziň günlerimizde-de bu jülgäniň tutuşlygyna ady tutulanda, ýaşuly adamlar “Margyzyň jülgesi” diýýärler. Şol jülge gündogardan günbatara Deşt obasynyň gündogarragyndan başlanyp, Ymarat jülgesini, Bendesen, Çukurýurt, Hojagala obalarynyň ýerleşýän ýerlerinde, şol obalaryň ady bilen atlandyrylýar. Bu dag arasyndan ýerleşýän deräniň günbatar bölegi duzly gatlaklaryň ýeriň ýüzüne çykýan ýerinden geçýänligi sebäpli, onuň düýbünde akýan suw ýokary derejede şorlanýar. Şonuň üçin hem Hojagalanyň günbatarlaryndan tä Köpetdagyň demirgazyk dag etegi düzlükde birnäçe bölege bölünip, dargap gidinçä “Ajy” –“Ajydere” ady bilen bellidir.

“Şol gadymy geçmişde bolup geçen, biziň günlerimize bolsa rowaýat görnüşinde gelip ýeten pajygaly hekaýatyň şu günler hem şaýatnamasy barmy?” diýen sorag tebigy zat bolany üçin, şol soraga jogap bermegi makul bildik.

Bir söz bilen: “Hawa, şaýatlyk zatlar bar” diýip goýaýsak, bärden gaýdylar. Şoňa görä-de, ozaly bilen Bendensen obasy bilen Çukur obasynyň arasyndaky giň düzlügi “Meşrepiň düzi” diýen ady göterýär. Dawalaryň düzünden günbatar gidýän düzlükde şol duşman patyşasynyň soňky maslahatynyň netijesinde gyza jeza bermäge ugradylan ýer bolany üçin, oňa şu wagt hem “Margyzyň düzi” diýilýär. Galyberse-de, Gorganbaba diýilýän üstünde uly gonamçylyk öwlüýä bar. Şol

öwlüýäniň gonambaşysy şehit ölen patyşamyş diýýärler. Öwlüýäden onçakly daş bolmadyk ýerde şol adamalryň suw ýygnamak üçin guran küpüniň galyndysy hem saklanypdyr.

Eger-de kimde-kim makalany okap, Gorganbabany Türkmenistanyň kartasyndan tapmakçy bolsa, iriräk masştably kartalarda “Güjük” dýen ýazgyly beýikligi Bendesen obasynyň gabat günortasyndan taparlar.

Bu daga soňky wagtlarda “Güjük” adynyň dakylmagynyň sebäbiniň şol pajygaly wakadan soň bu ýurtda bir güjük diri galypdyr, ol güjüjek gudrat bilen soňam köp günler ölmän, eýeleriniň ýasyny tutup, uwlap oturypdyr. Bu ýurdy basyp alan patyşanyň halky hem şu ýerler-de ýaşamaga höwesek bolmansoň, köp ýyllaryň dowamynda geçip barýan birki ýolagçy bolaýmasa, bu ýere adamlar gelmändir. Şol seýrek ýolagçylar şu dagyň duşundan geçenlerinde, güjügiň çyňsaýan, üýrýän sesini has soňky wagtlar hem eşidipdirler. Käbir adamlaryň güwä geçmegine görä şu günler kä agşamlaryna şol dagyň üstünden adamlaryň aladaly sesleri we güjügiň çyňsaýan, üýrýän sesi eşidilýär diýýärler.

Ynha, şol sebäpden hem şol Gorgan dagynyň häzirki ýörgünli ady Güjükbaba bolup galypdyr.

## Edebiýat

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ősdürmegiñ ylmy esaslary. Aşgabat, 2007
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiñ ýurdy. Aşgabat, 2007
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam űçindir. Aşgabat, 2008
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ősűşiň täze belentliklerine tarap. 1-nji kitap, Aşgabat, 2008
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ősűşiň täze belentliklerine tarap. 2-nji kitap, Aşgabat, 2009
8. Atanyýazow S. Türkmenistanyñ toponomik sözlügi. A., 1970
9. Atanyýazow S. "Söz mülküne syýahat " Aşgabat 1985

10. Местные географические термины. Вопросы географии. Под ред.Е.М.Роспелова , 1990
11. Словарь географических названийСССР. М.,1968
12. Топонимика на службе географии.Вопросы географии. М.,1989
13. Роспелов Е.М. Школьный топонимический словарь. М.,1993.
14. Энциклопедический словарь географических названий. М.,1983
15. Магидович И.П. «Очерки географических открытий» М.1957

## M A Z M U N Y

Giriş.Geografik etlary we adalgalary öwrenmek……………..7

§ 1.Geografik atlaryñ ylmy ulgamda tutýan orny……………9

§2.Tebigat ylmynda ilkinji çeşmeler…………………………11

§3.Taryhy geografiýada geografik atlaryň tutýan orny……23

§4.Orta asyr we giçki taryhy döwürlerde geografiki atlar……38

§5.Toponimika we geçmişdäki landşaftlaryñ häsiýetleri……50

§6.Sandykly baba rowaýaty…………………………………..66

§7.Käbir toponimleriñ ilki başky döreýişleriniñ
taryhy döwürde özgerdilişi…………………………………70

§8. Käbir geografik atlar barada maglumatlar………………81

§9.Ýerli alamatlar we tebigy şertlere görä dörän
toponimler…………………………………………………87

§10.Toponimleriñ ýerli landşaftlara görä döreýişleri………...92

§11.Hojalyk we tebigy ýagdaýlary öwrenmekde
toponimleriñ tutýan orunlary. ……………………………98

§12.Ýerli tebigy agzalara degişli geografik atlar…………...102

§13.Geografik atlar we adalgalaryň öwrenmeginiñ
ugurlaryndaky ähmiýeti……………………………………..108

§14.Toponimleriñ terbiýeçilik ähmiýeti……………………112

§15.Geografik atlara Watançylyk terbiýe…………………119

§16.Dünýä geografiýa ylmyna adalga görnüşinde giren
türkmen toponimleri……………………………………129

§17.Geografik atlaryñ gelip
çykyşy……………………………………………………..133
§18.Jygalbegiň Görogla miras goýan ýurdy………………146
§19.Göroglynyň Çagdaly Çandybili Türkmenistanda…….152
§20.Gorganbaba-Güjükbaba ………………………………163
Edebiýat…………………………………………………173
Mazmuny………………………………………………. 175